Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TÜRKMEN DILI 10

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
10-njy synpy üçin derslik

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlenildi*



DAŞKENT – 2022

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO'K 811.512.164(075.3)
KBK 81.2(5Tur)ya72
N 24

**Düzüjiler:**

Güljemile Nazarowa, Gülnahal Arazowa, Halbike Arazkliçewa

**Syn ýazanlar:**

**S. Awezkliçewa** – GDU türkmen dili we edebiýaty kafedrasynyň mugallymy
**G. Atabaýewa** – Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtköl tümenindäki 21-nji mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy
**A. Amandurdiýewa** – Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtköl tümenindäki 10-njy mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy
**S. Durdiýewa** – Garagalpagystan Respublikasynyň Dörtköl tümenindäki 34-nji mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy

***Şertli belgiler***

– logiki we döredijilikli pikirlenmek
– okamak
– ýazmak
– soraglar we ýumuşlar
– özbaşdak işlemek
– türkmen diliniň düzgüni
– gürrüň ediň
– diňlemek
– topar bolup işlemek

Orginal maket we dizaýn konsepsiýasy «O'zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde taýýarlandy.

Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.

– goşmaça multimediýa programmasy üçin ýygyndy.

ISBN 978-9943-8455-6-5

© Respublikan tälim merkezi, 2022

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

## I BAP. SÖÝGI WE BIZ

1-nji ders: Söýgi we biz ..... 6
2-nji ders: Söýgi näme? ..... 11
3-nji ders: Watana söýgi ..... 14
4-nji ders: Hünäre söýgi ..... 17
5-nji ders: Bagt ..... 23

## II BAP. MEN JEMGYÝETIŇ BIR BÖLEGI

1-nji ders: Men jemgyýetiň bir bölegi ..... 32
2-nji ders: Jemgyýete näme howp salyp biler? ..... 34
3-nji ders: Watan küýsegi ..... 40
4-nji ders: Halkara Nowruz baýramy ..... 43
5-nji ders: Kim bolasyň gelýär? ..... 46

## III BAP. HUKUKDAN BORJUŇA ÇENLI

1-nji ders: Şahsyň hukuklary ..... 56
2-nji ders: Awtorçylyk hukugy ..... 60
3-nji ders: Gender deňligi ..... 64
4-nji ders: Şahsyň jogapkärçiligi ..... 67

## IV BAP. MEN WE BAŞGALAR

1-nji ders: Men-menlik – heläk edýän häsiýet ..... 74
2-nji ders: Köpçülikleýin medeniýet we biz ..... 78
3-nji ders: Köpçülikde özüňi alyp barmagyň medeniýeti ..... 82

## V BAP. RUHY TERBIÝE

1-nji ders: Arassa wyždan – kalbyň rahatlygy ..... 88
2-nji ders: Halallyk ..... 94
3-nji ders: Ýalan sözlemek ..... 100
4-nji ders: Gybat etmek ..... 103

## VI BAP. DILIM BAÝLYGYM

1-nji ders: Sözüň nepisligi ..... 110
2-nji ders: «Şahyr» sözüniň manysy ..... 116
3-nji ders: Jadyly söz ..... 120



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## VII BAP. YLYM WE TEHNOLOGIÝALAR

1-nji ders: Nobel baýragy....126
2-nji ders: Geljekdäki hünärleri saýlaň....130
3-nji ders: Hobel baýragynyň eýesiniň sözi....134
4-nji ders: Silikom düzlügi – ýokary tehnologiýalar watany....137
5-nji ders: Innowasion ösüş ministrligi barada....139
6-njy ders: Oýlap tapyşlaryň we açyşlaryň taryhy....142

## VIII BAP. BAÝ BOLSAM

1-nji ders: Pul....154
2-nji ders: Baýlyk we garyplyk, nädip pul gazanmalydygy hakda pikir edýäris....157
3-nji ders: Garyplyk sebäpleri....162
4-nji ders: Milliarderler hakyndaky hakykat....166
5-nji ders: Telekeçini milliardere öwüren hakykatlar....170

## IX BAP. KINO SENAGATY

1-nji ders: Seriallar we biz....178
2-nji ders: Serialyň ideologik täsiri....184
3-nji ders: Serialyň psihologik tasiri....187
4-nji ders: Edebiýat we kino milletimiziň medeniýetini ösdürmek....190
5-nji ders: Kino biziň medeniýetimiziň ösüşine nähili täsirini ýetirýär?....193

## X BAP. TEBIGAT WE YNSAN

1-nji ders: Älem we ekologiýa....200
2-nji ders: Gyzyl kitap....205
3-nji ders: Ekologik meseleler....208
4-nji ders: Ekologik medeniýet....212



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# I BAP

# SÖÝGI – ÖZI NÄME?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS

**1.1-nji ýumuş.** Aşakdaky tekst bilen tanyşyň.

## SÖÝGI WE BIZ



Söýgi näme-dünýä döräli bäri bar ýaly bolup görünýän we henizem birkemsiz jogap berilmedik sorag.

Ynsanyň ruhy medeniýetinde yşk hem-de söýgi belli bir many halatlarynda bir-biri bilen doly gabat gelýän bolsa-da, olar umuman, tapawutlandyrylmaly düşünjelerdir.

***Söýgi***

**Gowy görmeklik, halamaklyk duýgusy yşk.**

Şol wagt öz söýgüsine hyýanat eden Mähriniň suraty onuň gözüniň öňüne geldi.

*A. Gowşudow «Mähri – Wepa»*

**Bir zat hakynda döreýän isleg, arzuw, meýil.**

Onuň okuwa bolan söýgüsi gün-günden ardýardy.

***Yşk***

**Birine ýa-da bir zada bolan içki ýakynlyk duýgusy, söýgi, mähir.**

Enelik mähridir mähirleriň köşgi,
Ene bolmadyklar bilmez bu yşky.

*Žurnaldan*

***Muhabbet***

Birine ýa-da bir zada bolan söýgi, yşk.
«Ýalňyz muhabbetim sensiň» diýerdim.

*R. Seýidow «Bagtlylar»*

Söýginiň esasy aýratynlygy onuň gizlinligidir. Iki taraplaýyn duýgy, duýgularyň sataşygy söýginiň hylwat meýdanynda bolup geçýär. Hylwatlyk özgeler üçin, daşky dünýä üçin, ýaşyrynlygy diňe iki adamyň baryp bilýän ruhy giňişligini tutýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Aşyga ne döwrandyr, hylwat ýerde gowuşmak
*Magtymguly*

Biziň tutan işimiz illerden özge bolsun.
*Kemine*

Çöl ýerlerde zaryn-zaryn aglaly
*Zelili*

Dostlar, bu gün görüp, ýadyma düşdi,
«Ýar-ýar» diýip Mežnun bolan ýerlerim
*Seýdi*

Danyşsak hylwat ýerde, dilleriň ne ajaýyp.
*Mätäji*



Elbetde, şahyrlaryň eserleriniň tekstinden pikir ýöretseň, gürrüň diňe duşuşyk, wysal ýerleri hakynda barýan ýaly. Emma biz tekstiň aňyrsyndaky ruhy anyklygy-da görmäni başarmalydyrys.

Söýgi ylhamy öňünden kesgitläp, ölçäp-biçip bolmaýanlygy bilen döredijilik ylhamyna meňzeşdir. Şahyr näçe urunsa-da, näçe özelense-de, käbir ýagdaýda ýeke setir hem ýazyp bilenok. Gaýta ol özüne, zehinine buýurjak, ýazdyrjak bolup agram salýar.

Ýogsam, göräýmäge, nämedir bir zat döretmek üçin ähli gerekli zatlar: pikir hem, döretmek islegi-de, sagdyn hem dynç bedendir kelle-de, boş wagt hem bar. Emma hiç ýazyp bolanok. Bu zatlar ynsanyň öz erkine bagly zat däldir. Söýgi hem edil şeýle duýgudyr.

1. Siz söýgi, yşk, muhabbet sözlerine nähili düşünýärsiňiz?
2. Bu sözleri eşideniňizde kim ýa-da näme göz öňüňize gelýär?
3. Näme üçin söýgi döredijilik ylhamyna meňzedilýärkä?

**1.2-nji ýumuş.** Söýgi romanyndan alnan bölegi diňläň. Soňra tebigatyň keşbini suratlandyrýan setirleri tapyň we olary söz düzümi görnüşinde depderiňize ýazyň.

## AMAN KEKILOW
## «SÖÝGI»

*(romandan bölek)*

Gyş ýeňsäni berip, ummana gaçdy,
Gün ýagty şöhlesin äleme saçdy.
Eredi ak garlar ala daglarda
Zeminiň bezegi – gara baglarda,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Açyldy al-ýaşyl, reňbe-reň güller,
Şahasynda jak-jak urýar bilbiller.
Tämiz ýaz şemaly öpýär ýüzüňi.
Aýlanyňda çar tarapa gözüňi,
Şähdiň açýar janly görnüş her ýanda,
Gök mahmala giren gözel meýdanda.

Ýylyň şu paslynda kolhoz obasy
Uly-kiçi iş üstünde gabasy.
Gün dagyň gerşinde göwresin sallap,
Göýä hoşlaşýan dek gollaryn bulap,
Bulut arasyndan şöhle saçanda,
Barha bizden arasyny açanda,
Kolhozçylar işden çykyp kem-kemden
Öýe tarap ýüzlendiler her ýerden.
Mal-garalar ýatagyna ýygnalýar,
Asudalyk bilen oba dem alýar.

Şu gözel obany deň iki bölüp,
Dag etegin syryp aşaga inip,
Towlanyp, tolkunyp akýardy bir ýap,
Kenary gül açan göýäki Lebap.
Kölge peşanasyn gören agaçlar,
Asmana ýetsem diýip uzadyp başlar.
Her haýsynyň gör näçe ýyl ýaşy bar?-
Ata-babamyzdan galan ýadygär.
Ýel gelende iki ýana urulýar,
Salgym atyp uzak ýerden görünýar.

Bir hatar öý ýakynynda şu ýabyň,
Bag içinde, merkezinde obanyň,
Uzak ýyllar mesgen tutup ýaşardy
Gelin-gyzlar şu ýapdan suw daşardy.
Iňrik garalanda, şapak ýaşanda,
Mal-gara ýygnanyp oba aşanda.
Çykdy şol hatardan küýzeli bir gyz,
Kimligi, okyjym, mälim däl heniz.
Gelýär ol sallanyp, garaman daşyn,
Käte ogryn-ogryn göterip başyn.

***Eserden alnan bu bölekde nämelere söýgi döredilýär?***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1.3-nji ýumuş.** Tekst esasynda aşakdaky maglumatlaryň dogry ýa-da nädogrydygyny anyklaň we depderiňize ýazyň. Soňra «hylwat» sözüni fonetik derew ediň.

D — Yşk gowy görmeklik, halamaklyk duýgulary söýgi bolup bilýärmi? — N

D — Setirlerde berilýän «hylwat» sözi her setirde aýry-aýry manylary aňladýar. — N

D — Öňden kesgitläp, ölçäp bolmaýanlygy bilen söýginiň dö-redijilik ylhamyna meňzeşligi. — N

**Lingiwistika** – latyn sözi bolup, lingua – dil, wistika – öw-renýärin, ýagny dil hakdaky ylym, dil ylmy, dilçilik diýen manylary aňladýar.

Lingiwistika şu aşakdaky terminleri öz içine alýar:

| | | | |
|---|---|---|---|
| Grammatika | fonetika | orfografiya | orfoepiýa |
| leksika | affiks | sufiks | assimilýasiýa |




Söýginiň ýaşamagy we başgalaryň ony duýmagy üçin onuň alamat-laryndan habarly bolmaly.

Hakyky söýginiň üç sany alamaty bardyr. Olaryň birinjisi ***ideg etmek-dir***. Ideg bolmasa, söz beýan edilen söýgi hakyky söýgi däldir. Ol özüň we başgalaryň öňündäki aldawdyr. Hereketler bilen sazlaşmaýan söýgi baradaky sözleriň hiç-hili manysy we netijesi ýokdur. Kişi siziň ýakynl-ygyňyzy duýmaly. Oňa goldaw bermeli. Iň esasy hem her bir zada ak



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýürekden ýapyşmaly. Söýgi sözde däl-de özendedir. Bu kada durmuşyň her bir ulgamynda öz hökümini ýöredýär: söwdada, syýasatda, maşgalada, esasan hem biz mugallymlaryň wezipesi bolan okuw-terbiýeçilik işinde-de.

Söýginiň ikinji alamaty ***diňlemekdir.*** Gürrüňdeşimiziň aýdýanlaryny üns bilen diňlänimizde, söýgimiz many tapýar. Üstünlik gazanyp, çeken azabymyzyň miwesini görmek üçin çagalaryň pikirlerini we aýdýan zatlaryny arman-ýadaman diňlemek okuw-terbiýe işiniň esasy ýörelgeleriniň biridir. Onuň sözüne gulak asmak we gadyr goýmak hakyky dostlugyň gözbaşydyr. Sebäbi diňlenmeýän, pikirlerine üns berilmeýän adam özüni «çetleşdirilen» ýaly duýýar.

Söýginiň üçünji alamaty bolsa ***ähmiýet bermekdir.*** Okuwçylarymyzyň üstünliklerine ähmiýet berip, «berekellasyny» ýetireniňizde, hem olara bolan söýgiňizi bildirýärsiňiz hem-de olary durmuşa taýýarlaýarsyňyz. Şeýlelikde, sizden alan goldawy bilen olaryň höwesi has-da artýar. Ähmiýet berildigiçe, has gowy bolmak, has köp üstünlik gazanmak üçin ynam we isleg döreýär. Söýülmegiň iň aýdyň nyşany saňa ähmiýet berilmegidir. Ylaýta-da, okuw-terbiýeçilik işinde çagalara islendik ýagdaýda ähmiýet berilmelidir.

1. Bagt we söýgi diýilýän düşünjelere nähili garaýarsyňyz?
2. Üstünligi gazanmagyň ýollary nämede diýip düşünýärsiňiz?

**1.4-nji ýumuş.** Tekst esasynda aşakdaky test soraglarynyň dogry jogabyny anyklaň.

| Söýginiň hiç haçan şowsuzlyga uçramazlygy üçin zerur bolan üç alamaty haýsy hatarda dogry görkezilen? | |
|---|---|
| A | Kişi siziň oňa ýakynlygyňyzy duýmagy, oňa goldaw bermegiňiz, ideg etmegiňiz. |
| B | Ony elmydama diňläp bilmegiňiz, pikirleri bilen ylalaşmagyňyz, hemişe gadyrlamagyňyz. |
| S | Onuň üstünliklerine ähmiýet bermegiňiz «berekellasyny» ýetirmegiňiz, kemçiliklerini geçirmegiňiz. |
| D | Ony ideg etmegiňiz, düşünmegiňiz we hemişe ähmiýet bermegiňiz. |

**1.5-nji ýumuş.** Söz üýtgediji goşulmalaryny kabul eden sözlerden 10 sanysyny göçüriň we ony morfologik taýdan derňew ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 2-NJI DERS

**2.1-nji ýumuş.** Aşakdaky goşgy setirlerini diňlemek arkaly nädogry beýan edilen sözleri tapyň we dogry sözleri goýuň.

## SÖÝGI NÄME?

«Söýgi näme?» – diýip soradym Hozdan,
Ol diýdi «Söýgimi gidirip goldan,
Örtenip, miwesiz galdym men, guzym
Indi miwäm ýok-da,
Boýum bar uzyn».

«Söýgi näme?» – diýip soradym Taldan,
Tal diýdi: «Ýeňilip bir ajap gyzdan,
Gabygym gatady, çürüşdi maňzym,
Ondan beýlesinem
Özüň bil oglum!»

Söýgi näme diýdim, bir Serçä,
Ol diydi: «Sataşyp yşk diýen ugra,
Garalyp galdym men: bişirdi hazan,
Edil pamyk ýaly ak guşdym ozal».

«Söýgi näme?» diýip ýüzlendim gara garga,
Ol diýdi: «Entedim gijeden gijä,
Agrammy mysgala getirdi yşkym.
Men ozal dünýäde
Iň uly guşdum».

«Söýgi näme?» diýip zynjyrly Gyza,
(Pikirini bilmek aýyp zat däl-ä!)
Gyz jogap berdi elhenç ses bilen:
«Men, men, men...
Ynha, Söýgi men!...»

«Söýgi näme?» diýip bir ajap Dälä,
Ol iki elini uzadyp yza,
Diýdi: «Söýgi meniň edebim, haýam.
Ýogsa şol ýigidi
Guçardym eýýäm!»
«Söýgi näme?» diýdim Şahyra garap.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şahyr bir ýylgyrdy kellesin yrap.
Diýdi: «Sorag bar-da, jogap ýok yşga,
Jogap bir başgadyr,
Söýgi bir başga!»

**2.2-nji ýumuş.** Söýgi näme goşgusyndan alnan sözleriň manydaş sözlerini tapyp ýazyň. Nätanyş sözleri düşündirişli sözlükden yzarlaň.

tal | pamyk | mysgal | entedim
dälä | gyza | elhenç
kellesin | ýylgyrdy | edebim | haýam

**2.3-nji ýumuş.** Aşakdaky tekstiň mazmunyny gürrüň ediň.

## SÖYGÜŇ DURMUŞDAKY ORNY

Adamlar bilen gatnaşygymyzy gowulandyrmak üçin iň ygtybarly daýanjymyz bolan söýgini biz nä derejede peýdalanyp bilýäris?

Söýginiň çäginde ýa-da töwereginde hiç hili ýaramaz duýgudyr pikir bolmaýar. Söýgi ynsanyň kalbyna hyzmat edýän pamyk ýaly päkizeligi we ýumşaklygy, güller deýin gözelligi öz içine alýar.

Söýgi kä biriniň başyny sypamak, kä arkasyny kakmak, kä ýylgyryp seretmek, kä gamgyn çagajygyň ýaňagyndan ogşamak, kä başgalaryň kemine göz ýummak, kä kynçylyga we aýralyga döz gelmek, käte bolsa ýakymly sözler bilen nähoşlaryň göwnüni götermek hem-de hormat goýmakdyr.

Söýgüde akýüreklilik, pespällik, birek-birege goldaw, sylag we ýagşylyk bardyr. Söýgüde gaty görmek, öýkelemek, göwün etmek ýokdur.

Söýgi ýakymlylyk, geçirimlilik we sabyr bilen gurşalandyr. Onda sowuklyk däl, ýylylyk; aýralyk däl, agzybirlik bardyr. Adamyň eý gören zady oňa gülzarlyk ýaly täsir etse-de, kişi halamadyk zadyny indemezlik bilen bir hatarda ýigrenmäge-de ýykgyn edýär. Şonuň üçinem, adamlar bilen gatnaşygymyzda süýji dilli, güler ýüzli, ak ýürekli bolalyň.

Ýalandan, ýasamalyklardan uzak we päk bolan hakyky söýgi daglary-daşlary dyza çökerip biljek güýje eýedir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Maşgalamyza, goňşularymyza, okuwda we işde gatnaşýan adamlarymyza mähir görkezip, olaryň göwünlerini göterip bilýän bolsak, bu biziň üçin uly bagt!

Içi-daşy deň we dogry bolan ägirtleriň mertebesine ýetmek isleseň, senden elini çekene eliňi uzatmak, senden gysganana eçilmek, saňa ejir çekdireni bagyşlamak gerek.

Bu durmuşda biz tükeniksiz arzuw-hyýallaryň we haý-höwesleriň yzynda selpäp, bir pikirden başga pikire bökýärkäk, öz isleglerimizi amala aşyrmak üçin adamlary ynjytmagyň deregine, hakykat derýasyna çümmeli, täze-täze adamlar bilen tanyşmaly, söýgä mätäç ýürekleri mähir bilen çoýmaly we bakylyga uzap gidýän dostluk gatnaşyklaryny ýola goýmalydyrys. Ýagny biziň maksadymyz we işimiz göwne degmek däl-de, göwün götermek bolmaly.

Güni, Aýy, deňzi söýmek; agaçlary, gülleri, miweleri söýmek; aryny, balyny we petegini söýmek her bir adamyň oňarjak işi. Emma esasy zat ynsany söýmek dälmi eýsem?! Adamy söýüp bilmek ýeňil-ýelpaý iş däldir. Hawa...Adamlaryňam gowy taraplaryny görüp, söýmegi başarýarysmy?!

1. Siziň pikriňizçe söýgi näme? Ol diňe iki ynsanyň (ýigit bilen gyzyň) arasyndaky özara ýakymly duýgymyka?
2. Durmuşda adamlaryň bir-birine bolan gatnaşyklarynda söýginiň nähili ähmiýeti bar diýip düşünýärsiňiz?
3. Hakyky söýgi nähili güýje eýe bolup bilýär?
4. Sen beýik ägirtleriň mertebesine ýetmek üçin nähili häsiýete eýe bolmalysyň?

**2.4-nji ýumuş.** Aşakdaky ýumuşy ýerine ýetiriň.

| Berilen pikirleriň tekst esasynda dogry ýada nädogrydygyny anyklaň. | | | |
|---|---|---|---|
| T/s | Düşünjeler | Dogry (A) | Nädogry (B) |
| 1 | Söýgi ýakymly sözler bilen nähoşlaryň göwnüni götermek hem-de hormat goýmakdyr. | | |
| 2 | Söýgide akýüreklilik, pespällik, birek-birege goldaw, sylag we ýagşylyk ýokdur. | | |
| 3 | Hakyky söýgi daglary-daşlary dyza çökerip biljek güýje eýedir. | | |
| 4 | Maşgalamyza, goňşularymyza, okuwda we işde gatnaşýan adamlarymyza mähir görkezmek biz üçin bagt däldir. | | |
| 5 | Biziň maksadymyz we işimiz göwne degmek däl-de, göwün götermek bolmaly. | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.5-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden söz ýasaýjy goşulmalary kabul eden sözleri tapyp göçüriň we lingiwistik terminleriň hyzmatyny düşündiriň.

# 3-NJI DERS

**3.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we birinji abzasdaky sözlemleri grammatik taýdan derňew ediň.

Adam üçin howa, gün, suw, çörek, ata-ene näçe eziz we mukaddes bolsa, Watan hem şonça mähribandyr. Watan ene toprakdan başlanýar.

Ýatda saklaň, Watana bolan söýgi ata-enä, aga-inä, dogan-jigilere, dost-doganlara bolan mähir bilen goşulyşyp gidýär. Diňe bir adam däl, hatda guşlar hem öz ýurtlaryny küýseýärler. Agaçdyr daragtlar öz ýurtlaryny küýseýärler. Aýtmaklaryna görä, Amerikada müň ýyl ýaşaýan daragt bolar eken. Fransuzlar ony höwes bilen öz ýurtlaryna getirip ekipdirler. Nahal ösüp göge galypdyr.... Ýyllar geçip bag tokaýa öwrülipdir. Emma aradan otuz-kyrk ýyl geçensoň, garaşylmadyk waka bolupdyr: suw içip gülläp-ösüp duran daragtlar öz-özünden gurap galypdyrlar. Alymlar pelaketiň sebäplerini gözläp başlapdyrlar. Ony anyklanlarynda, haýran galyp ýakasyny tutupdyrlar. Bu daragtlar guran mahalynda Amerika kontinentinde gurakçylyk bolan eken. Ol ýerdäki şu sortly daragtlar hem gurap galan eken. Şonda alymlar bir-birlerinden ep-esli uzakda bolan daragtlary birleşdirýän nähilidir güýç, nähilidir syr bar eken, diýen netijä gelipdirler. Gördüňizmi, aklymyz ýetmeýän bu syrly arabaglanşygy diňe Watan duýgusy bilen düşündirmek mümkin. Daragt-a, daragt. Allatagala dil-u zyban, aň-pikir beren adam üçin Watandan artyk mähriban barmy?!

Watan ene ýaly ýeke-täkdir. Ýeke-täkligi bilen mukaddes we hormatly, ýeke-täkligi bilen bibaha we deňi-taýsyzdyr.

1. Siz uzak wagt dowamynda öýüňizden ýa-da obaňyzdan daşarda bolup gördüňizmi?
2. Şonda sizde nähili duýgular peýda boldy?
3. Göz öňüne getiriň, eger siz Watanyňyzyň suratyny çekmeli bolanda nämeleri teswirlärdiňiz?

**3.2-nji ýumuş.** Ýokardaky tekste sözbaşy goýuň. Soňra özbaşdak many aňladýan söz toparlaryna degişli bolan sözleri aýry-aýry ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**ŞEÝLE HEM LINGIWISTIKA GRAMMATIKA BILEN BERK BAGLANYŞYKLYDYR.**

**Grammatika** – grekçe grammatike-«ýazuw, harplar»




**Morfologiýa** grekçe morphe-«şekil»+logos-taglymat, ylym

**Sintaksis** grekçe sintaxis-düzülme, gurama, ýasalma

**3.3-nji ýumuş.** «Watan mukaddes» diýen düşünjäni tekstiň mazmuny bilen baglap döredijilikli gürrüň ediň.

**3.4-nji ýumuş.** Tekstdäki 4-nji şemiň ynsan durmuşyndaky orny barada öz düşünjäňizi beýan ediň.

## ŞEM

Dört sany şem ýalpyldap ýanýardy.

Töwerek şeýle bir ümsümlik welin, şemleriň sesine çenli eşidilýärdi.

**Birinji şem: – Men PARAHATÇYLYKDYRYN!**

Adamlar meniň bolan ýerimde parahat, rahat ýaşar. Emma nädeýin, hiç kim meniň öçmän ýanyp durmagyma kömek etmeýär. Her ýerde uruş, dawa-jenjel. Göwnüme bolmasa, tiz wagtdan sönerin – diýdi.

Onuň ody çalt peseldi-de birdenem söndi...

**Ikinji şem: – Men WEPADARDYRYN!**

Men dost dünýesinde ösýän bir güldirin. Söýgi we adamkärçilik bagynda boý alyp, gunça açýaryn. Meniň bar ýerimde ýalňyzlyk gider, damja derýa, derýa ummana döner. Emma meniň gadyrym azaldy.

Gadrymyň ýok ýerinde ýanyp durmagymyňam manysy ýok. Şem sözüni tamamlap tamamlamanka pessaýja öwsen şemal ony hem söndürdi.

**Üçünji şem: – Men SÖÝGÜDIRIN!**

Dünýä gelen her barlykda meniň yzymy görersiňiz. Meniň bilen bitewleşen ruhlar belentliklere ýeter.

Çaga söýgi we mähir gujagynda rahatlanar. Güneşiň daş-töweregin-de-de söýgi yzlary bardyr. Gülälekler söýgi bilen ygşyldaşarlar. Ynsan göwnüni awlamagyň iň anyk ýoly söýgidir. Nädeýin, ýanara halym galmady. Adamlar meni unutdy. Gadyr-gymmatyna düşünmeýärler. Iň ýak-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

yn adamlaryny hem söýmegi unutdylar – diýdi. Uzaga çekmän ol hem sönüp gitdi. Birden... Otaga bir çaga girdi-de şemleriň üçüsininem sönönini gördi. Çagajyk: – Näme üçin ýanmaýarsyňyz? Siz zamana ahyryna çenli sönmän ýanmaly dälmidiňiz? – diýip, gözlerinden boýur-boýur ýaş dökdi.

**Şol pursat dördünji şem söze başlady:**

– Gorkma, men ýanyp dursam, beýleki şemleri täzeden ýakyp bileris. Maňa **UMYT** diýerler.

Meniň bar ýerimde her kes, her jemagat direler. Aşylmajak ýaly görünýän belentlikler meniň bilen açylar. Adamlar ömrüň aňyrsyndaky Gudraty soňsuza ýakynlaşar. Pakligiň, tämizligiň durulygyň simwoly bolan çagajyk nurly gözleri bilen **UMYT ŞEMINI** eline aldy-da beýleki şemleri ýeke – ýekeden ýakdy...

**3.5-nji ýumuş.** Tekstden alnan aşakdaky test soraglaryny tapyp, depderiňize ýazyň.

**Birinji sorag**. Birinji sütünde tekstde aýratynlandyrylan sözler berlen. Ikinji sütünden şu sözleriň antonimi bolup biljek bölekleri anyklaň we bilelikde depderiňize ýazyň.

| | |
|---|---|
| A. Parahatçylyk<br>B. Wepadarlyk<br>S. Söýgi<br>D. Umyt | A. Ýigrenç<br>B. Umytsyzlyk<br>S. Rahatlyk<br>D. Dawa-jenjel, uruş<br>E. Biwepalyk |

**Ikinji sorag**. Gorkma, men ýanyp dursam, beýleki şemleri täzeden ýakyp bileris. Berlen sözlemiň görnüşini anyklaň?

A. Ýönekeý sözlem
B. Goşma sözlem
S. Deňdeş agzaly ýönekeý sözlem
D. Şert eýerjeňli goşma sözlem
E. Ýaýraň ýönekeý sözlem

**Üçünji sorag.** Berlen pikirleri tekst esasynda dogry ýa-da nädogry ekenligini degişli sütünde görkeziň.

| T/s | Düşünjeler | Dogry | Nädogry |
|---|---|---|---|
| 1 | Adamlar meniň bolan ýerimde parahat, rahat ýaşar. | | |
| 2 | Meniň gadrym belent. | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | | | |
|---|---|---|---|
| 3 | Meniň bilen bitewileşen ruhlar belentliklere ýetmez. | | |
| 4 | Meniň bar ýerimde her kes, her jemagat direler. | | |

| **Dördünji sorag.** Tekstde haýsy sözleriň ýazuw düzgüninde ýalňyşlyk bar. (Ilki sözüň tekstde ýalňyş ýazylan görnüşini, soň şu sözleriň dogry ýazylyşyny görkeziň. Tekstde 6 sany ýalňyş ýazylan sözi tapyň.) | |
|---|---|
| Teksdäki ýalňyş ýazylan söz | Sözüň dogry ýazylyşy |
| Göwnüme | göwnüme |
| | |
| | |
| | |
| | |

| **Bäşinji sorag**. Tekstde getirilen anyk fakt (delil) söz ýazyň. (10-15 sany söz) |
|---|
| |
| |
| |
| |
| |

**3.6-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden çekimli sesleriň sazlaşygyna boýun egýän sözleri saýlap göçüriň.

## 4-NJI DERS







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





**4.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we onuň mazmunyny gürrüň ediň.

## HÜNÄRE SÖÝGI

Ynsany bezeýän zatlaryň biri-de onuň hünäridir. Adam zähmete ýaşlykdan uýgunlaşan bolmaly. Çagalykda öz güýjüniň ýetýän işi bilen meşgullanyp zähmete uýgunlaşmasa, ulalandan soň oňa iş öwretmek, işletmek kyn bolýar. Beýik Magtymguly Pyragynyň «Ulalanda iş hoş ýakmaz, ýaşlykdan köýmän ýigide»diýen setirleri diňe bir oglanlara degişli däl. Uly gyzlarymyzyň iňňä sapak dakyp bilmeýänleri-de bar ýa-da, ýönekeýje tagamlary taýýarlap bilmän, ejelerini azara goýup ýören gyzlaryň ýüzleri gyzarmaly bolýar.

Ýaşlar mekdep döwründen «men geljekde nähili adam bolup ýetişmeli?. Haýsy hünäri başararyn?» diýen ýaly soraglara jogap gözlemeli. Eger mekdepde öwredilýän bilimleri, hünärleri yzygiderli özleşdiren bolsa, oňa hünär saýlamak kyn düşmez. «Ýigide mün dürli hünär hem azdyr» diýlişi ýaly, durmuşda peýdasy degäýjek hünärleri öwrenseňiz, olaryň size hiç wagt zyýany degmez. Meselem, oglanlar elektrik enjamlaryny bejermek, gurluşyk bejeriş işlerinden baş çykarmak, ulag sürmäni öwrenmek, kompýuterde işlemek, ekin ekmek, telekeçilik, gyzlar tikin işleri, haly dokamak, saçak bezemek ýaly hünärleri mekdep ýyllaryndan öwrenmeli. Şonda «Hünärli ýigit hor bolmaz» diýlişi ýaly nirede bolsaňyz-da, hünär sizi goldar, hor etmez.

Mekdebi tamamlan her bir oglan, gyz durmuşda özüniň ornuny tapmalydyr. Ornuňy tapmak diýmek, öz başarnygyňa, zehiniňe, ukybyňa laýyk kär saýlamagy aňladýar. Mysal üçin, lukmançylyk ugrundan okamakçy bolsaň, ilki bilen özüňde lukmançylyk hünärine söýgi, höwes bolmaly. Soňra özüňde ukyp, başarnyk endiklerini terbiýelemeli, hünäri ylmy nukdaýnazardan öwrenmeli. Mugallymçylyk kesbinde bolsa, şägirdiniň kimdigine garamazdan, oňa ak ýürekden sowat, terbiýe bermeli. Mugallym ýöne ýere bagbana deňelenok. Bagban öz eken nahalynyň kök alşyna, ösüşine syn edip begenişi ýaly, mugallym-da öz okuwçysynyň her bir üstünligine, aň-düşünjesine, abraýyna guwanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Beýik Magtymgulynyň «Ulalanda iş hoş ýakmaz, ýaşlykdan köýmän ýigide»diýen setirlerine siziň garaýşyňyz.
2. Saýlajak käriňize bolan söýgüňizi beýan ediň.
3. Döwletimiziň Prezidentiniň her bir ýaş nesliň orta mekdepde belli bir hünäri öwrenip çykmaklygy baradaky aýdan pikirleri esasynda siziň mekdebiňizde nähili işler ýola goýulan?

**4.2-nji ýumuş.** Tekstden alnan sözlemdäki sözleriň haýsy söz toparyna degişlidigini anyklaň we jedweli dolduryň.

| Mekdebi tamamlan her bir oglan, gyz durmuşda özüniň ornuny tapmalydyr. | |
|---|---|
| at | mekdep |
| sypat | |
| san | |
| çalyşma | |
| işlik | |
| hal | |

## Topar bolup işleýäris

**4.3-nji ýumuş.** Toparyňyz bilen aşakdaky suratlaryň durmuşdaky ähmiýetini ara alyp maslahatlaşyň we pikiriňizi beýan ediň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4.4-nji ýumuş.** Häzirki döwürde iň ýörgünli kesp-kärler barada maglumat ýazyň. Ýazan tekstiňizde orfografik we orfoepik düzgünleriniň saklanyşyny berjaý ediň.

**4.5-nji ýumuş.** Teksti okaň we düşünjäňizi dilden beýan ediň.

## WEPALYLYK

Dostluk gatnaşygynda iň zerur edep dosta wepaly bolmakdyr. Wepalylyk nämede jemlenýär?! Ilki bilen-ä dostuň bilen hüý-häsiýetiň deň gelmeli. Eger häsiýetiň deň gelmese onda, ol dostluk uzak gitmeýär. Adam başynyň gamly güni dosty küýseýär. Onuň göwünlik beriji hoşamaý sözüne garaşýar. Şol pursat hakyky dostlugy ýüze çykarýan döwürdir. «Dost agyr günde gerek» diýip, ýöne ýere aýdylan däldir.

Hakyky dost adama gamly günde ýardam berip eseldip biler, ýasama dost hyýanat edip peseldip biler. Ýakyn adamyň her bir ýerlikli sözi melhem bolup, gamly ýüregi köşeşdirýär. Beýik şahyr Magtymguly öz döredijiliginiň belli bir bölegini ynsan gatnaşygy baradaky tema bagyşlapdyr.

*Hoş günüňde hoşlaşyban gezmäge,*
*Baryşmaga, gelişmäge ýat ýagşy.*
*Gamly günüň galmagalyň üstünde,*
*Gardaş ýagşy, dogan ýagşy, zat ýagşy.*

Adam öz häsiýetindäki aň-düşünjesindäki ýetmez ýerlerini dostundan alan görüm göreldesi bilen doldurýar. Ýalançylykda dosta biwepalyk etmek duşmançylykdan hem erbet görünýär. Eýsem dostlugyň arasyndaky biwepalyk näme bolup biler? Dostuň syryny paş etmek, ony ýerliksiz deliller bilen ýamanlamak ýa-da töhmet atmak, zadyny ogurlamak, göripçilik etmek we şuňa meňzeşler diňe bir türkmen halkynda däl, ol hemme milletde hem erbet görülýän häsiýetdir. Wepaly dost bolsa, seniň syryňy öz syry ýaly gizlin saklaýar.

Keý Kowus özüniň «Kowusnama» kitabynda dostluk hakynda birnäçe pikirleri öňe sürüpdir. Hemme wagt dost tutunmagy endik ediniň, çünki her kişiniň dosty köp bolsa, onuň aýplary hem äşgär bolmaz, abraýy köpeler. Emma täze dost tapanyňda, köne dostdan geçmegin.

Il arasynda «Dost dostuň aýbyny ýüzüne aýdar» diýen pähimiň bardygyny ýatlap durmaly. Ol seniň göwnüňe degmezlik üçin, ýalňyşyňy aýtmanam biler, emma wagtynda biri duýdurmasa, onda-da janköýer dostuň bu barada dymsa, ol ýalňyşy seniň ýene-de gaýtalamagyň mümkin. Soň ol ýalňyşlyklar endige öwrülip, uzagyndan hukuk jenaýatlaryna ýazmagy-da daş däldir. Ynha, synpda algebra dersinden barlag işi geçirilýär. Sen meseläni derrew işläp bolýarsyň, emma dostuň bolup oturyşyny göreniňde, onuň kynçylyk çekýändigini görýärsiň. Ol senden goldaw isleýär. Bu ýagdaýda sen nähili hereket etmeli. Dostuňa «kömek» edip,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

oňa meseläni işläp bermelimi ýa-da öz güýjüňe daýan diýmelimi? Kömek etmeseň, dostuň gaty görjek, göçürtseň, dostuň galp baha aljak. Geljekde-detaýýar aşyň eýesi bolup, elmydama süýrege mätäç bolup galmagy mümkin. Diýmek, iki çykgyt hem oňlanylýan netije däl. Bu ýerde üçünji ýol gerek. Ol bolsa, dostlugyň hakyky bolsa, oňa öz wagtynda meseläni işlemegiň düzgünlerini öwrenmäge kömek etmeli. Şu soňky ýoly saýlan dostlar hakyky dostlardyr.

Dost umumy tanyşlaryň içinden saýlanyp tutulýar. Käwagt adam töweregindäki özi bilen oňat gatnaşyk edýän adamlaryň hemmesini dostudyr öýdýär. Emma tanyşlyk bilen dostluk diýen düşünjeler bir zat däldir. Bir baý adamyň ýekeje ogly bar eken. Ol oglanyň töweregini mydama ýoldaşlary gurşap alypdyr. Muňa eselen oglan dostlarynyň köpdügi bilen mydama magtanyp öwnüpdir. Hatda kakasyna-da: «Kaka, sen abraýly adam, üstesinede baý, emma seniň ýekeje dostuň bar. Emma men entek ýaşam bolsam dostlaryma seret. Olary sanap, aňyrsyna çykar ýaly däl» diýýär. Akylly baý ogluna hakyky dostluk barada her hili rowaýatlar, tymsallar aýdyp, ony akylyna aýlamakçy bolýar. Emma oglan kakasyny diňlemän, şol dostlary bilen keýpi-sapada boluberýär. Ogluny aňyna aýlamak üçin kakasy mekirlige ýüz urmaly bolýar. Ol oglunam ýanyna alyp, onuň dostlarynyň üstüne ýeke-ýekeden aýlanyp başlaýar. Baran ýerinde hem «Oglum atanlykda birini öldürdi, indi muny gandarlary gözleýärler. Oglumy duşmanlary köşeşýänçä, siz gizläp saklasaňyz» diýip haýyş edýär. Emma dostlary patyşanyň gazabyndan gorkup, oglany gizläp saklamagy boýun alyp bilmeýärler. Soň kakasy: «Meniň ýekeje dostum bar, ýör şony synap göreli» diýip, ogly bilen dostunyňka barýar. Baý ýagdaýy düşündirýär. Dosty: «Bä, ýaramaz iş bolupdyr. Ýöne seniň hatyraň üçin, men seniň ogluňy gizläp saklamaga taýýar» diýýär. Şu ýerde oglan hakyky dostlugyň nämedigine düşünýär. Kakasyndan ötünç soraýar we ýalýagysy «dostlaryndan» arany açýar. Kähalatda öz süýtdeş agaňa ýa-da iniňe aýdyp bilmeýän syryňy dostuňa aýdýaň, derdinişýäň. Dostuň seniň syryňy öz syry ýaly gizlin saklaýar. Öz gezeginde sen hem onuň syryny saklamagy başarmaly. Şony başarmasaň, töweregiňde syrdaş dost tapmarsyň. Şolar ýaly adamlar «Diýme syryňy dostuňa, dostuňam dosty bar» diýen nakylyň döremegine sebäp bolupdyrlar.

**Esse**

**Esse** – takyk tema boýunça şahsy pikirler, garaýyşlar ykjam ýazylan döredijilik işi. Ol köpçülikleýin görnüşde plansyz, her hili öwgülerden gaça durup ýazylýar.

**Argumentli esse** – beýle essede awtor haýsydyr meselede öz pozisiýasyny faktlar we subutnamalar bilen delillendirip bilýär. Ilki her iki tarap üçin faktlar getirilýär. Netijede güýçli ynandyryjy deliller bilen öz pozisiýasyny goraýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4.6.-nji ýumuş.** Aşakdaky berlen argumentli esse bilen tanyşyp çykyň.

***Mekdebi tamamlandan soň haýsy ýoldan gitmeli: Ýokary okuw jaýynda okamalymy ýa-da işe girmelimi?***



10-njy we 11-nji synplara çenli okuwçylar mekdepden soň durmuş hakda pikirlenip başlaýarlar. Käbir adamlar ýokary okuw jaýyna girmegi meýilleşdirýärler, käbirleri gysga wagtda iş we kär almagy makul bilýärler.

Maliýe ýagdaýy köpler tarapyndan göripçilik edilýän meşhurlaryň ýaşaýyş durmuşyny seljerip, olaryň käbiriniň birinji, beýlekisiniň bolsa ikinji ýoly görendigini görýäris. Şeýlelik bilen, iki tarapdanam üstünlik gazanmak mümkin.

Mekdebi gutaranyňyzdan soň işe başlamagyň birnäçe artykmaçlygy bar: maliýe durnuklylygy has çalt gazanylýar, maşgala guranyňyzda öz ofisiňiz we serişdäňiz bolar. Mundan başga-da, köp iş berijiler diplomlara garanyňda kärleri has gyzyklandyrýarlar. Mysal üçin, girdejili pudaklardan biri bolan maglumat tehnologiýasynda işleýänleriň köpüsiniň ýokary bilimi ýokdy.

Şeýle-de bolsa, meseläniň başga bir tarapy bar: käbir ugurlary diňe ýokary okuw jaýynda okamak arkaly özleşdirip bolýar. Hirurg, diş lukmany, terapewt bolmak isleseňiz, okaň. Döwlet edaralarynda oturgyç almak üçin diplom hökmany suratda talap edilýär. Mundan başga-da, talyplyk ýyllary altyn döwür: ýatdan çykmajak ýatlamalar, täze dostlar, ýakymly kynçylyklar ...Uniwersitetleriň köpüsine daşary ýurda gitmek mümkinçiligi bar. Iň esasy zat, okuwçy okuwy bilen birlikde işe girip biler. Munuň üçin hiç hili päsgelçilik ýok. Hem okap, hem işläp bilýän bolsaň, diňe iş saýlamagyň näme manysy bar?!

Ýokardaky faktlara we subutnamalara esaslanyp, mekdebi gutaryp, ýokary bilimde okamagyň zerurdygyna ynanýaryn...

Mysal we maglumatlaryňyza esaslanýan argumentli esse ýazyň. Aşakdaky temalardan birini saýlap bilersiňiz ýa-da özüňiz tapyp bilersiňiz. Esse göwrümi 170–250 sözden ybarat bolsun.

Siziň pikiriňizçe: dermanlary telewizorda reklama etmelimi ýa-da ýok?

Köpçülik adamlar labaratoriýalarda ylmy gözleg üçin haýwanlardan peýdalanmaga garşydygyny aýdýarlar. Siziň muňa pikiriňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Baýlar we garyplar birmeňzeş salgyt tölemegi dogry diýip hasaplaýarsyňyzmy?

Mekdep üçin birmeňzeş egin-eşik saýlamaga siziň garaýşyňyz nähili?

Küşt Olimpiýa oýunlary toparyna goşulmalymy ýa-da ýokmy?

«Samsung» ýa-da «Aýfon»?

## 5-NJI DERS

**5.1-nji ýumuş.** Tekstiň mazmuny bilen tanyşyň.

### BAGT

«Bagt» diýilýän düşünjä her kimiň öz nukdaýnazary, öz garaýşy bar. Meniňem adamlaryň pikirini inkär etmek ýa-da olaryň bu söze düşünişlerini bir galypa salmak niýetim ýok. Emma törde ojagymyzyň ýylysyny saklap oturan kalby namazlyk ýaly päkize enelerimiz barka, adam üçin iň uly bagt şolmyka diýýärin. Entek enesi dirikä, oňa hormat goýup ýaşamagy başarýan adam, dünýäde iň bir bagtly ynsandyr. Biz enelerimize ýöne ýere Käbäm enem diýmeýäris. Eneleri mukaddes Käbä deňeýänimiz üçin, olara şeýle ýüzlenýäris. Şonuň üçin her kişi öz eziz Käbesi, ak süýt beren eziz enesi ýanyndaka oňa hormat goýmaly.

Eneleriň danalygy, akyllylygy öz perzentleriniň geljekde adamzadyň durmuşyny özgerdip biljek beýik özgerişlere ýol açyp berýändigini durmuş hakykaty hem tassyklaýar. Mysal hökmünde «açyşlar genisi» hasaplanýan Tomas Edisona birinji synpda okaýarka mugallymy tarapyndan berlen haty okan ejesiniň ýagdaýyny we ogluna beren tesellisini görkezmek bolar.

Edison çagalygynda gyzylja keseli bilen agyryp, eşdiş ukyby gowşaklaşypdyr. Bu bolsa onuň mekdepdäki okuwyna täsir edipdir. Ony kemsidip, üstünden gülüpdirler. Mekdepde ol bary-ýogy üç aý okapdyr. Galan sapaklary bolsa öýde-enesinden alypdyr. Şeýdibem geljekki alym on ýaşynda öýüniň ýerdölesinde labaratoriýa açyp, himiýa, fizika ylymlaryny amaly sapaklar arkaly öwrenipdir. Ol boş wagtlarynda ylmy-tejribe kitaplaryny okapdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şeýlelikde nakal lampa, fonograf, telegraf, telefon we kinograf ýaly oýlap tapylmalary döredip bilen alyma enesiniň ruhy goldawy uly güýç beripdi.

*Žurnaldan*

1. «Bagt» düşünjesini nähili göz öňe getirýärsiňiz?
2. Ene näme üçin Käbä deňelipdir?
3. Siziň pikiriňizçe ynsana bagtly bolmak üçin köp zat gerekmi?!
4. Eger size bagt formulasyny çyz diýseler nämeleri teswirlärdiňiz?

**5.2-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden sözlemleriň gurluşlary boýunça bölünişlerine degişli 10 sany sözlem depderiňize ýazyň. Olaryň nähili ýasalandygyny anyklaň. Ýazan sözlemleriňizi morfologik taýdan derňew ediň.

Orfografiýa sözleriň we bölekleriň dürs ýazylyşy barada kabul edilen üýtgewsiz düzgünleriň jemidir.

**5.3-nji ýumuş.** Teksti okaň we aýratynlandyrylan sözleriň aýdylyşy bilen ýazylyşyndaky tapawudy düşündiriň.

## SÖÝGI WE DURMUŞ

Hupbatly söýgi diýen bir söz bar. Onuň esasynda: söýmek lezzetler bagynyň gülüni tirmek däldir, gaýtam, şol bagy yhlas bilen, elin ösdürip ýetişdirmekdir. Ony wawwaly ýaly aýap saklamakdyr diýen çuňňur many ýatyr. Söýgi hem döredijilikdäki we çaga terbiýelemekdäki ýaly, uly ahlaky hem-de gaýratly tagallalary talap edýär. Ondaky esasy zat durmuş idealyna wepalylygy, ruhy psihologiki we ahlak gatnaşyklarynyň päkligini kömek bermäge hemişe taýyn bolmaklygy, ilkinji orunda goýmagy başarmakdyr. Nikalaşmazlaryndan ozal biri-birlerini tüýs ýürekden **söýen** ýaly bolup **görnen** adamlar üçin maşgala durmuşynyň çekip-çydar ýaly bolman çykýan halatlary bolýar. Elbetde, maşgala durmuşy sene-menesiz bolmaýar, **ýöne** günüň-gününe bolup geçýän sene-meneler käte çekip-çydardan agdyk bolýar.

Söýgüde synap görmek bolmaz, diňe ynanmak gerek. Söýgüde wepalylyk-ynsan wyzdanynyň ölçegidir, sebäbi adamyň özüni alyp barşynda we ruhy psihologiki gatnaşyklarynyň şu sferasy bilen baglanyşykly etmişlerinde adam ilkinji nobatda öz-özüniň öňünde hasap okaýar. Goý gyzyň söýýän ýigidi başga bir gyz bilen tans etsin, goý, ol ony öýlerine eltip gaýtsyn, bu ýerde gorkup oturasy zat ýok. Hatda göwnüň ahlak borjundan **döneňkirleýän** wagty bolaýanda-da, hakyky adam şonda öz wyždanynyň öňünde horluk çeker. Ahlak borjy diňe bir ynam etmek bilen çäklenmeýär. Ol aktiw goşulyşmakda, söýülmäge mynasyp, ýöne häzirki wagtda ýalňyşýan adam üçin alada etmek-de ýüze çykýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Adamyň maşgala durmuşynda özüni alyp barşy, onuň hakyky keşbini görkezýär. Gynansak-da, belent ideýalar ugrunda göreşiji diýdirýän, emma maşgalada özüni ownukçyl, egoist, zalym alyp barýan adamlar bar. Şeýlelikde ýürekgysgynçlyk başlanýar: öň sähelçe aýralyga çydam etmeýän adamlaryň indi bir-birlerini göresleri gelenok. Şeýle adamlar tukatlykdan baş alyp çykmak üçin ähli tärlere ýüz urýarlar, gündelik durmuşlaryna nämedir bir şatlyk aralaşdyrmak isleýärler. Adamyň ruhy islegi näçe garyp boldugyça, ol ruh şatlyk çeşmesiniň gözleginde şonça çalt sandan çykýar. Şol sebäpli adam ruhy garyp ýagdaýa düşmezligi üçin onuň ahlak taýdan kämil terbiýeli bolmagy gerek. Sebäbi ahlak ynsanyň gowy häsiýetlerini özünde jemleýändir.

Ahlagymyzyň gözel we **owadan** bolmagyna terbiýäniň zor täsiri bardyr. Adam ýagşy terbiýe alyp, gözel gylyklara adatlansa ol bagtyýar adam bolup kemala gelýär.

1. Ýaşlygyndan terbiýesiz ösen adamlardan ýagşylyga garaşmak mümkinmi?
2. Maşgala agzybirligini saklamakda ahlak terbiýesiniň nähili ähmiýeti bar?
3. Siz tanaýan ynsanlaryňyzdan kimleri görelde almaga mynasyp diýip bilýärsiňiz?

**5.4-nji ýumuş.** «Söýgi we durmuş» teksti esasynda aşakdaky test soraglarynyň dogry jogabyny anyklaň.

| **Test 1.** Söýgi hem döredijilikdäki we çaga terbiýelemekdäki ýaly………. talap edýär | |
|---|---|
| A | uly jogapkärçiligi |
| B | uly ahlaky hem-de gaýratly tagallalary |
| S | bilimi, terbiýäni |
| D | tejribäni |

| **Test 2.** Söýgüde wepalylyk-ynsan............ölçegidir. | |
|---|---|
| A | terbiýesiniň |
| B | psihologiýasynyň |
| S | wyždanynyň |
| D | maddy baýlygynyň |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**5.5-nji ýumuş.** «Meniň söýgüli kärim» diýen temada öý düzmesini ýazyň. Orfografik düzgünleri berjaý etmegi unutmaň.

**5.6-nji ýumuş.** Aşakdaky tekstiň birinji abzasyny göçüriň. Morfologik taýdan derňew ediň.

## MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ GOŞGULARYNDA TÜRKMEN ZENANLARYNYŇ KEŞBI



Dünýä medeniýetine uly goşant goşup, türkmen halkynyň adyny arşa göteren beýik şahyrymyz hem akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň dürli temalarda döreden şygyrlary, dürli halklaryň dillerine terjime edilip, dünýä ýaýrady. Onuň sopuçylyk, liriki, pendi-nesihat, dini häsiýetli şygyrlary her bir adamyň kalbyndan uly orun aldy. Aslynda, türkmen halky gadym döwürlerden bäri hem zenanlara öýüň-ojagyň hudaýy hökmünde garapdyr. Biziň Watanymyzyň çäklerinde gadymy medeniýetleriň taryhy ýadygärliklerinden tapylan heýkeljiklerde zenanlaryň şekillendirilmegi-de muňa aýdyň mysaldyr. Türkmen halky aýal-gyzlara aýratyn sarpa goýýar. Biziň halkymyzyň zergärçilik sungatynyň hem aglaba bölegi aýal-gyzlaryň dakynýan şaý-sepleri bilen baglanyşyklydyr. Asyrlaryň dowamynda bu sungat kämilleşip gelipdir.

Biziň bilşimiz ýaly, Magtymguly Pyragy hem ussat zergär bolupdyr. Elbetde, bu hem belli bir derejede dana şahyrymyzyň aýal-gyzlara goýan çäksiz sarpasyndan bir nyşan bolsa gerek. Magtymgulynyň döredijiliginde aýal-gyzlar meselesi uly orun tutýar. Ol beýik söz ussady bolmak bilen, döwrüniň mümkinçiiiklerine laýyklykda, aýal-gyzlaryň ynsançylyk hukuklaryny goramak, maşgala durmuşyny hakyky söýgi esasynda guramak ýaly pikirleri hem öňe sürüpdir. Ol geljekki nesliň päk we arassa bolmagy üçin ýigitler bilen deň hatarda, gyz-gelinleriň hem asylly-ahlakly, edepli-ekramly, mylaýym hem mähriban bolmaklygyny ündäpdir. Jemgyýetdäki duş gelýän biri-birine mynasyp bolmadyk nikany ýazgarypdyr we ony nogsanlyk hasaplapdyr.

Şahyryň döredijiliginde söýgi temasy hem aýratyn bellärliklidir. Ol öz döredijiliginde päk söýgini ýöne bir çeper wasp etmän, eýsem, päk söýginiň nähili bolmalydygyny, ony nähili goramalydygyny, şol bir wagtyň özünde-de bu pynhan duýgynyň arassa we päk bolmalydygyny düşündirmegi başaran akyldardyr.

Magtymguly öz obadaşy Meňli diýen bir gyzy gowy görüp, onuň şanyna birnäçe goşgy ýazypdyr. Şahyryň:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Perde tartyp ýüzlerime,*
*Paýyş berip sözlerime.*
*Magtymguly, gözlerime,*
*Ýeke Meňli han görüner*

– diýen ýaly setirleri onuň Meňlini çyn ýürekden söýendigini görkezýär. Emma halk arasyndaky birnäçe rowaýatlarda we şahyryň käbir şygyrlarynda beýan edişine görä, olaryň biri-birine gowuşmaga mümkinçilik bolmandyr. Meňlini ata-enesi başga birine durmuşa çykarypdyr. Magtymgulynyň şygyrlaryndaky aşakdaky ýaly setirler bu rowaýaty tassyklaýar:

*Illeri bar diňli-diňli,*
*Sowuk suwly ter öleňli,*
*Ili Gökleň, ady Meňli,*
*Näzli dildardan aýryldym.*

Şeýlelikde, Magtymgula Meňli bilen durmuş gurmak miýesser bolmaýar. Ol şol döwrüň dakylma adatynyň oduna köýýär. Şahyra Akgyz atly ýeňňesini dakýarlar. Bu ýagdaý şahyryň döredijiliginde ýitmejek yz galdyrýar. Magtymgulynyň şygyrlar diwanynda jemlenen goşgularyň içinde zenan keşbini wasp edýän goşgular barmak basyp sanardan köpdür. Biz onuň birnäçe goşgusynyň üstünde durup geçmegi makul bildik. Türkmen zenanlarynyň diňe bir sungat äleminde däl, eýsem, olaryň tebigy owadanlygy hem şahyryň ünsüni özüne çekipdir. Ol şahyrana sözleri ussatlyk bilen ulanyp, türkmeniň gyz-gelinlerini, şu dünýäniň bezegine, many-mazmunyna deňäpdir. Mysal üçin, «Duz hem bolmasa» atly goşgusynda, Magtymguly şeýle ýazýar:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Dünýä sözi meňzär duzsuz tagama,*
*Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa*

– diýmek bilen, gelin-gyzlaryň jemgyýetdäki ornuny aýdyň kesgitläpdir. Gelin-gyzlar Magtymguly Pyragy üçin durmuşyň lezzeti, eşreti hasaplanýar. Gelin-gyzlar bar ýerinde, mähir-muhabbet bar, yşk-söýgi bar. Gelin-gyzlara bolan söýgi -durmuşy herekete getirýär, adamy arşa çykarýar. Magtymguly Pyragy gelin-gyzlaryň owadanlygyny Güne deňäp, «Gözel sen» atly goşgusynda:

*Gün hanjary gökden ýere inende,*
*Güne garşy dogan Aýy gözel sen*

– diýip, türkmen gelin-gyzlaryny Gün bilen bäsleşýän nurana ýalkyma deňeýär. «Gaşlaryňa» atly goşgusynda beýik akyldar türkmen zenanlarynyň gözleridir gaşlaryny wasp edýär. Ussat şahyr öz halan gyzyna öýlenip bilmese-de, türkmen zenanlarynyň keşbini, görmegeýligini wasp edipdir.

Akyldar şahyrymyz «Gelin-gyzlar bolmasa, durmuşyň özi duzsuz tagama meňzär, mähre baý gözeller bolmasa, onda eşretli durmuş, şadyýanlyk hem bolmaz» diýip, gelin-gyzlary zeminiň bezegi hasaplapdyr. Mähirli gelin-gyzlarymyz diňe bir owadanlyk äleminde däl, medeniýet, sungat, ylym we bilim pudaklarynda-da uly ähmiýetli işleri alyp barýarlar.

Magtymguly Pyragynyň «Durasyň geler» atly şygrynda:



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Gözel bardyr, gözellerden zyýada,*
*Anyň hyzmatynda durasyň geler.*
*Edepli, ekramly mylaýymzada,*
*Tä ölinçäň bile bolasyň geler*

– diýen setirler bar. Şeýdip, akyldar şahyrymyz türkmen gelin-gyzlarynyň edep-ekramyny wasp edipdir.

## Geçilen temalar boýunça bilimiňizi synaň

| 1. Lingiwistika haýsy terminleri öz içine alýar? | |
|---|---|
| A. Assimilýasiýa, sufiks, affiks | S. Orfoepiýa, leksika |
| B. Grammatika, fonetika, orfografiýa | D. B. S. D |

| 2. Türkmen diliniň orfografiýasy baradaky ikinji lingiwistik gurultaý näçenji ýylda geçirildi? | |
|---|---|
| A. 1934 | S. 1930 |
| B. 1936 | D. 1954 |

| 3. Orfografiýa düzgünleriniň düýpli öwrenilmegi üçin nämeleri gowy bilmeli? | |
|---|---|
| A. Fonetika | S. Morfologiýa |
| B. Punktuasiýa | D. Ähli jogaplar dogry |

| 4. Dildäki sesleri, olaryň häsiýetlerini öwrenýän ylym? | |
|---|---|
| A. Leksikologiýa | S. Dialogtologiýa |
| B. Fonetika | D. Etimologiýa |

| 5. Diliň sözlük sostawyny öwrenýän ylym? | |
|---|---|
| A. Leksika | S. Grammatika. |
| B. Sintaksis | D. Morfologiya |

| 6. Grammatika näçe topara bölünýär? | |
|---|---|
| A. 3-topra | S. 4-topara |
| B. 2-topara | D. 5-topara. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| 7. Sözleriň gurluşyny, olaryň (şekilleriniň) üýtgeýşini we bolünişlerini öwrenýän ylma...? | |
|---|---|
| A. Sintaksis | S. Morfologiýa |
| B. Fonetika | D. Leksika |

| 8. Sözleriň we bölekleri ýazylyşy barada kabul edilen üýtgewsiz düzgünleriň jemine näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Orfaepiýa | S. Inwersiýa |
| B. Punktuatsiýa | D. Orfografiýa |

| 9. Lingwistika haýsy dilden alnan bolup nähili many aňladýar? |
|---|
| A. Grekçe söz bolup ýazuw harplar<br>B. Latyn sözi bolup dilçilik manyny aňlatýar |
| S. Grekçe söz bolup düzülme, gurama, ýasama<br>D. Hemmesi dogry |

| 10. Sözlemleri, olaryň gurlyşyny we olarda sözleriň baglanyş ýollaryny öwredýän ylma näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Fonetika | S. Leksika |
| B. Morfologiýa | D. Sintaksis. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# II BAP

# MEN JEMGYÝETIŇ BIR BÖLEGI



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS



**1.1-nji ýumuş.** Aşakdaky tekst bilen tanyşyň.

## MEN JEMGYÝETIŇ BIR BÖLEGI

Dünýä gelen her bir adam-döwlet üçin doly manydaky seýrek baýlykdyr. Onda **özboluşly** ukyp gizlenen bolýar. Şu ukyp ýüze çyksa, ondaky talantdan bütin jemgyýet bähbitli bolýar. Adamdaky talanty açyş etmegiň serişdesi-bilim. Döwletimiz ýaşlaryň **halkara** derejesinde bilim almaklary, olaryň sagdyn durmuş ýörelgelerine laýyklykda ýaşamaklary döwrüň medeniýetli ýaşlary bolup ýetişmekleri üçin kanunda bellenen borçlaryny ýerine ýetirip ähli mümkinçilikleri döredýär. Ýaşlaryň jemgyýete peýdaly, arassa ahlakly adam bolup ýetişmekleri üçin öz borçlaryny we hukuklaryny doly berjaý etmekleri gerek. Adam wagtynyň belli bir bölegini köpçülikde, ýag-ny okuwda, işde, seýil baglarynda, **kinoteatrlarda**, ýolda, toýda, dabaralarda geçirýär. Adamyň häsiýetiniň artykmaç tarapy-da, kemçiligi-de, esasan, şol ýerlerde, köpçülik bilen gatnaşygynda ýüze çykýar.

Ata-babalarymyz köpçüligiň ulanýan ýoluny mukaddes saýypdyrlar. Ýaşlarymyz jemgyýetiň bir bölegi hökmünde ýollarda gabat gelýän **ýaşuly** adamlara, maýyp-müjrüplere, çagalara, agyr ýükli gelýän aýal maşgalalara kömek bermelidirler. Adam terbiýesinde köçe görüm-göreldesiniň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

örän uly ähmiýeti bar. Köçede dürli milletlere, dürli ýaşdaky adamlara gabat gelinýär. Çagalar olara seredip köp zady öwrenýärler. Köçeden eda bilen ýöräp barýan sadadan sypaýy geýnen gyza ýa-da ýigide gözüň düşýär. Olary görenler öz perzentleriniň hem şeýle edep-ekramly bolmagyny arzuw edýärler. Onuň tersine, **birküç** sany bolup awtobusyň içinde ala goh bolup oturan ýaşlary, onda-da gyzlary görüp, olaryň terbiýe alan maşgalalary barada oýlanarsyň.

Soňky döwürde biziň durmuşymyza «el» telefony giň ornaşdy. Indi gündelik durmuşymyzy şonsuz göz öňe getirmek kyn, ýöne ony ulanmagyň hem özüne mahsus edep-tertibi bar. Köpçülik ýerlerinde, esasan-da, jemgyýetçilik ulaglarynda töweregiňdäkilere telefondan peýdalananyňda päsgel bermejek bolmaly. Ýene-de özüňden ula orun bermek edebini saklamak hem gerekdir.

Biziň ata-babalarymyzyň ýaşlara beren terbiýesine laýyklykda özüňden ulyny göreniňden hormat bilen aýak üstüne galmak hem zerurdyr. Ýöne, gynansakda ýaşlaryň käbiri bu ýagdaýa üns bermeýärler ýa-da geleňsizlik edýärler. Ýaşlarymyz jemgyýetiň bir bölegi hökmünde özleriniň ynsanlyk mertebesini beýgeldýän ata-babalarymyzdan gelýän gowy adatlary dowam etdirmäge borçludyrlar.

1. Jemgyýet diýende nämä düşünýärsiňiz?
2. Kimleri jemgyýetden aýry ynsan diýmek bolar?
3. Nähili endikler ynsanlaryň mertebesiniň beýgelmegine kömek edýär?

## GOŞMA SÖZLERIŇ ÝAZYLYŞY

**Ýadyňyzdamy?**

Islendek sada sözleri birleşdirip, olardan goşma sözleri ýasamak bolmaz. Sebäbi goşma sözler uzak wagtyň önümidir. Olar söz düzüminden ýüze çykýarlar. Sada sözlerden goşma sözlerin hasyl bolmagy üçin şeýle şertler gerek:

1. Goşma sözi emele getirýän sada sözleriň ozalky manylarynyň özgerip, täze manyly bitewi bir söze öwrülmegi gerek: un-aş-unaş, il-aman- Ilaman, gök-depe-Gökdepe…

2. Goşma sözi hasyl edýän sözler basym taýyndan birleşip, bir basymly söze öwrülmegi zerur: Mämmet-Öwez- Mäm-me-dö-wez, gü-ne-ba-kar, kyr-ka-ýak…



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Goşma söze öwrülen sada sözleriň biri-birini aýyklamazlygy zerur: demir (nähili?) ýol, demir ýolçy, bedenterbiýeçi…

4. Goşma söze owrülýän sada sözleriň ikisiniň bilelikde bir soraga jogap bolmagy gerek: Ilmyrat- kim? Toprakgala-nire?, basybalyjy-kim?, waharaman-näme?, garrygyz- näme?..

**1.2-nji ýumuş.** Tekstde aýratynlandyrylan goşma sözleriň nähili hasyl bolandygyny düşündiriň.

**1.3-nji ýumuş.** Tekstde getirilen «dünýä, adam, milletler, ala, el» sözlerinden goşma sözleri hasyl ediň we sözlem içinde getirip depderiňize ýazyň.

## 2-NJI DERS





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.1-nji ýumuş.** Tekstiň mazmuny bilen tanyşyň.

## JEMGYÝETE NÄME HOWP SALYP BILER?

Aslynda jemgyýet üçin iň howply zat-gara nebsiniň ýesirine öwrülen adamdyr. Şeýle adamyň haýsy ynanja degişlidigi esasy zat däl. Adam goýberýän säwligini has manyly we tutaryklaryny has esasly hasaplamalara görä saýlap almaýar. Ol diňe öz haýu-höwäslerine kybap gelýän ýoldan gidýär. Hezreti Alynyň (r. a) meşhur sözi bar:

«Siziň üçin iki zatdan has beter gorkýaryn. Şolardan biri nebsiňe gul bolmakdyr. Şuny ýatda saklaň: öz nebsiňiziň isleglerine uýmak sizi azaşdyrar, hakykatyň ýolundan ýöremegiňize päsgel berer». Netijede ne Hudaýy, ne-de wyždany bolmadyk adam howply adamdyr.

Ynsan hiç zady arzuw etmese, özi bilen buýsanyp, hiç kimi äsgermän ýörse, bilimini terjibesini artdyrmasa, öňe ymtylmasa, ösüşden, ulalmakdan togtaýar, gitdigiçe gödekleşip, zamandan yza galýar we köpçülikden daşlaşýar. Nogsanlary barha artýar. Bu onuň kämil däldigini, ýagny kemçilikli, nogsanly adamdygyny görkezýär.

Maddy we ruhy sagdynlyk ynsanyň barlygyny we ýaşaýşyny many edýän iň gymmatly göwherdir. Jemgyýetiň maşgalardan maşgalalaryň bolsa şahslardan emele gelýändigini göz öňünde tutsak, jemgyýetiň sagdynlygynyň şahslaryň sagdynlygyna baglydygyny düşünmek kyn däldir. Diýmek, jemgyýetiň maddy we ruhy sagdynlygyny gazanmak şol jemgyýeti emele getirýän şahslaryň saglygyny goramak bilen bagly bolýar. Jemgyýet düzümindäki maşgalalaryň agzybir, şahslaryň sagdyn, güýçli, edermen, ruhybelent, zähmetsöýer, sabyrly, edepli, ukyply, başarjaň bolan wagty, ykdysady hem-de medeni taýdan dowamly ösüşleri gazanar. Içinde ýaşaýan şahslaryna görä ösen şeýle jemgyýetde ýaşamak egsilmeýän bagt bolar.

Allatagala ynsanlary ýaradanynda, olara ýagşy bilen ýamany, gowy bilen erbedi, gelşikli bilen betgelşigi bir-birinden aýyl-saýyl edip bilmek ukybyny beripdir. Bu ukyp bolsa, akyl we sabyr-takadydyr. Erada, ýagny ýagşyny ýamandan aýyl-saýyl etmek ukyby ynsanlara berlen nygmatlaryň iň ulusydyr.

1. Siz ýagşy zady ýaman zatdan nähili tapawutlandyrýarsyňyz?
2. Özüňiziň kemçilikleriňizi bilýärsiňizmi? Eger bar bolsa olary düzetmäge çalyşýarsyňyzmy?
3. Dostlaryňyz siziň kemçilikleriňizi aýtsalar, olardan gaty görýärsiňizmi?
4. Dostuny bilmeýän, duşmanynyň parhyna barmaýan, özi hiç kime ýagşylyk etmeýänleri nähili adam diýip hasaplaýarsyňyz?

**2.2-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden goşma sözleri saýlap ýazyň. Goşma sözleriň ýasalyşynyň haýsy görnüşine degişlidigini anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Topar bolup işleýäris**

**2.3-nji ýumuş.** Soňra toparlara birleşip, (A, B, G, J, K, M, N, O, Ç, Ş, T, P, Ö, I, S) berlen harplar esasynda goşma sözleri ýasaň, sözüň ýasalyş tertibiniň çözgüdini tapmaga synanyşyň. Çekişmäniň netijesini depderiňize ýazyň.

## GOŞMA HAS ATLARYŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýatda saklaň!**

1. Basym hem many taýyndan birleşip, goşma sözi hasyl eden goşma atlar goşulyp ýazylýar.
2. Goşma has atlaryň ilki harpy baş harp bilen ýazylýar.
3. Basym taýyndan birleşmedik Port-Artur, Ust Kamenogorsk… ýaly atlar defis arkaly ýazylýar.
4. Syr derýasy, Balkan dagy, Baýkal köli…ýaly bile ulanylýan goşma has atlaryň soňkusy umumy jyns ady aňladyp, üçünji ýönkemede gelende, olar goşulman ýazylýar.
5. Aga, jan, eje, han, beg, baý…ýaly sözler has adyň bir bölegi bolman gelenlerde, özünden öň gelen at bilen goşulman ýazylýar.

Meselem: Kaka jan, eje jan, ýürekden ýalbarýaryn!

6. Diňe Almaata, Annaoraz…ýaly goşma has atlarda iki çekimli ses bir ýerde yzly-yzyna ýazylýar.

**2.4-nji ýumuş.** Teksti pugta diňläň, soňra galdyrylan sada atlary tapyň. Olary «aga, jan, eje, han, beg, baý…» ýaly has adyň bir bölegi bolman gelen sözler bilen bilelikde ýazyň we onuň ýazuw düzgünini düşündiriň.

### AT – ASMAN

Halkymyzda «at – asman» diýilýär. Ene-atanyň ýüreklerde besläp soňsuz arzuw-umydy, maksat-myrady, göwünlerde telwas edýän päk asman hyjuwlary, gözbaşyny asyrlardan alyp gaýdýan ruhy hazynalary, dünýädäki gözellikleriň aýnasy jadylanan ýaly ýeke sözde jemlenip, bu jadyly söz dünýä inen perzendiň adyna öwrülýär. Türkmen medeniýetinde çaga at dakmaga degişli däp-dessurlar berk berjaý edilýär.

Türkmenler çagalara at goýanda, adatça, haýsydyr bir zady niýet edinýärler. Meselem geljekde ogullaryny batyr, edermen, durnukly adam edip ýetişdirmek arzuwy olara güýçli, ezber, çalasyn haýwanlaryň, berk, çydamly ösümlikleriň, gaty metallaryň adyny dakmak adatyny döredipdir. Gyzlara bolsa gözelligiň, näzikligiň, mähirliligiň simwoly hasaplanýan haýwanlardyr guşlaryň, miwesi datly agaçlaryň owadan hem ýakymly ysy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bolýan gülleriň atlaryny dakypdyrlar. Ogul çagasynyň bolmagyny arzuw edýän ata-eneleriň arasynda öz gyzlaryna «Ogul» sözi bilen bagly goşma atlary goýmak ýörgünli bolupdyr. Türkmenlerde Eje, Ene, Mama ýaly aýal-gyzlaryň atlary-da köp duşýar, bu hili atlar aradan çykan garyndaşynyň hormatyna onuň adynyň täze doglan çaga dakylmagy netijesinde döräpdir. Köp halatda şeýle atlar merhumyň hakyky ady bilen bir hatarda ulanylýar, şol hakyky at dura-bara çaganyň resmi adyna öwrülýär.

Çagalara manysyz köpçülikde öz adyndan utanýan derejedäki atlardan goýmaly däl. Mysal üçin Italmaz, Palta, Orak, Teşe ýaly atlaryň deregine Maksat, Begenç, Serdar, Bagtyýar, Eziz, Gaýrat ýaly gowy manylary bildirýän atlarlardan goýmak zerurdyr. Soňky döwürlerde öňden gelýän atlary goýmak gitdigiçe azaldy. Gözden, dilden gorasyn, ojagymyzda bala-çagamyz köpelsin diýen yrymlar bilen dakylýan atlar indi umuman aradan aýrylyp barýar. Onuň ýerine döwrebap atlar goýmak däbe öwrüldi. Ogul çaga dogulsa Erkin, Umyt, Mekan, Diýar, gyz perzentleri dünýä inse Zeýnep, Merwe, Melek, Gülnur ýaly atlary goýýalar.

1. Halkymyzda täze doglan çaga ýaşyna ýetýänçä nähili däp-dessurlar edilýär?
2. Ata-babalarymyz çagalara nähili niýetde at goýupdyrlar?
3. «At – asman, adyňa laýyk bolmak» jümleleriniň manysyna nähili düşünýärsiňiz?

**2.5-nji ýumuş.** Goşma sözleriň ýazylyşy baradaky düşünjäňizi barlaň.

| | | |
|---|---|---|
| D | Basym hem many taýyndan birleşip, goşma sözi hasyl eden goşma atlar goşulyp ýazylýar. | N |
| D | Goşma has atlaryň ilki harpy baş harp bilen ýazylmaýar. | N |
| D | Basym taýyndan birleşmedik Port-Artur, Ust Kameno¬gorsk... ýaly atlar defis arkaly ýazylmaýar. | N |
| D | Syr derýasy, Balkan dagy, Baýkal köli...ýaly bile ulanylýan goşma has atlaryň soňkusy umumy jyns ady aňladyp, üçünji ýönkemede gelende, olar goşulman ýazylýar. | N |
| D | Aga, jan, eje, han, beg, baý...ýaly sözler has adyň bir bölegi bolman gelenlerde, özünden öň gelen at bilen goşulman ýazylmaýar. | N |
| D | Diňe Almaata, Annaoraz...ýaly goşma has atlarda iki çekimli ses bir ýerde yzly-yzyna ýazylmaýar. | N |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.6-njy ýumuş.** Aşakdaky teksti okaň we goşma has atlaryň nähili ýazylýandyklaryna üns beriň. Soňra goşulyp hem goşulman ýazylýanlaryny aýry-aýrylykda depderiňize ýazyň.

## ADAM ADY – HALKYŇ TARYHY WE MEDENI MIRASY



Gadymy türkmen halkymyz çaga dogulanda çaga at dakmak däbi Oguz han atamyzyň eýýamyndan, Gorkut ata eýýamyndan alyp gaýdýar. Oguz han türkmeniň alty oglunyň atlarynyň, Gün han, Aý han, Ýyldyz han, Gök han, Dag han, Deňiz han ýaly tebigy atlar bolmagy, onuň 24 agtygynyň hem atlarynyň guşlaryň, haýwanlaryň atlary, iň gadymy atlardygynyň mysalydyr. Türkmen halkymyz öz çagasyna at dakmaga ökde. Adam atlary gadymy ata-babalarymyzdan galan gymmatly ýadygärlikdir, çünki olarda geçmişdäki nesilleriň dünýägaraýyşlary, söz baýlyklary, däp-dessurlary, başdan geçiren taryhy wakalary, dürli dilde geplän halklar bilen eden medeni aragatnaşyklary özüniň aýdyň şöhlelenmesini tapýar.

Türkmen halkynda adam atlary mazmuny, gelip çykyşy we manysy boýunça birmeňzeş däldir, olaryň döremegi bilen baglanşylykly rowaýatlardyr etnografik däpler dürli-dürlüdir. Adam ady onuň ykbalyny kesgitleýär diýilýär, şonuň üçinem at saýlamak her maşgalada möhüm waka hasaplanylýar. Bäbegiň ata-enesi onuň adyna kybap güýçli, päk, adalatly, mähirli bolmagyny arzuwlaýar.

Halkymyzda «Ýagşydan at galar...» – diýilýär. Türkmenlerde çaga dünýä inenden soň üç günüň dowamynda oňa at dakmak hökman hasaplanypdyr. Sebäbi, Taňry tagalla dünýä inen çaga diňe at dakylansoň ýazgyt ýazyp, oňa ruh bagyş edýär diýlip düşünilipdir. Türkmen halkyna mahsus bolan ata-eneleriň adyny unutmazlyk üçin, hem-de şolar ýaly uzak ýaş we döwletli durmuş arzuw edilip olaryň adyny agtyklaryna dakmak däbini giňden ulanylýar. Gündogar halklaryň köpüsinde, şol sanda türkmenlerde hem atlar ata tarapdan we erkek atlaryndan gelip çykypdyr. Ilkinji çaga gyz bolsa, onda ata-enesi oňa Ogulgerek, Ogulşat, Ogulbaýram ýaly we ş.m. oglanyňka meňzeş at beripdirler. Ogul çaga bolman, ýöne gyz dogulýan bolsa, onda Bessir, Gyzsoňy ýaly at dakypdyrlar. Türkmen maşgalasynda haýsy çaganyň ilki doglanlygyny bilmek kyn däl. Meselem, Akmyrat, Akmämmet, Aknur, Aknabat, Akgül ilkinji doglan çaga atlarydyr. Käte köp çagaly maşgalalarda Çary, Bäşim, Alty ýaly sanawly atlaram bolýar. Ösümlikler bilen bagly atlaram meşhurdyr. Meselem gyzlaryň arasynda, Ejegül, Bägül, Gülälek, Gülnar, Gunça.

Sözümizi soňlap aýdanymyzda, çaga at saýlamaklyk juda çylşyrymly mesele. Şonuň üçin hemme doglan çagalaryň atlary özlerini bezesin! Goý, çagalar özleriň ady bilen garrasynlar!



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Maşgala baş gala bolmaly bolsa...**

**2.7-njy ýumuş.** Durmuşda duş gelýän atlardan peýdalanyp, aşakdaky ýumuşy ýerine ýetiriň. Goşma has atlaryň ýazuw düzgünini düşündiriň.

| | |
|---|---|
| Güýçli, gujurly, gelşikli bolsun diýip dakylýan atlar → | |
| Bagt, üstünlik, abadançylyk getirýän owadan atlar → | |
| Ösümlikler bilen bagly dakylýan atlar → | |
| Yslam dininiň döremegi bilen bagly atlar → | |
| Baýramlarda dogulýan çagalara dakylýan atlar → | |
| Tebigy hadysalar bilen baglanyşykly dakylýan atlar → | |
| Çaganyň bedeninde tegmili ýa-da belligi bolsa,dakylýan atlar → | |
| Ata-babalaryny hormatlamak üçin dakylýan atlar → | |
| Ekiz doglan çagalara dakylýan atlar → | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.8-nji ýumuş.** Ýokardaky teksti okaň we çagalara goýulýan atlaryň aýratynlygyny öwreniň, soňra durmuşda ulanylýan atlardan peýdalanyp, shemany dolduryň. Ýasan atlaryňyza «aga, jan, eje, han, beg, baý» ýaly sözleri goşmak bolýarmy? Eger goşmak bolýan bolsa, olar nähili ýazylýandygyny düşündiriň. Ýasan atlaryňyzy goşma at hasaplamak mümkinmi?!

| Mertligi, batyrlygy, edermenligi bildirýän atlar. | Gözelligi, näzikligi, mähirligi bildirýän atlar. |
| --- | --- |
| Arslan... | Gülnur... |

## 3-NJI DERS



**3.1-nji ýumuş.** Teksti okaň. Düzüminde at, sypat, san, işlik bolan goşma sözleri saýlap ýazyň.

### WATAN KÜÝSEGI

Gadym döwürlerde goňşy ýurtlaryň bir hökümdary awa-şikara çykypdyr. Bir keýigi yzarlap barşyna ýoldaşlaryndan aýra düşüp azaşypdyr. Ýurduň çäginden daşlaşanyny, türkmen illerine aralaşanyny duýmandyr. Surnugan atyna dem-dynç bermek üçin golaýdaky çarwa düşelgesinde



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



düşläpdir. Birkemsiz dem alyp, özüni dürsäpdir. Hökümdaryň ol çarwa türkmen bilen gepi-sözi alşypdyr, juda göwnüne ýarapdyr. Ony özi bilen alyp gitjekdigini, uly wezipeler, gymmatbaha don we serpaýlar berjekdigini aýdypdyr. Çarwa birnäçe boýun towlasa-da, hökümdar onuň «ýoguna» bakman, ýany bilen öz ýurduna alyp gidipdir. Özünden gowy iýdiripdir, özünden gowy geýderipdir, bolelin ýaşamagyna mümkinçilik döredipdir. Emma çarwa türkmeniň ýüzi açylyp gidibermändir. Müňtilsimli darbazlar, hokgabazlar oýun görkezipdir. Emma çarwanyň ýüzünde birsyhly gamgynlyk цdowam edipdir. Hökümdar ahyry onuň öz ilini ýiti küýseýändigini bilipdir, ýöne çarwa dostuny gözüniň alnyndan gidiresi gelmändir. Köşgüň tanymal ymaratçylaryny, binegärlerini çagyryp, çarwanyň ýaşaýan ýeriniň-dogduk iliniň çyzgysyny suratyny çekip getirmegi we şonuň esasynda edil şoňa meňzäp duran ýaşaýyş mähellesini bina etmegi buýrupdyr. Buýruk birkemsiz ýerine ýetirilipdir. Hökümdar çarwany ýanyna alyp täze mesgenlere aýlanma çykypdyr. Çarwa türkmen haýran galypdyr: jaýlaram, baglaram-ähli zat edil öz ilindäki ýaly, topragy bilen göçürilip getirilen kysmy diýýär. Çarwa bu meňzeşlige birsellem haýran galyjylyk bilen seredipdir. Ýöne göwni açylmandyr. Sebäbi jaýynda-bagynda müň meňzeşlik, ýüz artykmaçlyk tapsaňam, ol seniň Watanyň däl ahyry, iliňdäki ajaýyp adamlary göçürip getirseňde, onuň müň derde derman howasyny niçiksi alyp gaýtjak?!

Ahyry bolmajagyna gözi ýetensoň, hökümdar çarwa dostuny öz iline ugradypdyr.



1. Pikir ediň! Siz çopanyň ýerinde bolup, şeýle durmuş wada edilse, Watanyňyzy saýlarmydyňyz ýa-da baýlygy?
2. Şahyryň: Ilden gidip, il bolany kim biýändir?
Dän yzlaýan goşhorlara iým bolýandyr – diýen setirlerinde watanyny terk edýän ynsanlar barada nähili netijä gelmek bolar?



**3.2-nji ýumuş.** Aşakdaky jedweli dolduryň.

| Tekstden çopanyň watansöýüjiligini görkezýän anyk fakt (delil) söz ýazyň. (10-15 sany söz) |
| --- |
| |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DÜZÜMINDE AT, SYPAT, SAN IŞLIK BOLAN GOŞMA SÖZLERIŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýadyňyzdamy?**

**1.** Basym hem many taýyndan birleşip, täze many aňladýan goşma sözler goşulyp ýazylýar. **Meselem:** Bagtyýar, günebakar, ýelýyrtan, balykgulak, ýekelli, bolelin, bäşýyllyk, birküç, durubermek, alaweri…

***2.*** «Ara» sözi özünden soňky we öňki, «bir» sözi özünden soňky, «agyry» sözi bolsa özünden öňki söz bilen bilelikde bir many aňladanlarynda, goşulyp ýazylýar. **Meselem:** aragatnaşyk, arabozar, arakesme, araçäk, halkara, ilara, milletara…

Birnäçe, birneme, birsyhly, bireýýäm, birkemsiz, gözagyry, kelleagyry…

***3.*** Don, kädi, ýol, derman ýaly sözleriň öňünden gelip, şolary aýyklaýan sözler aýry ýazylýar. **Meselem: gyrmyzy don, garma don: aş kädi, palaw kädi:**

***4.*** Goşma sanlar aýry ýazylýar. **Meselem:** bir müň dokuz ýüz togsan ýedinji ýyl, bir ýüz ýigrimi bäş manatlyk haryt…

### Topar bolup işleýäris

| Don | Kädi | Ýol | Derman |
| --- | --- | --- | --- |
| | | | |

**3.3-nji ýumuş.** 4 topara bölünip «don, kädi, ýol , derman» ýaly sözlerinden goşma sözleri hasyl ediň we olaryň ýazuw düzgünini düşündiriň.

**Ýadyňyzdamy?**

1. Goşulyp ýazylýan goşma sözleriň düşürilip – aýdylýan çekimli sesleri (has at bolmasa) galdyrylyp ýazylýar. **Meselem: birikiüç däl, birküç; ikiatýok däl, ikatýok.**

2. Has ýa jyns atlygyna garamazdan, goşma sözleriň hemmesinde:

1) dar çekimliniň düşüp galmagy,
2) dodak çekimlileriň ýazuwy,
3) dymyk çekimsizleriň açyga öwrülişi ýaly umumy orfografik düzgünler üýtgewsiz saklanylýar. **Meselem: otlyçöp däl, otluçöp, Dürligözel däl, Dürlügözel.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.4-nji ýumuş.** «Ýekeelli, gelineje, otluçöp, toklutaý, Mämmedesen, göwnüýetmezçilik, Rejebaly, nalajedeýin, giňgöwrimlilik» ýaly goşma sözleriň dogry ýa-da nädogry ýazylandygyny anyklaň we ýazyň.

D → otluçöp

N → gelineje

**3.5-nji ýumuş.** Çeper eserlerden düzüminde at, san, sypat, işlik bolan goşma sözlemlerden 10 sany sözlem tapyp depderiňize ýazyň. Soňra olaryň ýazuw düzgünini düşündiriň.

## 4-NJI DERS





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4.1-nji ýumuş.** Tekstiň mazmuny bilen tanyşyň.

## HALKARA NOWRUZ BAÝRAMY

Biziň ýurdumyzda dürli taýpa, millet we halkyýet, din wekilleri ýaşaýar. Her bir taýpanyň, her bir toparyň özboluşly maksatlary, bähbitleri, ynam-ygtykady bar. Şonuň ýaly-da, ine şu dürli adamlary ýeke-täk bir ýurduň halky, ýeke-täk jemgyýetiň agzalary hökmünde birleşdirip durýan umumymilli maksatlar, bähbitler bar. Bu milletine diline, dini we sosial degişlidigine seretmezden, ähli özbegistanlylylar üçin ýeke-täk Watan bolan mukaddes ýurduň gülläp ösmegi, parahatçylygy we asudalygydyr. Watanymyzyň bähbitlerine ters işi öz bähbidine ters hasaplamagy jemgyýetimizdäki umumy milli birligi hasda pugtalandyrýar. Biziň halkymyz milletçiligiň islendik görnüşlerinden, başga halkyýetlere we halklara görä äsgermezlik halatlaryndan umuman azatdyr. Halkymyz ozaldan dostluk, doganlyk taglymlary beýgeldip, başga millet wekilleri bilen parahatçylyk, hyzmatdaşlyk agzybirlik, mähir-şepagat esasynda ýaşaýar. Ýurdumyzda köpçülik bilen bagly urp-adatlarymyzdan biri bolan ýowar asyrlaryň dowamynda ýurdumyzyň medeniýetiniň düzüm bölegini öwrülip dowam edip gelýär.

Nowruz baýramynyň öňüsyrasynda ýurdumyz boýunça giň gerimli ýowar bolup geçýär. 21-nji mart güni bütin dünýä boýunça şu baýram bellenýär, çünki 2010-njy ýylda bu gün BMG tarapyndan Halkara Nowruz güni hökmünde tassyklanan we 2016-njy ýylda bolsa şu baýram UNESCO-nyň maddy däl miraslarynyň sanawyna girizilen.

Nowruz baýramynyň gadymy däplerini geljek nesiller üçin gorap saklamak, umumadamzat bähbitli, ynsanperwer wezipedir. Nowruz baýramy ençeme halklarda, şol sanda biziň halkymyzda hem bahar paslynda gije-gündiziň deňleşýän wagtynda – mart aýynyň 21-inde bellenilipdir. Halkymyzda Nowruz saçagyny dürli we tagamly nygmatlar, köpdürli naharlar bilen bezemek dessury gadymdan bäri dowam edýär. Nowruz saçagyna goýulýan näz-nygmatlaryň syrly güýje eýedigine ynanylypdyr. Çünki bu baýram ilki bilen ýere, suwa, güneşe, tebigata, ähli jandarlara mähir-söýgi döredýär, dünýä bilen sazlaşykly ýaşamaga, dünýäniň gözelliginden lezzet almaga-çagyrýar. Biz bu günki günde hem bu baýramyň sümelek bişirmek, owlak gapmak, göreş tutmak, ýer sürmek, ýere tohum sepmek, öýlerimizi, ýaşaýan mähellämizi arassalamak, tebigatyň gözel ýerlerine seýle çykmak ýaly dessurlary berjaý edenimizde kalbymyzda





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gadymy ata-babalarymyzdan miras galan duýgular oýanýar: ene tebigata has ýakyn bolmaga, ony söýmäge, iň möhümi, ata-enelerimize, ýakynlarymyza, şeýle-de, ähli ynsanlara mähir-muhabbetli bolmaga çalyşýarys.

1. Watanymyzda näçeden gowrak millet wekilleri ýaşaýar?
2. Olaryň däp-dessurlary barada maglumatlara eýemisiňiz?
3. Nowruz baýramynyň özboluşly aýratynlyklary barada nämeler bilýärsiňiz?

**4.2-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden gysgaldylan goşma sözleri tapyň. Olaryň nähili ýasalandygyny anyklaň. UNESKO nähili gurama? Onuň hyzmaty barada nämeler bilýärsiňiz?

## GYSGALDYLAN GOŞMA SÖZLER WE OLARYŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýadyňyzdamy?**

1. Sözleriň ilki harplaryndan ýasalan goşma sözler baş harp bilen ýazylýar, şol harpyň aýratynlykda aýdylyşy ýaly okalýar. Meselem: GR-Garagalpagystan Respublikasy.

2. Şeýle goşma sözlerde çekimli ses bar bolsa, onda şol çekimli sese uýdurylyp, ýazylyşy ýaly okalýar: SDMI, DDPI, NDU...

3. Sözleriň ilki harplaryndan ýasalan goşma sözlere goşulmalar goşulanda, şulardan ugur alynýar:

a) goşulma gös-göni söze goşulman, onuň öňünden defis goýulýar.

b) gysgaldylan goşma sözler çekimli, sese gutarsa, olara çekimsiz sese başlanýan goşulma goşulýar:

ç) Ahyry dodak, çekimlisine gutaran, sözlere, goşulmalar goşulanda-da GDU-nyň kimin ýazylýar.

d) düzüminde çekimli sesi, bolmadyk goşulmalar goşulanda, olaryň soňky harpynyň aýratynlykda aýdylyşyna esaslanýar.

**4.3-nji ýumuş.** Ýokardaky tekst esasynda shemany dolduryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| Iki sany bir-birine ýakyn manyly sözlerden ýasalan tirkeş sözler | Iki gezek gaýtalanýan sözlerden ýasalan tirkeş sözler | Ilki sözi manyly, ikinjisi many aňlatmaýan sözlerden | Iki sany many aňlatmaýan sözleriň tirkeşip gelmeginden ýasalan |
|---|---|---|---|
| Dogan-garyndaş | Gaýry-gaýry | suw-puw | Şatyr-şutyr |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

**4.4-nji ýumuş.** «Halkara Nowruz baýramy» teksti esasynda halkymyzyň dostluk-doganlyk gatnaşyklary barada öz pikiriňizi ýazuw arkaly beýan ediň.

## 5-NJI DERS

**5.1-nji ýumuş.** Aşakdaky berlen soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***1. 1-nji suratdaky guramanyň dünýä ýüzünde nähili ähmiýete eýedigini beýan ediň.***

***2. 2-nji suratyň bilim ulgamynda tutýan orny barada nähili maglumatlara eýesiňiz?***

***3. 3-nji suratda näme şekillenen, onuň durmuşymyzdaky orny.***

***4. 4-nji surat «Özbegistanda dünýä dillerine bolan hormat».***

***5. 5-nji suratyň peýdasy we zyýany barada aýdyň.***

***6. 6-njy surata serediň we halk hojalygynda onuň nähili hyzmatynyň bardygyny pikir ediň.***

**5.2-nji ýumuş.** Tekstiň mazmuny bilen tanyşyň.

## KIM BOLASYŇ GELÝÄR?



Gysgadan anyk we çuňňur manyly şu sowaly saňa-da, özüme-de beresim gelýär: «Eger-de şu durmuşy täzeden ýasap bilýän bolsak, onda kim bolup ýaşamagy saýgardyňyz?». Taryhda bar bolan ýa-da tanyşlaryňyzdan haýsy şahsyýetiň ykbalyny saýlap tutardyňyz? Siziň saýlan adamyňyz kim? Näme üçin hut şony saýladyňyz? Onuň haýsy häsiýetlerini, nähili gylyklaryny eý görýärsiňiz?

Ýadyňda saklanan şahsyýetlerden birini saýlanyňdan soň, onuň göwnüňe eý görnen häsiýetlerini, aýratynlyklaryny ýatla. Göz öňüne getirdiňmi? Pikiriňi jemlediň dälmi? Gel, onda ikimiz goşgy setirlerinden süzülip alnan aşaky jümleleri üns bilen okaly:

«Eger-de käbir adamlar göwnüňe ýaran bolsa, sen hem şolaryňky ýaly häsiýetlere büren. Şonda şeýle abraý sende hem bolar. Diňe haýran galmak ýa-da halamak bilen çäklenseň, beýikleriň hatarynda ornuň bolmaz».

Hak aýdylan söz, makul aýdylan jümle. Käbir adamlar ýa-da olaryň käbir häsiýetleri babatda diňe täsire gaplanyp otursak, halamak bilen kanagat etsek şol häsiýetleri özümizde terbiýelemäge, bürenmäge yhlas-tagalla etmezlik asla kabul ederlikli däldir. Beýik mertebelere abraýly derejelere ýetmek üçin olary köre-körlük bilen gaýtalamak gerek däl. Ýa-da özümizde heniz ýokdugy, özgelerde bardygy üçin gyýyly-gynanyp, kine-kitüwe çümmekligem bimany. Özümize erk etmegi öwrensek, özümize diýen etdirip bilsek, tijensek, şol ýagşy gylyk –häsiýetleri, ajaýyp keşipleri özleşdirip bileris. Gylyk-häsiýetleriň zerbap lybasyna bürenmegi başararys. Käbirimiziň eý görýän adamlarymyzdaky ýaly häsiýetleri doly özleşdirip, ählisini gaýtalap bilmezligimiz mümkin. Belki-de şol şahsyýetiň hut özi ýaly bolmagy başarmarys. Muňa garamazdan, biziň her



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



birimiz häsiýetlerini eý görýän birnäçe ýagşy adamlarymyzy saýlap bileris. Olaryň hersinden bir gowy häsiýeti öwrensegem özgelere abraý-mertebe gazandyran köp sanly häsiýetleri özümizde kemala getirip bileris. Şeýdibem, başga bir adam bolmagy başarmarys, emma özümiz bolup galarys bu bolsa, iň uly utuşlaryň biri hasaplanýar. Özümizi iň ajaýyp häsiýetler bilen bezemegiň hötdesinden geleris. Şu hakykaty hemişe peýdalanmagy başaralyň–ýagşy gylyk-häsiýetlere beslenmek üçin hiç bir zat bize päsgel berýän däldir. Has gowy adam bolmak uçin hiç bir zat biziň öňümizi bökdeýän däldir. Eger, nämedir bir zat bize päsgel berýän ýaly görünýänem bolsa, ynanaýyň, bu diňe bahanadyr.

1. Özüňden başga kim bolmagy arzuw edersiň?
2. Ol şahsyň nähili ajaýyp häsiýetleri bar?
3. Seniň göwnüňden turýan has gowy adamlar kimler?
4. Seniň garaýşyňa göra, olaryň haýsy häsiýetleri seniň ünsüňi çekdi?
5. Indi bolsa sen şolaryň ýagşy häsiýetleriniň içinden birini ýa-da iki sanysyny saýla we hut şu günden, şu pursatdan başlap, özüňi şol häsiýete laýyk alyp barmaga çalyş. Şol häsiýetleri ymykly özleşdireniňden soňra, beýleki gowy görýän häsiýetleriňe geçmegiňi dowam et. Seniň ädim-ädim kämillige eltýän ymykly güýje öwrüler.

**5.3-nji ýumuş.** Özüňiz üçin görelde hasaplan ynsanyňyzyň köpçülige ähmiýetli bolan işleriniň sanawyny düzüň.

## TIRKEŞ SÖZLER WE OLARY ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýadyňyzdamy?**

Goşma sözler ýaly tirkeş sözler hem bitewilikde bir many aňladýar. Ýöne basym taýyndan birleşýändikleri üçin, olaryň arasynda defis goýulýar. **Meselem:** gije-gündiz, dura-dura…

**5.4-nji ýumuş.** Tirkeş sözleriň çeper dil serişdesi hatarynda ulanylyşyny anyklamaga çalşyň. Aýratynlandyrylan sözleri tirkeş sözlere öwrüp, shemany dolduryň.

Ol **ýöräp** ýadady → 



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| Olar **gülşüp** gaýtdylar → | |
| Olar **söýşüp** durmuş gurdular → | |
| Daň ýyldyzy **ýylpyldap** görünýärdi. → | |
| **Gyzyl** horazlar → | |

**5.5-nji ýumuş.** Aşakdaky jedweli dolduryň we depderiňize ýazyň.

| Tekstden alnan sözlerden tirkeş sözleri hasyl ediň. | |
|---|---|
| Saýlap- | Bilsek- |
| Oturşak- | Aýdylan- |
| Iki- | Ýagşy- |
| Kesp- | Adam- |

**5.6-njy ýumuş.** Aşakdaky teksti diňlemek arkaly tirkeş sözleriň galdyrylan bölegini tapyň we orfografik düzgüne amal ediň.

## BEÝIKLIK – SUNGAT

Günleriň birinde meşhur suratkeş Pikasso köçeden ýöräp barýan ekeni. Pikassonyň sungatyna aşyk zenanlaryň biri muny görüpdir-de, suratkeşiň ýanyna ylgap baryp, mähir bilen salamlaşypdyr. Ýantorbasyndan bir ak kagazy çykaryp: «Jenabym, men siziň çeken suratlaryňyzyň jandan muşdagy Öz täsin hünäriňizden şu ak kagyza bir surat çekip, meni begendirip bilermisiňiz?» diýipdir.

Pikasso muňa ýylgyrypdyr. Ak kagazy alypdyr we onuň ýüzüne surat çekip başlapdyr. Tamamladym edip, ýaňky suratly kagazy eýesine uzadypdyr. «Hanym, bu suraty aýawly sakla, wagty gelende sen ony million dollara satyp bilersiň!» diýipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Muşdak zenan muňa geň galyp: «Pikasso halypa, siz bu kiçijik surat üçin bary otuz sekunt sarp etdiňiz. Onuň millionlyk gymmaty bolup bilermi?» diýipdir.

Pikasso ýylgyrypdyr we oňa garap: «Hanym, otuz sekuntda sowgatlyk (ýädygärlik) surat çekmek üçin, men ömrümiň otuz ýylyny sarp etdim» diýipdir.

Ýokardaky söhbetdeşlikde meşhur suratkeş bize juda ähmiýetli bir maglumaty – ömrüň wajyp wesipesini ýetirýär: täsinligi, täsin bir zady döretmegiň köp wagt almazlygy mümkin, ýöne şol derejä barýançaň mazaly taýýarlanmagyň, taplanmagyň gerek.

Haýsy hem bolsa bir işde ussat, kämil bolasyň gelse, iň ygtybarly usul şu – öwrenmek üçin ýada, özleşdirmek üçin ýada endik edýänçäň ýada. Dogrusy, kem öwrenmezden we endik etmezden , sen ussatlygyň, käminligiň münberine çykyp bilmersiň. Işi kämil oňarmagyň ýeke ýoly – öňünden öwrenmek we endik etmek.

Ynan, ilkibaşda sarp edilen çuňňur yhlasyň we uly gaýratyň (hatda birbada seni kanagatlandyrmaýan hem bolsa), bir gün geler, sähelçe yhlas siňdirseňem, seni we özgeleri haýran etjek ajaýyp bir işi hasyl edersiň. Başla, yhlas et. Birbada, netijelere howlukma. Wagtyňy we gaýratyňy öwrenmäge hem-de endige öwürmäge sarp et. Bu az sanly aýlary ýa-da sanaýmalyja ýyllary alar. Soňra bolsa sarp edilen şol yhlaslar, siňdirilen gaýratlar sizi üstünligiň çür depesine elter.

1. Haýsy işlere höwesli çemeleşýärsiňiz?
2. Höwes bilen işläsiň gelýän, döredijilik zehiniň, oýlap tapyjylygyň we ösdüresiň gelýän ugruňy, işiňi kesgitle.
3. Özüňi şol ugra bagş etmegiň, olary öwrenmegiň özleşdirmegiň hem-de özüňi şol ugurlarda kämilleşdirmegiň ýollaryny gözle.
4. Tap we anyk kesgitle.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. Öwrenmek we kämilleşmek üçin zerur bolan bagty özüňe bagş et, endige öwrülýänçä zeýrenme, ýaltanma. Gaýrat et.
6. Şol işdäki häzirki derejäňi we belli bir wagtdan soňra ýeten derejäň arasyndaky tapawuda üns ber.

**5.7-nji ýumuş.** Teksti ünsli okaň we tirkeş sözleri tapyň. Olaryň nähili hasyl bolandyklaryny hem ýazylandygyny anyklaň.

## ÇARWA NOWRUZY

Çarwa halky mydama öri meýdanynda, açyk asmanyň astynda gije-gündiz mal bakyp gezýänligi üçin, ot-çöpleriň mallara edýän täsiri bilen türkmeniň «togsan doldusyny» anyklap bilipdirler. 1980-nji ýylda bolan wakany oňardygymça gürrüň bereýin. Çarwa obalarynda ýylyň bütin dowamynda düýe çaly taýýarlanyp, huruş hökmünde peýdalanyp gelinýär. Çarwa ýaşulularymyz çala has köp isleg bildirýärler. Pähim-paýhasly Aga kelte diýen ýaşuly: «Oglanlar, meýdanda sazak ýaryldymy, gördüňizmi?» diýip soraýar. Oglanlar: «Günde meýdana gidip-gelsegem bilemizok» diýip jogap beripdirler.

«Bilmeýän bolsaňyz, ertir meýdana gideniňizde sazaklary görüň, hökman ýarylandyr» diýip, Aga kelte aýdypdyr. Ertesi oglanlar ýatak düýäni (ýatak düýe diýip sagmak üçin äkidilip getirilýän düýe sürüsine aýdylýar) getirmäge gidenlerinde sazagyň ýarylandygyny görüp, haýran galýarlar. Gelip ýaşula sazagyň ýarylanyny aýdyp; «Siz oturan ýeriňizden sazagyň ýarylanyny nädip bilýärsiňiz?» diýip soraýarlar.Ýaşuly: «Gury ot-çöp iýip gelen düýäniň süýdi bilen sazak ýarylandaky düýe süýdüniň çalynyň tapawudy arkaly tanaýaryn. Sazak ýarylandan soň, otlap gelen düýäniň süýdünden edilen çalyň agaranynyň ýagjymak tagamynyň üsti bilen tanaýaryn, aňýaryn» diýýär. Çarwa milleti ýaz dowründe goýun-geçi sagyp, ondan saryýag alyp, ony huruş hökmünde peýdalanyp gelipdirler.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gadym döwürde saryýagy guýara häzirki ýaly berk gaplar bolmandyr. Saryýagy küýze gaplara guýup saklapdyrlar. Saryýagly küýze gaplaryň döwülmeginden ätiýaç edip, öz ýaşaýan ak öýleriniň täriminiň iç ýüzünde bokurdagyna gelýänçä gömüp goýupdyrlar. Gyş döwründe saryýag guýlan küýzeleriň içindäki ýag doňup galýar eken. Gyş paslynyň tamam bolandygyny-bolmandygyny saryýagly küýzeleriň üsti bilen bilipdirler. Öýüň ýaşulusy: «Keýwany, saryýagly küýzäniň agzyny açyp gör, eräpdirmi?» diýip, soraýan ekeni. Saryýag erän bolsa, onda togsan dolup, ýere ýyly gidendigini aňladypdyr. Şondan soň mallar ýaz ýurduna sürlüp başlanylypdyr. Çarwa halkynyň arasynda «sazak ýaran gara ýel» diýen gürrüňem bar. Sazak ýaran ýel fewral aýynyň 12-sinden soň bolup geçýär. «Sazak ýaran gara ýel» diýlip günbatar-demirgazyk tarapdan öwüsýän güýçli ýele we sazaklaryn pürleriniň pyntyk ýarmagyna aýdylýar.

Söz ussady Magtymguly atamyzyň «Çille dolup, garlar gyşdan aýrylsa» ýa-da halk nakylynda «Gaňtar agsa, gar durmaz» diýlişi ýaly, türkmeniň aý-gün hasaby boýunça fewral aýynyň 21-nde gyş gutaryp, togsan dolýar. Türkmen halkynyň çarwa hasaby boýunça aňzak gyş gutaryp, pasyllaryň soltany ýaz başlaýar. Bu hasaba «togsan doldy», şeýle hem «çarwa nowruzy» diýilýär. Çarwa nowruzy fewral aýynyň 22-sinden tä mart aýynyň 20-sine çenli dowam edýär. Çarwa halky bu döwri «ýelin aýy» diýip hem atlandyrýar. Bu döwürde çarwalaryň, çopandyr çoluklaryň işi özüne ýetik bolýar, owlak-guzy alynýar.

**5.8-nji ýumuş.** Berlen pikirleri tekst esasynda dogry ýa-da nädogrydygyny degişli sütünde görkeziň.

| T/s | Düşünjeler | Dogry | Nädogry |
|---|---|---|---|
| 1 | Çarwa obalarynda ýylyň bütin dowamynda düýe çaly taýýarlansa-da, huruş hökmünde peýdalanylmaýar. | | |
| 2 | Gury ot-çöp iýip gelen düýäniň süýdi bilen sazak ýarylandaky düýe süýdüniň çalynyň tapawudy ýok. | | |
| 3 | Saryýagy küýze gaplara guýup saklapdyrlar. | | |
| 4 | Çarwa nowruzy fewral aýynyň 22-sinden tä mart aýynyň 20-sine çenli dowam edýär. | | |
| 5 | Sazak ýaran ýel fewral aýynyň 16-syndan soň bolup geçýär. | | |
| 6 | Gyş paslynyň tamam bolandygyny-bolmandygyny saryýagly küýzeleriň üsti bilen bilipdirler. | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**5.9-nji ýumuş.** Çeper eserlerden içinde tirkeş sözler bolan 10 sany sözlemi tapyp göçüriň. Olaryň nähili hasyl bolandygyny düşündiriň.

## Geçilen temalar boýunça bilimleriňizi synaň

| 1. Sada sözlerden goşma sözleriň hasyl bolmagy üçin näçe sany şert gerek? | |
|---|---|
| A. 5 | S. 6 |
| B. 4 | D. 2 |

| 2. Basym hem many taýyndan birleşip, goşma sözi hasyl eden goşma atlar nähilli ýazylýar? | |
|---|---|
| A. Goşulyp | S. Goşulman |
| B. Defis arkaly | D. Goşa dyrnaga alnyp |

| 3. Goşulyp ýazylýan goşma sözleriň düşürilip aýdylýan çekimli sesleri (has at bolmasa) nähili ýazylýar? |
|---|
| A. Galdyrylyp ýazylýar |
| B. Galdyrylman ýazylýar |
| S. Goşulyp |
| D. Goşulman |

| 4. Sözleriň ilki harplaryndan ýasalan goşma sözler nähili ýazylýar? |
|---|
| A. Baş harp bilen |
| B. Goşa dyrnaga alnyp |
| S. Setir harp bilen |
| D. Goşulyp |

| 5. Goşulyp ýazylýan goşma sözleriň düşürilip aýdylýan çekimli sesleri (has at bolmasa)nähili ýazylýar? | |
|---|---|
| A. goşulyp | S. Aýra ýazylýar |
| B. galdyrylyp | D. Galdyrylman ýazylýar |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| 6. Tirkeş sözler özleriniň düzülişleri boýunça näçe topara bölünýär? | |
|---|---|
| A. 3 | S. 4 |
| B. 6 | D. 5 |

| 7. Defis nähili belgi hasaplanýar? | |
|---|---|
| A. Logik | S. Punktuasion |
| B. Traza | D. Orfografik |

| 8. Aga, jan, eje, han, beg, baý...ýaly sözler has adyň bir bölegi bolman gelenlerinde, özünden öň gelen at bilen nähili ýazylýar? | |
|---|---|
| A. Goşulyp ýazylýar | S. Defis bilen |
| B. Aýra ýazylýar | D. Dogry jogap ýok |

| 9. Gysgaldylan goşma sözlemler näçe ýol bilen ýasalýar? | |
|---|---|
| A. 3 | S. 2 |
| B. 5 | D. 4 |

| 10. Iki sany bir-birine ýakyn manyly sözlerden düzülen tirkeş sözleri tapyň? |
|---|
| A. Suw-puw |
| B. Çörek-pörek |
| S. Gap-çanak |
| D. Gülüp-gülüp |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# III BAP

# HUKUKDAN BORJUŇA ÇENLI



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS




**1.1-nji ýumuş.** Aşakdaky tekst bilen tanyşyň.

## ŞAHSYŇ HUKUKLARY

Özbegistan döwleti halkyň hukuklaryna we azatlyklaryna ygrarly, sebäbi döwletiň borjy, ähli taraplaýyn halkyň hukuklaryny goramakdyr. Döwlet adamlaryň gorkuda ýaşamazlygyny üpjün etmek üçin hyzmat edýär. Özbegistanyň her bir raýatyna jynsyna, milletine, diline, dinine, jemgyýetçilik gelip çykyşyna, hünärine, şahsy we jemgyýetçilik ýagdaýyna garamazdan adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulmaýandygyny sud tarapyndan goralýandygyny kepillendirýär.

Adam we raýat hukuklary azatlyk faktorlary adama rahat ýaşamaga we ykdysady, jemgyýetçilik, medeni we syýasy ugurlarda öz mümkinçiliklerini we zerurlyklaryny durmuşa geçirmäge zerurçylyk berýän kanuny statusdyr. Adam hukuklaryna we azatlyklaryna boýun bolmak Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýa düzgüniniň esasyny düzýär. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda göz öňde tutulan hukuklar we azatlyklar kanunlaryň mazmunyna we ulanylyşyna, kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji guramanyň işine gönüden-göni täsir edýär; Konstitutsiýa ähli raýatlaryň kanunyň öňündäki deňlige, başgalaryň hukuklaryna hor-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

mat goýmak ýörelgelerine başgalaryň kanuny bähbitlerini, hukuklaryny we azatlyklaryny bozmak bilen öz hukuklaryny we azatlyklaryny ulanmaga ýol berilmezlige we öňe sürülmegine esaslanýar.

Döwletimizde raýatlaryň ähli hukuklary we azatlyklary Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 18-46-njy maddalarynda pugtalap goýlan we olar şahsy, syýasy, ykdysady we sosial, medeni hukuklara bölünýär. Konstitusiýada we halkara hukugynyň kadalarynda göz öňde tutulan hukuklara we azatlyklara boýun bolmalydyr.

1. Döwletimiziň raýatlarynyň esasy hukuklaryny we borçlaryny bilýärsiňizmi?
2. Siziň pikiriňize görä, özüňizi erkin we özbaşdak ynsan diýip duýmagyňyz üçin nähili hukuklara, azatlyklara eýe bolmalysyňyz?

## TÜRKMEN DILINIŇ ELIPBIÝI

Elipbiýi öwrenýän ylma **grafika** diýilýär. Ol ses bilen harplaryň gatnaşygyny öwredýär.

**1.2-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden elipbiý tertibinde gelýän sözleri yzygider saýlap ýazyň.

Elipbiý tertibini oňat bilmek her hili sözlüklerden peýdalanmak üçin gerek bolýar. Çünki sözlüklerde sözler elipbiý tertibi bilen berilýär. Sözlükde a harpyna başlanýan birnäçe söz bolsa, olaryň haýsynyň ilki, haýsynyň onuň yzyndan gelýändigini bilmek üçin, sol sözleriň ikinji harpyna, eger ikinji harpy hem meňzeş bolsa, onda olaryň üçünji harpyna we şol tertipde ondan soňky gelýän harpyna seretmek gerek bolýar. Kim elipbiý tertibini oňat bilse, ol sözlükden peýdalanmagy hem oňat başarýar we sözleri elipbiý tertibinde düzmegi hem gowy ýerine ýetirer.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1.3-nji ýumuş.** Tekstden alnan böleklerdäki sözleriň galdyrylan harplaryny ýerine goýuň.

Özbegist...n döwleti halkyň hukuklaryna we azatlyklaryna ygrarly, se...äbi döwletiň borjy, ähli taraplaýyn halkyň hukuklaryny goramakdyr. Özbegistanyň her bir raýatyna jynsyna, milletine, diline, dinine, jemgyýet...ilik gelip çykyşyna, hünärine, şahsy we jemgyýetçilik ýagdaýyna garamaz...an adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulmaýandygyny sud tarapyndan goralýandygyny k...pillendirý...r. Adam we raýat hukuklary azatlyk...aktorlary adama rahat ýaşama...a we ykdysady, jemgyýetçilik, medeni we syýasy ugurlarda öz mümkinçiliklerini we zerurlyklaryny durmuşa geçirmäge zerurçylyk berýän kanuny statusdyr.

**1.4-nji ýumuş.** Täze türkmen elipbiýini tertip boýunça sütünlere bölüp, okalyşy bilen birlikde depderiňize ýazyň.

**1.5-nji ýumuş.** Tekst bilen tanyşyň. Çekimli sesleriň sazlaşygyna üns beriň. Olary saýlap depderiňize göçüriň.




Bu sözi mydam eşidýänsiňiz: «Jogapkärçilik almak». Diýiljek bolýan zat sada we düşnükli ýaly. Emma bu aslynda näme diýmek? Gowy durmuşda ýaşajak bolsaň jogapkärçilikli garaýşyň bolmaly. Işleri ugrunda bolmadyk wagty adam näme edýär? Köplenç beýlekileri günäkärleýär, zeýrenýär, bahana tapyp bu bolan zadyň öz ýalňyşy däldigine üns çekýär. Beýle etmek üýtgemek mümkinçiliginden ýüz öwürmekdir.Jogapkärçilik alanyňda durmuşyňy kontrol edýärsiň. Jogapkärçiligi kabul etmeseň näme edeniňde-de haýry ýok, kän uzaga gidip bolmaýar. Diýeli biznesiň ugruna bolanok. Sen hem ekonomiki şertleri ýa-da garşydaşyňy günäkärleseň näme bolýar? Ekonomiki şertleri-hä üýtgedip bileňok, garşydaşyňa-da diňe belli bir derejede täsir edip bilersiň. Beýle ýagdaýda edip biljek ýeke gowy zadyň jogapkärçiligi kabul etmek. Şeýdeniňde ýagdaýy üýtgedip bilýäň. Seniň ýalňyşlygyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bolman biler bu zatlar, emma bu seniň düzetmeli zadyň. Hem-de diňe düzetmek hem däl, indiki gezeklerde bu ýagdaý bolmaz ýaly, bolsa-da zyýansyz çykar ýaly özüňi ösdürmeli, öwrenmeli, hereket etmeli.




Mark Manson bir kitabynda şeýle diýýär: «Ýalňyşlyk öten zamanda, jogapkärçilik häzirki zaman.» Ýagny ýalňyşlygy kim nähili eden bolsa-da, boljak zat boldy. Indi SEN bir zat edip ýagdaýy gowulaşdyrmaly. Netijede durmuş seniňki. Hiç zat etmeseň kösenýän sen bolýaň.

Nädip jogapkärçilik almaly:

1. Netijeleri sen döredýändigiňe düşün.
2. Günäkärlemegi bes et.
3. Bahana tapma.
4. Şu wagtda ýaşa.
5. Bolýan zatlary özüňe çekme
6. Eliňden geleni et, özüňi aldama

Kynçylyklar, meseleler durmuşyň esasy bölegi, uly ýalňyşlyklary etmez ýaly hemme zat barada öwren. Adamyň tebigaty we psihologiýasy hakynda pikirlen.. Durmuşyň dürli pudaklarynda nämeler bolýar, öwren. Öňüňde maksat goý. Pikirlen. Kitap oka. Döredijilik işiňi başla. Argumentleriň iki tarapyny-da eşit. Adam mydama ýalňyşýar, özüň we beýleki islendik adam ähli zady dogry edýändir öýtme, pespäl bol. Gözlegde bol.

**1.6-nji ýumuş.** Tekstden peýdalanyp, test görnüşdäki ýumuşy ýerine ýetiriň.

1. **Gowy durmuşda ýaşajak bolsaň, ...**

A. Jogapkärçilikli garaýşyň bolmaly
B. Wagta seretmeli
S. Döredijilik etmeli

2. **Işleri ugrunda bolmadyk wagty adam näme edýär**?

A. Özi halamaýan işi bilen meşgul bolýar
B. Adamlary gybat edýär
S. Köplenç beýlekileri günäkärleýär, zeýrenýär, bahana tapýar.

3. **Kynçylyklar, meseleler ...**

A. bizi yza galdyrýan zat
B. durmuşyň esasy bölegi, uly ýalňyşlyklary etmez ýaly hemme zat barada öwrenmeli.
S. durmuşyň bezegi



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4. **Adam mydama ýalňyşýar, ...**
A. bu bizi çökgünlige salýar
B. netijede durmuş seniňki
S. özüň we beýleki islendik adam ähli zady dogry edýändir öýtme, pespäl bol. ...

5. **Jogapkärçilik alanyňda, ...**
A. durmuşyňy kontrol edýärsiň
B. jemgyýete howp salarsyň
S. Özüňi dolandyryp bilmersiň

6. **Seniň ýalňyşlygyň bolmadyk zatlar,...**
A. seni ýagtylyga çykarar
B. bolýan zatlary özüňe çekdirer
S. emma bu seniň düzetmeli zadyňdyr

7. **Indiki gezeklerde bu ýagdaý bolmaz ýaly, ...**
A. adamyň psihologiýasy barada pikirlenmeli
B. özüňi ösdürmeli, öwrenmeli, hereket etmeli
S. döredijilik işiňi başlamaly

8. **Mark Manson bir kitabynda şeýle diýýär: «Ýalňyşlyk öten zamanda, ...**
A. jogapkärçilik häzirki zaman
B. ýagşylyk häzirki zaman
S. kemçilik häzirki zaman

9. **Adamyň tebigaty we psihologiýasy hakynda , ...**
A. kitap oka
B. pikirleniň
S. Bahana tapma

## 2-NJI DERS

### AWTORLYK HUKUGY

**2.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we onuň mazmuny gürrüň ediň.

Awtorlyk hukugy-giň manyda-ylym, edebiýat we sungat eserlerini döretmekde, ulanmakda we kanuny taýdan goramakda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanuny kadalaryň toplumy, raýat hukugynyň bir şahasy. Ol giň manyda, awtora degişli we kanunda berkidilen şahsy we emläk hukuklaryň ulgamy. Awtorlyk hukugy gatnaşyklary her bir



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



ýurduň kanunlary we halkara konwensiýalary bilen dolandyrylýar. Awtorlyk hukugy hakynda 1952-nji ýyldaky Bütindünýä konwensiýasy we edebi we çeper eserleri goramak boýunça 1886-njy ýyldaky Bern konwensiýasy bar. Bern konwensiýasy awtorlyk hukuklaryny goramagyň berk ulgamyny öz içine alýar. Özbegistanda awtorlyk hukugynyň esasy kadalary Özbegistan Respublikasynyň Raýatlyk kodeksinde we Özbegistan Respublikasynyň 1996-njy ýyl 30-njy awgustdaky «Awtorlyk hukugy bilen baglanyşykly hukuklar» kanunynda kesgitlenildi. Awtorlyk hukugy, maksadyna we gymmatyna, şeýle hem aňlatma usulyna (golýazma, şekil, audio-wideo ýazgysy, heýkeltaraşlyk we ş.m.) döredijilik işjeňliginiň netijesi bolan ylym, medeniýet, edebiýat, sungat eserlerine degişli. Awtoryň eserine aşakdaky şahsy eýeçilik we eýeçilik däl hukugy bar:

Awtor hökmünde ykrar edilmek hukugy; eseri öz ady, lakamy ýa-da anonim ýagdaýda çap etmek hukugy; eseriň eldegrilmezlik hukugy; eseri islendik görnüşde ulanmak hukugy; eseri neşir etmek hukugy; eseri ulanmak üçin töleg almak hukugy; eseri ýok etmek hukugy; eger diňe awtor ýa-da onuň mirasdüşeri bilen şertnama baglaşmak arkaly ulanylyp bilner.

Neşir edilen daşary ýurt eserini awtoryň razylygy bolmazdan we awtorlyk hukygynyň tölemini tölemezden şahsy maksatlar üçin ulanmak, eseriň adaty ulanylyşyna we awtoryň kanuny bähbitlerine zyýan bermeýän şertlerde. Eserdäki awtorlyk hukugy döredilen gününden başlap güýje girýär. Awtor wepat bolandan soň awtorlyk hukugy mirasdüşerlerine degişlidir we miras arkaly bir adamdan beýlekisine geçýär. Awtorlyk hukugy gutarandan soň, eser sosial baýlyga öwrülýär, ýagny islendik adamyň mugt ulanmaga hukugy bar. Awtorlyk hukugy şahsy eýeçilik däl, hukuklar belli bir möhletde hereket edýär.

Awtorlyk hukugy bozulan ýagdaýlarda häkimýet tarapyndan goralýar. Awtorlyk hukuklarynyň bozulmagynyň umumy görnüşlerine göçürme, medeni ogurlyk we eseriň awtorynyň rugsady bolmazdan täjirçilik taýdan ulanylmagy degişlidir. Şeýle ýagdaýlarda hukuk bozujy awtorlyk hukugyny dikeltmeli we ýitgileri tölemeli. Hukuk eýesinden başga adamlar awtorlyk hukugyny diňe hukuk eýesiniň razyçylygy bilen we berlen ygtyýarlyklaryň çäginde (mysal üçin ynanç haty bilen) dolandyryp bilerler. Awtorlyk hukugy eýeleri şol hukugy dolandyrmak üçin jogapkär guramalary döredip bilerler. Awtorlyk hukuklaryny goramagyň guramaçylyk we kanuny goldawy ugrunda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek üçin Özbegistanda «Awtorlyk hukuklaryny goramak» edarasy öz işini alyp barýar.

1. Awtor kim? Ol barada nähili maglumatlara eýesiňiz?
2. Awtorlyk hukugy diýende nämä düşünýärsiňiz?
3. Awtorçylyk hukugy nähili ýagdaýda bozulýar diýip pikir edýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÇEKIMLI SESLERIŇ DÜRS ÝAZUW KADALARY. TÜRKMEN DILINDÄKI ÇEKIMLI SESLER. OLARYŇ UZYN WE GYSGA AÝDYLYŞLARY

**Sap owazdan emele gelip, päsgelsiz aýdylýan seslere çekimli sesler diýilýär.**
**Türkmen dilinde 9 sany çekimli ses bar: a, e, ä, i, o, ö, u, ü, y.**

**Ýatda saklaň!**

Bu orfografik düzgün ses we harp, çekimli sesleriň uzyn-gysga aýdylyşy, bogun, sözleriň manysynyň özgermegi hem üýtgemegi barada öwrenilen materiallardan ýüze çykarylýar. Çekimli sesleriň uzyn we gysga aýdylmagy aýratyn bellik ýa-da harp bilen bellenilmeýär. Olaryň ikisi üçinde bir harp ulanylýar. Sebäbi seýle sesleriň manylary söz düzüminde ýa-da sözlemlerde aýdyň ýüze çykýar.

**2.2-nji ýumuş.** Aşakdaky söz düzümlerinde aýratynlandyryp ýazylan sözleriň nähili aýdylýandygyny anyklaň we haýsy söz toparyna degişlidigini ýazyň.

| Söz düzümleri | Söz toparlary |
|---|---|
| *at* çapmak | |
| tüpeň *at* | |
| ýoldan *öt* | |
| *öt* haltasy | |
| *biz* mata | |
| *biziň* hemmämiz | |

**Ýatda saklaň!**

Uzyn hem gysga aýdylýan çekimlileriň her haýsy aýry seslerdir. Olar sözüň many aňladyşyna iki hili gatnaşyk edýär.

1. Sözüň manysyny özgerdýär.

Meselem: at-a:t, ýol-ý:ol, ot-o:t, it-i:t, uç-u:ç; bir-bi:ri, bagy-Bagy: ýew, burun-Burun: ow…

2. Sözüň manysyny üýtgedýär.

Bu özgerişleri sözüň many aňladyşyna esaslanyp, ýüze çykarmak mümkin.

Uzyn we gysga çekimliler birnäçe orfografik düzgünler: dodak çekimlileriň ýazuw düzgüni: dar çekimlileriň düşüp galyşy, dymyk çekimsiz sesleriň açyk seslere öwrülip-öwrülmezligi bilen pugta baglanyşykly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.3-nji ýumuş.** Berlen pikirleri tekst esasynda dogry ýa-da nädogry-dygyny degişli sütünde görkeziň.

| T/s | Düşünjeler | Dogry | Nädogry |
|---|---|---|---|
| 1 | Awtorlyk hukugy raýat hukugynyň bir şa-hasy hasaplanýar. | | |
| 2 | Awtorlyk hukugy bozulan ýagdaýlarda häkimýet tarapyndan goralmaýar. | | |
| 3 | Özbegistanda awtorlyk hukugyny gora-mak boýunça «Awtorlyk hukuklaryny go-ramak» edarasy iş alyp barýar. | | |
| 4 | Awtorlyk hukugy gatnaşyklary her bir ýur-duň kanunlary we halkara konwensiýa-lary bilen dolandyrylmaýar. | | |
| 5 | Özbegistan Respublikasynda 1991-njy ýyl 21-njy awgustda kanun tassyklanyldy. | | |
| 6 | Başga adamlar awtorlyk hukugyny diňe hukuk eýesiniň razyçylygy bilen (mysal üçin ynanç haty bilen) dolandyryp bilerler. | | |

**Bellik:**

1. Diňe sözüň soňunda ***y, i*** çekimlileriniň uzynlygy ***ý*** harpy bilen bellenilýär: **iý, diý, gyý, elipbiý...**

2. Hemme bogunlarda **ü** çekimlisiniň uzynlygy **ý** harpy bilen aň-ladylýar: **süýji, küýze, süýri, güýz, üýtgeşik, jüýje.**

3. Sözüň soňunda **u** çekimlisiniň uzynlygy, esasan, **w** harpy bilen görkezilýär: **okuw, hyjuw, arzuw, ýazuw, dynuw.**

**2.4-nji ýumuş.** Sözleriň aýdylşyna we ýazylşynda nähili tapawudyň bard-ygyny anyklaň we orfografik düzgüne esaslanyp, ikinji bölegi dolduryň.

**Aýdylyşy**

1 — I, di, gy, elip-biý, süji, küze, güz, süri, jüje, oku, hyju, arzu, ýazu, dynu

**Ýazylyşy**

2 — Iý,

**2.5-nji ýumuş.** «Awtorlyk hukugy» tekstinden bäş sany sözlemi saýlap ýazyň, inçe çekimlileriň aşagyny bir çyzyk, ýogyn çekimlileriň aşagyny iki çyzyk çyzyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-NJI DERS



## GENDER DEŇLIGI

**3.1-nji ýumuş.** Teksti okaň.




Özbegistanyň prezidenti Şawkat Mirziýaýew 2020-nji ýylyň 23-nji sentýabrda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 75 ýyllyk sessiýasynda çykyş etdi. Şawkat Mirziýaýew çykyşynda halkara jemgyýetine sebitleýin we global ähmiýetli möhüm meseleler boýunça öz garaýyşlaryny hödürledi.

Görkezmeleriň arasynda jyns meselesi aýratyn möhümdi. Döwletimiziň baştutany öz çykyşynda «Jynys taýdan deňlik syýasaty biziň üçin ileri tutulýan ugur boldy. Aýallaryň döwlet dolandyryşynda tutýan orny barha artýar. Aýal-gyzlaryň orunbasarlarynyň sany iki esse artdy»-diýdi. Aýal-gyzlaryň mümkünçiliklerini durmuşa



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

geçirmek üçin ähli şertleri üpjün etmek döwlet syýasatynyň derejesine çykdy.




Gender deňligi-jyns taýdan deňlikdir. Dünýäde jyns taýdan deňlik ugrunda işjeň göreşýän syýasatçylar, alymlar we sungat işgärleri köp. Gender deňligi durnykly ösüş bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr we adam hukuklarynyň hemmesi üçin durmuşa geçirilmegi üçin möhimdir. Gender deňliginiň umumy maksady-aýallar we erkekleriň durmuşyň ähli ugurlarynda deň mümkinçiliklerden, hukuklardan we jogapkärçiliklerden peýdalanýan jemgyýetdir. Erkekler we aýallaryň arasyndaky deňlik, jynslaryň ikisi-de güýç we täsir paýlanyşygyna deň-derejede gatnaşyp, iş ýa-da işewirligi döretmek arkaly maliýe garaşsyzlygyny gazanmak üçin deň mümkinçiliklere eýe bolanda bolup bilýär, bilime deň elýeterlilik we şahsy maksatlaryny, gyzyklanmalary we zehinleri ösdirmek mümkinçiligine eýe bolanda, öý jogapkärçiligini we öý işlerini paýlaşyp, işde-de, öýde-de gorkuzylmadan, sütemden we jyns zorlygyndan doly azat bolanda bolup bilýär.

Gender deňligi boýunça maksatnama döwletde aýallara we ýetginjeklere aň düşünjeli saýlaw etmäge we zorlukdan azat bolmaga mümkinçilik berýän toplumlaýyn ulgamlary we gurallary döretmek, şeýle hem jemgyýetde onuň durmuş kadalaryny öňe sürmek üçin erkekleri we oglanlary çekmek boýunça döwlet edaralary bilen işlemäge gönükdirilen.

8-nji mart Halkara aýal-gyzlar güni. UNISEF aýal-gyzlary jyns taýdan deňligi üpjün etmäge we has gowy gelejegi gurmak üçin mümkinçiliklere ünsi jemledi. Muňa ýetmek üçin aýallar ykdysady, syýasy, medeni we dolandyryş ugurlaryna işjeň gatnaşmaly, resmi we resmi däl bilimlere bolan talaplary giňeltmeli, gyzlaryň ylym, tehnologiýa, kompýuter sowatlylygy, matematika (STEM) we sanly tehnologiýa endiklerine gatnaşmagyna mümkinçilik döretmeli. Aýal-gyzlaryň howanyň üýtgemegine uýgynlaşmagy, dürli täsirleri azaltmagy we hemmeler üçin has durnukly geljegi gurmaga goşýan goşandyny ykrar edýän «Durnukly ertir üçin, şu gün jyns deňligi» şygary astynda birnäçe işler amala aşyrylýar.

Döwletimiz gyzlaryň we aýallaryň hukuklaryny giňeltmek üçin uly tagalla edýär. Olar üçin ep-esili öňe gidişlik gazanylsa-da, şäher we oba ýerlerinde gyzlar we aýallar üçin deň mümkinçilikleri döretmek üçin edilmeli işler köpdür.

1. Gender deňligi näme?
2. Biziň ýurdumyzda Gender deňligi meselesi barada nähili işler alnyp barylýar?
3. Siziň pikiriňizçe, ýer ýüzündäki ähli erkek we aýallar birmeňzeş sosial hukuklar we mümkinçiliklere eýemi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.2-nji ýumuş.** Aşakdaky ýumuşy ýerine ýetiriň.

| Tekstde haýsy sözleriň ýazuw düzgüninde ýalňyşlyk bar. (Ilki sözüň tekstde ýalňyş ýazylan görnüşini, soň şu sözleriň dogry ýazylyşyny görkeziň. Tekstde 10 sany ýalňyş ýazylan sözi tapyň.) | |
|---|---|
| **Sözüň tekstdäki ýalňyş ýazylyşy** | **Şu sözüň dogry ýazylyşy** |
| durmuşa | durmuşa |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |

**3.3-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden peýdalanyp sada we goşma hem-de tirkeş sözleri tapyp depderiňize ýazyň. Soňra olary morfologik taýdan derňew ediň.

## INÇE WE ÝOGYN ÇEKIMLILERIŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

Bu orfografik düzgün ses we harp, çekimli we çekimsiz sesler, olaryň aýratynlykdaky atlary, inçe we ýogyn çekimliler, asyl söz we goşulma, sözleriň hilleri: sada, goşma, tirkeş, gysgaldylan goşma, alynma sözler barada geçilen materiallar bilen baglanyşyklydyr. Şoňa görä-de inçe we ýogyn çekimlileriň ýazuw düzgünini gowy bilmek üçin onuň ýatlanylan temalar bilen bagly ýerine gaýtalap, ýa-da salmak zerur.

**3.4-nji ýumuş.** Ýokardaky tekst sözlerinden peýdalanyp, aşakdaky harplardan sözler emele getiriň. Soňra inçe çekimli we ýogyn çekimlili sözleri aýry-aýrylykda depderiňize ýazyň.

| | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | d | a | m | k | u | j | d | k | o | s | t | i | t | u | s | i |
| r | ö | z | h | u | k | y | i | s | y | ý | a | s | a | t | y | ý |
| a | k | b | ö | m | i | n | n | s | u | d | ş | a | h | s | y | a |
| ý | a | e | z | l | l | s | h | ü | n | h | o | r | m | a | t | y |
| a | n | k | b | e | t | d | i | l | ä | r | d | ü | z | g | ü | n |
| t | u | n | e | g | i | s | t | a | n | a | z | a | t | l | y | k |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.5-nji ýumuş.** Tegelejikdäki jümlelerden peýdalanyp, durmuşy wakalar esasynda tekst dörediň we depderiňize ýazyň.







# 4-NJI DERS

## ŞAHSYŇ JOGAPKÄRÇILIGI

**4.1-nji ýumuş.** Teksti okaň. Şahsyň jogapkärçiligi barada pikir ýörediň.

Jogapkärçilik bu – borçlary ýerine ýetirmek we karar berende ýa-da netijä gelende seresap bolmakdyr. Jogapkärçilik, kimdir birine ýa-da bir zada jogapkär bolmak faktydyr.

Başgaça aýdylanda jogapkärçilik adamlaryň bireg-birege bolan ynamyna jogap hökmünde özüňize we başgalara ideg etmek diýmekdir. Jogapkärçilikli jogap berenimizde, jemgyýetimize we başgalara wepalydygymyzy bilýäris.

Jogapkärçilik, maşgala, bilime, işe we raýat durmuşyna täsir edýändigi üçin gymmatlyk we ahlakly amaldyr. Jogapkärli adam öz borçlaryny wagtynda we netijeli ýerine ýetirýär. Mysal üçin, wezipeleri we jogapkärçiligi mümkin boldugyça ýerine ýetirýän adam, öz işi üçin jogapkärdir.

Şeýle hem, kimdir biri hereketleriniň netijesini öz üstüne alsa, jogapkär diýip aýdylýar. Mysal üçin, bir adam tötänleýin keseki bir zada zeper ýetirip, ony abatlamaga ýa-da täzesi bilen çalyşmaga taýyn bolsa.

Kanun boýunça jogapkärçilik, her bir hereket üçin kanun tarapyndan bellenilen möhletde, başgalara ýetirilen zyýanyň öwezini doldurmak üçin kanuny borçnamany aňladýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Jogapkärçilik jemgyýetçilik durmuşynyň köp ugurlarynda ulanylýar. Şonuň üçin jogapkärçiligiň dürli görnüşleri meselem, raýat, sosial, salgyt, bilelikdäki we çäklendirilen jogapkärçilikdir.

Jogapkärçilik sözi latyn dilinden alnan bolup reaksiýa, «Men jogap berýärin» bu öz gezeginde işlik hakda gaýtalanýan, gaýdyp gelýän we pikir berýän sözlerden alnan. «Wäde» «baglanyşyk» ýa-da «borç» manylaryny berýär.

Jogapkärçiligiň gymmaty, birek-birege ideg etmek we maşgala, jemgyýet we jemgyýetçilik ösüşine ýetmekdir. Kimdir biri jogapkär bolsa bu diňe bir öz ösüşine täsir etmän, başgalara-da zyýan ýetirer. Jemgyýetde adamlar öz hukuklaryny durmuşa geçirip, raýatlyk borçlaryny ýerine ýetirip, jogapkärçilikli hereket ederler.

Mysal üçin, ata-ene çagasyny terk edeninde, bu olaryň emosional ösmegine täsir edýär we olary has kyn durmuşda ýaşadýar. Emma, oňa gowy ideg etseňiz, çaga özüne bolan ynamda öser we başarnygyny hasam ösdürer. Şonuň ýaly-da bir ýurduň prezidenti we hökümet topary öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmese, sosial krizis ýüze çykýar. Munuň tersine, jogapkärçilikli hereket edenlerinde ýurt öňe barýar.

Görşümiz ýaly, ýokary jogapkärçilikli ýagdaýlar ýa-da rollar bar: syýasy pozisiýa, iş, ata-ene bolmak ýa-da birine ideg etmek.

Jogapkärçilik ahlak meselesidir, sebäbi ony ösdürip, umumy bähbitlere goşant goşýarys.

1. Jogapkärçiligiň gymmaty diýende nämä düşünýärsiňiz?
2. Perzent terbiýesinde ata-ene jogapkärçiliginiň nähili ähmiýeti bar?
3. «Jogapkärçilik ahlak meselesidir» diýen pikire nähili garaýarsyňyz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4.2-nji ýumuş.** «Şahsyň jogapkärçiligi» teksti esasynda aşakdaky test soraglarynyň dogry jogabyny anyklaň.

| **Test 1**<br>Jogapkärçilik, maşgala, bilime, işe we raýat durmuşyna täsir edýändigi üçin... we ahlakly amaldyr. | |
|---|---|
| A | erkinlik |
| B | gymmatlyk |
| S | adalatlylyk |
| D | jogapkärlik |

| **Test 2**<br>Jogapkärçilik jemgyýetçilik durmuşynyň köp...ulanylýar. | |
|---|---|
| A | ugurlarynda |
| B | ýerlerinde |
| S | görnüşinde |
| D | bähbitlerinde |

| **Test 3**<br>Emma, oňa gowy.... çaga özüne bolan ynamda öser we başarnygyny hasam ösdürer. | |
|---|---|
| A | täsir etseňiz |
| B | seretseňiz |
| S | mümkinçilik berseňiz |
| D | ideg etseňiz |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## DODAK ÇEKIMLILERIŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýadyňyzdamy?**

O, ö giň dodak çekimlileri, esasan, sözüň birinji bognunda ýazylýar. Emma (rus, arap-pars) sözlerde bu dodak çekimliler eşidilen ýerinde ýazylýar.

Birinji bognunda dodak çekimlilerden (o, ö, u, ü) biri gelen iki we köp bogunly

ikinji bognundaky gysga aýdylýan dar çekimliler dodaklandyrylyp ýazylýar.

Başgaça aýdylanda u, ü dar dodak çekimliler, esasan, sözüň birinji we ikinji bogunlarynda ýazylýar. Meselem: durmuş, üzüm, göwün, özüm, Uzuk, gurluşykçy.

Düýp sözlerde w harpyndan öň we soň u, ü dar çekimlileri eşidilýän ýerinde islendik bogunda ýazylýar. Meselem: ýaldyrawuk, gawun, gürlewük, jürlewük…

Soňy w sesine gutaran arzuw, hyjuw, çyzuw ýaly sözlere dar çekimli bilen başlanýan üýtgediji goşulmalar goşulanda dar çekimliler dodaklandyrylman ýazylýar: arzuwym, hyjuwym…

**4.3-nji ýumuş.** «Şahsyň jogapkärçiligi» tekstinden peýdalanyp, içinde dodak çekimlisi bar bolan sözleri tapyň. Giň we dar dodak çekimli sözleri aýry-aýrylykda ýazyň.

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Giň dodak çekimliler | |
| 2 | Dar dodak çekimliler | |

**4.4-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstlerden alnan sözleri dodak çekimlileriň dürs ýazuw kadalary esasynda ýazyň.

*Og...rlyk, ug...rlar, göç...rme, gön...den-göni, us...lyna, tut...lan, sür...lmegine, düzg...nleşdirýän, boz...jy, durm...şa.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Geçilen temalar boýunça biliminiňizi barlaň

| 1. Elipbiýi öwrenýän ylma näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Grafika | S. Sintaksis |
| B. Morfologiýa | D. Leksika |

| 2. Türkmenler arap ýazuwyndan näçe ýyl dowamynda peýdalanypdyrlar? | |
|---|---|
| A. Ýüz ýyl | S. Bäş ýüz ýyl |
| B. Müň ýyl | D. Elli ýyl |

| 3. Latyn harplary esasynda düzülen täze türkmen elipbiýi näçenji ýylda kabul edildi? | |
|---|---|
| A. 1923 | S. 1993 |
| B. 1928 | D. 1940 |

| 4. Çekimli sesler nähili emele gelýärler? |
|---|
| A. Sap owazdan |
| B. Galmagaldan |
| S. Owazly aýdylýar |
| D. Owaz bilen galmagaldan |

| 5. Türkmen dilinde näçe sany çekimli ses bar? | |
|---|---|
| A. 13 | S. 9 |
| B. 12 | D. 7 |

| 6. Diňe sözüň soňunda y, i çekimlileriň uzynlygy haýsy harp bilen bellenilýär? | |
|---|---|
| A. W | S. Ç |
| B. Ý | D. T |

| 7. Dilimiziň sözlük sostawyndaky haýsy sözlerde inçe we ýogyn çekimliler garyşyp gelýärler? |
|---|
| A. Türkmen sözlerinde |
| B. Umumyhalk sözlerinde |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| S. Rus, arap-pars sözlerinde | |
| D. Dialekt sözlerde | |

| 8. O, ö nähili dodak çekimli? | |
|---|---|
| A. Inçe çekimli | S. Ýogyn çekimli |
| B. Dar dodak çekimli | D. Giň dodak çekimli |

| 9. Dar dodak çekimliler (u, ü), sada sözleriň näçenji bogunlaryn-da ýazylýar? | |
|---|---|
| A. Birinji, ikinji | S. Birinji |
| B. Islendik bogunda | D. Ikinji |

| 10. U, ü nähili çekimli? | |
|---|---|
| A. Inçe çekimli | S. Giň dodak çekimli |
| B. Dar dodak çekimli | D. Ýogyn çekimli |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IV BAP

# MEN WE BAŞGALAR



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS



**1.1-nji ýumuş.** Teksti okaň, onuň mazmunyndan nähili netije çykarmak bolar.

## MENMENLIK-HELÄK EDÝÄN HÄSIÝET

«Men» düşünjesi we öz-özüňe baha bermek. Öz keşbiňe esaslanyp, şahsyýetde, şekilde üýtgeşik bolup biljekц, öz-özüňe baha bermek ulgamyny ösdürýär. Bu baha hakykatdan hem şahsyýetiň beýlekiler bilen hakyky gatnaşyklaryna bagly bolsa-da aslynda, ol adamyň ulgamyndaky kriteriýalardan emele gelýär, ýagny bu gatnaşyklara nä derejede ähmiýet berýär, öwgi özüne bolan hormatyny artdyrýar.

Fizika boýunça Nobel baýragynyň eýesi doktor Ahmet Züweýlden hakyky alymyň aýratynlyklary we çyn alym bilen alymsumagy nähili tanamalydygyny sorapdyrlar.

«Eger-de özüniň beýikdigi, başarnyklydygy, ylymlydygy, asyllydygy hakda söz açýan bolsa, ony diňläbem oturmaň. Çünki hakyky alymlar ylymda bir basgançak ýokary galdygy saýy öňlerinde özleriniň bilmeýän, özlerine düşnüksiz giden bir giňişligiň peýda bolýandygyny görýärler. Melekut äleminiň ýanynda öz bilýänleriniň peşe ganatyça hem ýokdugyna göz ýetirýärler. Ylym we magryfet deňzinde sadaja bir nokatdyklaryna düşünýärler» diýip, ol jogap beripdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Beýikligiň möhüm esbaplarynyň biri-durmuş mekdebinde hemişe okuwçydygyňy unutmazlyk. Beýiklere mahsus bir häsiýet – olar öz bilýän zatlarynyň çäginde hereket edýärler we aň-düşünjeleriniň gurşaýan zatlaryny okap bilmäge ukyply bolýarlar.

Jemgyýetiň iň haýyrly adamlarynyň biri-bilýän zadyna asylly amal edýän alymlar. Beýiklige edýän esasy derwezeleriň biri hem ylym-bilim öwrenmeklik. Öwrenmeli, bilmeli, özleşdirmeli ýöne her näçe sowatly bolsaňam, ulumsylyk edip, gaýşaryp ýörmek gelşiksiz. «Ökdeden-ökde bar» diýlen sözi hem ýatdan çykarmaly däldir.

Öz ýeten derejesi bilen buýsanyp, temegini göge dikýänler, wagtal-wagtal özgeleriň ýanynda gazanan zatlaryny ýatlap oturýanlar, aň ýetiren, öwrenen zatlaryny nygtaýanlar we özi bilen magtanýanlar-olar, aslynda, köňüllerindäki boşlukdan we öz başarnyklaryna ynamsyzlyklaryndan ejir çekýän adamlardyr. Üstesine, olar barlykdaky esasy hakykatdan bihabar adamlar, çünki ylma, hakykata, magryfete doly göz ýetirip bilmek adamzada berlen zat däldir. Diňe Allatagala ylym zerrelerini öwrenmegi öz halan bendesine bagyş eder.

Bir gün geler, aslynda hiç hili üns-ähmiýet berilmeýän ýönekeý adamlaryň biri olaryň hiç zat bilmeýändigini paş eder goýbär. Bu, köplenç şeýle bolýar.

Şu ýerde şoňa laýyk bir wakany ýatlasym gelýär. Olaryň biri köp zat bilýändigine hondan bärisi bolýan adam, beýlekisi akylly we üşüklidigine garamazdan, düşbüligi her göze ilmeýän ýönekeý adam.

Günleriň birinde bir çagajyk dellekhanalaryň birine girýär. Ony göreninden, dellek kinaýa-ýaňsy bilen ýylgyrypdyr. Öňünde oturan adamyň gulagyna pyşyrdap: «Ine, şu çagajyk dünýädäki iň samsyk çaga! Häzir garaş, men sözümi subut edeýin» diýipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Soňra dellek çagajygyň ýanyna barypdyr. Bir eline bir manatlyk pul, beýleki eline elli teňňelik pul goýupdyr-da: «Hany, körpe, şu ikisinden haýsy birini saýlajak?» diýipdir.

Çagajyk elli teňňelik puly saýlapdyr we gidipdir.

Dellek ýene-de kinaýaly ýylgyrypdyr, bu täsin tejribesi üçin özünden hoşallyk bilen gülüpdir. Öňünde oturan müşderisine garap: «Aýtdyma saňa, bu iň samsyk çaga diýip. Ol her gezek gelende şol bir hereketlerini gaýtalaýar. Hemişe az mukdardaky puly saýlaýar» diýip, loh-loh gülüpdir.

Saçyny bejerdeninden soňra ýaňky adam, dellekhanadan çykypdyr we oglanjygy gözläp tapypdyr. Ol süýji dükanynyň agzynda duran ekeni. Elindäki puluna işdäsi alan, iýesi gelen halwalaryny satyn alanyndan soňra, ýaňky adam çagajygyň ýanyna barypdyr. Özüni biynjalyk eden soragy beripdir: «Sen näme üçin her gezek has köp puly alyp bilýärkäň, az mukdardaky puly saýlaýarsyň?» diýipdir.

Oglanjyk ol adamyň gözlerine dikanlap seredipdir-de: «Eger-de ondan bir manat puly alan günüm, ol meniň bilen oýun oýnamagyny bes eder. Onsoňam, şol alan pulum maňa bir günlük süýji satyn almagyma ýetýär. Artykmajy özümde duranyndan, goý, ony dellekçi daýy saklap bersin» diýipdir.

Ol adam bu jogaba-bu herekete haýran galypdyr.

Pespällik hem Allatagalanyň bagyş eden rysgy. Ulumsylyk we hondan bärisilik bolsa, kem-kem uçuda golaýlaşdyrýan ýaramaz häsiýet. «Men, men» diýip, diňe özüni bilýän adamlaryň ahyr soňunda niçiksi duzaga düşýändiklerine durmuş şaýat. Olar dünýäni özi hakdaky gürrüňlerden, söhbetlerden dolduryarlar. Üstesine özlerini aşa akylly görkezjek bolup, gözden düşýärler. Soňra ol adama öwrenişýärler we gaýta äsgermän geçýärler, üstünden gülýärler.

Pespälligi özüne hemra edinen adamlar hakyky beýiklerdir. Dostum, özüne magrur ýaňky dellek ýaly akmak bolma! Özündäki «ýiti üýşüge»-daýanyp, beýlekileriň ýalňyşlyklarynyň üstünden gülýän dellek ýaly bolma. Hyýal dünýäsinde ýaşap, pöwhelik ýollaryndan gezseň, beýlekiler seni oýnar ýörerler.

Mahlasy, beýikligiň aňry çägini, kemalyny Alladan başga bilýän yok. Her näçe üşügiň, zehiniň, akylyň, sowadyň bolsa-da, özüňe ýa-da öz edýän işleriňe magrur bolma, gomparma, hondan bärsi bolup, hekgerip ýörme. Pespällik diwaryndan arkaňy aýyrma. Şonda Allanyň ýollan beýikligi, abraý-şerebi we mertebe derejesi, sen talap etmezdenem öz-özi gaşyňa geler we başyňa gonar.

1. Siziň pikiriňizçe dellegi nähili ynsan hasaplamak bolar?
2. Durmuşda beýiklige ýeten ynsanlaryň nähili häsiýetleri bolýar?
3. Öz ýeten derejesi bilen buýsanyp, temegini göge dikýänleri beýik ynsanlar hataryna goşmak mümkinmi?
4. Dellek bilen çaganyň arasyndaky bolan wakalardan nähili netije çykarmak bolar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5. Eger, siz durmuşda dellek ýaly ynsan bilen duş geläýseňiz, olar bilen nähili gatnaşykda bolardyňyz?

**1.2-nji ýumuş.** Surat bilen tanyşyň. Onda nähili ynsanlaryň keşpleri şekillenen diýip pikir edýärsiňiz? Pikiriňizi ýazma görnüşde delillendiriň.



## DAR ÇEKIMLILERIŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýadyňyzdamy?**

Dar çekimlileriň ikinji bogunda düşüp galmagy üçin şu şertler gerek:

1) dar çekimlisi düşýän sözüň soňy z, l, n, r, s, ş çekimsizlerine gutarmaly;
2) çekimlileri gysga aýdylmaly;
3) birinji bogny açyk bogun bolmaly;
4) düşüp galýan dar çekimliniň öňünden z, d –den başga çekimsizler gelmeli;
5) dar çekimliniň düşüp galmagy üçin söze çekimli sese başlanýan goşulma ýa-da söz goşulmaly;

Şu şertlere dogry gelen sözlerde dar çekimlileriň [has hem jyns atdygyna garamazdan] ikinji bogundaky dar çekimliler düşürilip ýazylýar.

**1.3-nji ýumuş.** «Menmenlik – heläk edýän häsiýet» diýen tekstden alnan sözlemlerde aýratynlandyrylan sözleriň dar çekimliniň düşmek düzgüniniň dogry ýa-da nädogrydygyny anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

D Öz keşbiňe esaslanyp, şahsyýetde şekilde üýtgeşik bolup biljek, öz-özüňe baha bermek ulgamyny ösdürýär. N

D Bir gün geler, asylynda hiç hili üns-ähmiýet berilmeýän ýönekeý adamlaryň biri olaryň hiç zat bilmeýändigini paş eder goýbär. N

D Soňra ol adama öwrenişýärler we gaýta äsgermän geçýärler, üstünden gülýärler. N

D Hyýal dünýäsinde ýaşap, pöwhelik ýollaryndan gezseň, beýlekiler seni oýnar ýörerler. N

**1.4-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden peýdalanyp, aşakdaky sütünleri dolduryň.

| Tekstde pespälligiň beýan edilişi. | Tekstde menmenligiň beýan edilişi. |
|---|---|
| | |

**1.5-nji ýumuş.** Gazet – žurnallardan dar çekimlileriň düşmek düzgünine degişli sözlemleri ýazyň, soňra olaryň ýazuw düzgünini düşündiriň.

## 2-NJI DERS





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




## KÖPÇÜLIKLEÝIN MEDENIÝET WE BIZ

**2.1-nji ýumuş.** Teksti okaň, ondaky maglumatlar bilen tanyşyň. Soňra öz pikiriňizi beýan ediň.

XXI asyryň tehniki ösüşi adamzat jemgyýetiniň ugurlaryna şol sanda, medeniýete hem düýpli täsir edýär. Köpçülikleýin maglumat we kommunikatsiýa serişdeleriň ösmekligi köpçülikleýin medeni çäreleri geçirmek üçin köp we täze tehniki hem tehnologiki mümkinçilikleri döredýär. Bu bolsa köpçülikleýin häsiýetli medeniýetiň döremegine getirýär. Maglumat serişdeleri özleriniň tehiki kuwwaty bilen medeni gymmatlyklaryň döredilişini we ýaýradylyşyny düýpgöter özgerdýär. Köpçülikleýin medeniýet ylmyň, sungatyň we sportuň dürli görnüşleri bilen bagly bolup, adamlaryň uly toparyny özüne birleşdirýär. Köpçülikleýin medeniýetiň täsiri esasynda «Köpçülikleýin adam hadysasy» ýüze çykýar. Şeýle adam özüniň özboluşlylygy, aýratynlygy barada, kän oýlanyp hem durmaýar. Gaýtam, tersine ol özüniň beýlekiler bilen meňzeşligine begenýär. Eger hakyky medeniýetiň gymmatlyklaryna eýerýän adam elmydama özünde aýratyn ukyby açmaklyga ymtylýan bolsa we ony açyp bilmedik ýagdaýynda kemsinýän bolsa, köpçülikleýin adam onuň tersine şeýle hili duýgulardan mahrumdyr. Köpçülikleýin medeniýet üçin iň häsiýetli aýratynlyklaryň biri başgalara öýkünmekdir. Köpçülikleýin medeniýetiň gymmatlyklaryna eýerýänler öz şahsy indiwiduallygyny we özüniň özboluşly aýratynlygyny görkezjek bolman, elmydama başgalara meňzemäge ymtylýar. Köpçülikleýin medeniýetiň ýoň bolan kadalary adamlary hakyky medeniýetden daşlaşdyrýar. Medeniýetiň gymmatlyklary esasan, çalasowat, dar dünýägaraýyşly adamlaryň arasynda has giň ýaýrawa eýedir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Köpçülikleýin medeniýetiň täsiriindäki adamlar ynsanlary däl-de, dürli predmetleri gadyrlaýarlar. Olar ruhy dünýäni däl-de içerki sarp edijileriň duýgularyna sarpa goýýarlar we olary giňden ýaýratmaga çalyşýarlar.

Dürli milletleriň durmuşyna «köpçülikleýin medeniýet»nykaby astynda girip gelýän howplaryň esasy maksady aşakdakylara gönükdirilen:

1) ahlak taýdan azgynlyk we zorluk, indiwidualizm we egosentrizm taglymlaryny ýaýratmak we şonuň hasabyndan baýlyk artdyrmak;

2) başga halklaryň müňýyllyk däp-dessur we gymmatlyklaryny, durmuş ýörelgesiniň ruhy esaslaryny äsgermezlik;

3) olary goparmaga gönükdirilen gorkuly howplar. Käte durmuşda duş gelýän, ahlaksyzlyga medeniýet diýip, we tersine asyl ruhy gymmatlyklary äsgermän, gadymdan galyndy diýip garamak bilen bagly ýagdaýlar ösüşe, parahatçylyga, aýratyn hem ýaşlaryň ykbalyna howp salmagy mümkin

Beýle hüjümlerden goranmak üçin beýik ata-babalarymyzyň, öz döwründe galdyran kämil ynsan hakyndaky ahlak normalaryň jemini, döwrebap dilde aýdanda, «gündogara mahsus ahlak kodeksini» nesilleriň kalbyna siňdirmek, halkymyzyň aňynda ar-namys, utanç we akyllylyk ýaly beýik ahlak duýgulary we düşünjeleri şekillendirmek möhümdir.

1. Siziň pikiriňçe medeniýetli ynsan nähili bolmaly?
2. Köpçülikleýin medeniýet täsirindäki adamlary medeniýetli ynsan hasaplamak bolarmy?
3. Köpçülikleýin medeniýetiň jemgyýetimize ýetirýän howplary barada nähili düşünjelere eýesiňiz?
4. Medeniýetli ynsana has bolan häsiýetleriň sanawyny düzüň.

**2.2-nji ýumuş.** Teksti okaň, ondaky maglumatlar bilen tanyşyň. Soňra shemany görkezilişi ýaly dolduryň.

| T/s | (Men bilýän maglumatlara dogry gelýär) | (Men bilýän maglumatlara dogry gelmeýär) | (Men üçin täze maglumat) | (Men üçin düşünersiz maglumaty anyklamak, shemany doldurmak zerur) |
|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |
| 5 | | | | |
| 6 | | | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.3-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti üns bilen diňläň we soraglara jogap beriň. Soňra ikinji bogunda dar çekimlisi düşýän sözleri tapyp, depderiňize ýazyň.

## KÖÇE EDEBI

Ata-babalarymyz köpçüligiň ulanýan ýoluny mukaddes saýypdyrlar. Sebäbi ýollaryň, köprüleriň, adamlaryň durmuşynda örän uly ähmiýeti bar. Döwletimiz ýollary gurmak, ony arassa saklamak, bejergi işlerini geçirmek üçin ummansyz çykdajy edýär. Misli seýilgähleri ýa-da salýan ýollaryň gyralaryna ekilen saýaly agaçlar, al-ýaşyl öwsüp oturan güller ýolagçylara estetiki lezzet berýär. Onuň gadyryny bilmek, arassaçylygy gorap saklamak, şeýle-de ýol hereketleriniň düzgünlerini berjaý etmek her bir raýatyň mukaddes borjudyr. Adamlar ýollaryň ugruna hapa dökmegi, ötegçi-geçegçä päsgelçilik döretmegi uly biedeplik hasaplaýarlar. Aýratyn hem gelin-gyzlaryň ýollara kir suwuny dökmekleri gaty aýyp saýylýar. Ýol üstünde uzak wagtlap gürleşip durmak hem halanýan gylyk häsiýet däldir. Eger gürleşmek zerurlygy çyksa, onda ötegçilere päsgel bermezlik üçin gyra çekilmeli.

Oglanlar käwagt üýşüp, gijäniň bir wagtyna çenli köçede gürleşip oturýarlar hem-de goňşularyň rahatyny bozýarlar. Ýaşlar mümkin bolan ýerlerde, ýollarda gabat gelýän ýaşuly adamlara, maýyp-müjüplere, çagalara agyr ýükli gelýän aýal maşgalalara kömek bermelidirler. Olara çatraklardan, köprülerden geçmäge ýardam etmelidirler. Adam terbiýesinde köçe görüm-göreldesiniň örän uly ähmiýeti bar. Köçede dürli milletlere, dürli ýaşdaky adamlara gabat gelinýär. Çagalar olara seredip, köp zatlar öwrenýärler. Köçede adamyň gylygynyň, häsiýetiniň artykmaçlyklary we ýetmezçilikler açylýar. Adam köçeden ýöräp barýarka, ondan köp zat öwrenýär. Gül bilen bezelen ýan-ýodalar, syrylyp-süpürilen duralgalar, geýnüwli oglan-gyzlar çalalarda gözellige, arassaçylyga, özüni medeniýetli alyp barmaga höwes döredýär. Adamlar kimiň-kimdigini örän tiz seljerýärler hem-de seniň aň-düşünjäňe görä baha berýärler. Köçeden eda bilen ýöräp barýan sadadan sypaýy geýnen gyza ýa-da ýigide gözüň düşýär. Olary görenler öz perzentleriniň hem şeýle edep-ekramly bolmagyny arzuw edýärler.

1. «Alym bolmak aňsat, adam bolmak kyn» diýen aýtga esaslanyp, diňlän tekstiňiz esasynda pikiriňizi beýan ediň.
2. Siz köçe edebini nähili berjaý edýändiginiz barada özüňiziň we deň-duşlarynyzyň durmuşyndan mysallar bilen delillendiriň.
3. Näme üçin köçe edebi saklanmaly diýilýär? Siziň köçedäki hereketleriňiziň sizden ýaşy ululara we ýaşy kiçilere nähili täsiri bolup biler?

**2.4-nji ýumuş.** Teksti okaň, sözleşikde iki hili aýdylýan sözleri saýlap göçüriň. Soňra «Edebi edepsizden öwren» diýen jümläni tekstiň mazmuny bilen baglap, durmuşy mysallar arkaly düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-NJI DERS

**3.1-nji** ýumuş. Aşakdaky teksti diňläp, galdyrylan sözleri ýerine goýuň.

## KÖPÇÜLIKDE ÖZÜŇI ALYP BARMAGYŇ MEDENIÝETI

Märekede özüňi alyp barmak hem özboluşly ___________, çünki adam (isle ol ýaş bolsun, isle-de uly) özüniň kimdigini, medeniýetli ýa-da medeniýetsizdigini, edepli ýa edepsizdigini, _________ ýa ____________ märekede aýan edýär. Il bolsa ýaşlaryň köpçülikdäki hereketi we özüni alyp barşyna syn edip, olara örän dogry baha kesmegi başarýar.

Toýlara çakylyk bilen barmak ____________, çünki toý eýesiniň sanalgy adam çagyryp, soňra degişli orun taýýarlan bolmagy mümkin. Bu ýagdaý restoranda geçirilýän toýda hut şeýle hem bolýar. Toýa çagyrylan wagtyndan ___________ ir bar welin gijä galma. Sebäbi ir barmakdan maksat toý saçagynyň başyna giçilýänçä, tanyşlaryň dost-ýarlaryň bilen salamlaşyp, _____________ soraşmakdan ybaratdyr.

Märekede düşekde ýa stolda oturmaga çagyrylanda, ýeriňi bilip otur, turuw başdan töre geçiberme çünki soň gelen ___________ seniň ýeriňi alyp bermekleri mümkin.

Stoluň başynda hatara oturlanda-da göni oturmaly. Stolda oturanlaryň öňünden geçmeli bolanda, oturanlara azar bermezlige çalşyň. Saçak başynda ýerde ___________ öňünden däl-de, arka tarapyndan geçilýändir, öňünden geçmek ___________ hasaplanylýar. Köp märekede ýoldaşyň bilen pyşyrdap gürleşmek mümkindir, emma üç bolup barýarkaň, olaryň biri bilen gizlin gürrüň etmek gelşiksizdir. Toýda dymyp, ___________, ýüzüňi sallap oturmak bolmaýar.

Döwrede barmagyňy agzyňa sokyp, burnuňy, gulagyňy, dişini gazalap oturýan adam öz medeniýetsizligini görkezýändir.

Nahar çekilenden soň, nahara __________ etmek nobaty ýaşulylaryňkydyr. Olardan öň başlasaňyz, size sabrsyz diýerler. Nahar iýeniňizde öz tabagyňyzdan, öz öňüňizden alyň. Oturanlaryň öňüne el uzadyp miwäniň gowusyny ____________ goýulan zatlaryň, uly ýa gowy böleklerini saýlaberen ýaşlar köpçülikde gowy görülmeýär.

Nahar iýip, töwür galdyrylandan soň, dessine düşekden turup gidibermäň.

Häzirki döwürde şäher köçelerinde, __________, kinoteatrlarda, seýil baglarynda görene lak atýan, hapa sözleri çekinmän aýdyp ýören ýaşlara, gynansak-da, köp duş gelinýär. Şeýle biedep ýaşlar we ýetginçekler diňe bir özlerine __________ döretmän, eýsem olary terbiýeleýän ata-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

enesine we dogan-garyndaşlaryna, hat-da il -gününe, milletine hem ysnat getirýärler. Şol __________ we _________ ýigitleriň diýeni bilen bolýan gyzlara-da akylly-başly maşgala diýmek bolmaz.

Diýmek, märekede özüňi edepli we medeniýetli alyp barmak arkaly adam köpçülige öz __________ bildirýär, iň esasy bolsa onuň özi iliň hormatyny gazanýar.

1. Medeniýet näme?
2. Medeniýetli adamda nähili sypatlar bolmaly?
3. Özüňize dost ýa-da jora saýlamakda nämä esaslanýarsyňyz?

**3.2-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden ikinji bogunda dar çekimlisi düşen sözleri saýlap depderiňize ýazyň.

**3.3-nji ýumuş.** Berlen pikirleri tekst esasynda dogry ýa-da nädogrydygyny anyklaň.

D ⇐ Toýa çagyrylan wagtyndan on-on bäş minit ir bar welin, gijä galma. ⇒ N

D ⇐ Märekede düşekde ýa stolda oturmaga çagyrylanda, ýeriňi bilip otur, turuw başdan töre geç. ⇒ N

D ⇐ Döwrede barmagyňy agzyňa sokup, burnuňy, gulagyňy, dişiň gazalap oturýan adam öz medeniýetsizligini görkezýändir. ⇒ N

D ⇐ Nahar iýip, töwür galdyrylandan soň, dessine düşekden turup gidiber. ⇒ N

## SÖZLEŞIKDE IKI HILI AÝDYLÝAN SÖZLERIŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýatda saklaň!**

1. Türkmen dilinde «byraw – buraw, mykdar – mukdar, minmek – münmek, hinji – hünji, Misir – Müsür» ýaly käbir sözler iki hili aýdylýar. Bu hili sözler ýazuwda dodaklandyrylyp, buraw, mukdar, münmek, hünji kimin ýazylýar. Emma mysgal, ýilik, mydam, Hindistan ýaly sözler bu düzgünden çykarylyp, dodaklandyrylman ýazylýar.

2. Sözüň ortasynda ýanaşyk gelýän –lg, -lň, -pr sesleriniň käbir ýagdaýlarda orunlarynyň çalşyrylyp, «ýalňyş – ýaňlyş, ylgamak – yglamak, toprak – torpak, ýaprak – ýarpak» ýaly aýdylyşyna gabat gelinýär. Ýazuwda sesleriň şunuň ýaly çalşyrylyp ulanylmagyna ýol berilmeýär. Başynda kä açyk, kä dymyk aýdylýan çekimsiz sesleriň açyk warianty ýazylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Sözüň başynda kä açyk, kä dymyk aýdylýan çekimsiz sesleriň açyk warianty ýazylýar.

Meselem: Pyçgy däl – byçgy, teprek däl – deprek, tokuz däl – dokuz…

**3.4-nji ýumuş.** Sözüň ortasynda ýanaşyk gelýän-lg, -lň, -pr sesleriniň käbir ýagdaýlarda orunlarynyň çalşyrylyp aýdylyşyna degişli 10 sany söz ýazyň we olary sözlem içinde getiriň.

**3.5-nji ýumuş.** Aşakdaky nesihatlar bilen tanyşyň. Ikinji bogunda dar çekimlisi düşen sözleri saýlap ýazyň we olaryň ýazuw düzgünini düşündiriň.

## ŞAHSYŇ BAŞGALAR BILEN ARAGATNAŞYGY
## (BIZIŇ GÜNLERIMIZIŇ NESIHATLARYNDAN)

1. Salamlaşylýan wagty salamlaşmak saglyk-amanlyk soralýan gezegi ýaşy ula ber.
2. Salamlaşanyňda iki eliň bilen görüşmegi öwrenjek bol.
3. Salamlaşanyňda, özüňden ýaşy uly adamlara we aýal-gyzlara ilki bolup eliňi uzatma.
4. Salamlaşanyňda agzyňda zat bolmasyn.
5. Uly oturylyşyklarda, ýas tutulýan ýerlerde, hajathanalarda, gapynyň agzynda resmi mejlislerde, ertir ukydan turup ýuwunmankaň, telefonda gepleşýän wagtyň elleşip salamlaşmakdan saklanjak bol.
6. Biriniň başyna iş düşende, duşmanam bolsa, eliňden gelen kömegi et.
7. Saz çalşaň, aýdym aýtsaň gözüňde tutuksy äýnek, agzyňda çilimdir nas bolmasyn. Ýygralyk etme. Öz pikiriňi erkin, aljyraman, gaharlanman beýan etmegi öwrenjek bol.
8. Eger özüňde häsiýetiň bardygyny bilseň, ony ýok etmek üçin dowamly wagtlap çalyş. Özüňi düzetjek bol. Öz işleýän ýeriňde özüňden ökdäni ýerliksiz tankyt edip abraý gazanjak bolma. Bu görüplikdir.
9. Biri bilen degişýän bolsaň, ýa-da şeýleräk melallaşýan bolsaň, onuň tebigy ýetmezçiligini agzama. Bu peslikdir.
10. Adalatsyz, akyl-paýhasa dogry gelmeýän işi etmek üçin çalyşma. Islendik meselede öz pikiriň, öz ýörelgäň, öz esaslanmaň bolsun.
11. Hiç kime hiç haçan münkürlik etme. Islendik ýagdaýda, hakykata göz ýetirmän, belli bir karara gelme.
12. Oturylyşyklarda käbir ýagdaýyňy tassyklatmak üçin «kak bäşi» diýip, ýanyňdaky ýoldaşyňa gaýta-gaýta eliňi serip durma.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**3.6.-nji ýumuş.** Surat esasynda suratlandyrma tekstini düzüň we ýazyň. Tekst aşakdaky böleklerden ybarat bolsun:

**Giriş.** Bu bölekde tekstde nähili proses suratlandyrylandygy hakynda maglumat berýärsiňiz.

**Esasy bölek.** Bu bölekde suratdaky detallar logiki yzygiderligi bilen şekillendirilýär. Suratda ýok zat hakynda ýazylmaýar.

**Netije.** Bu bölek 1-2 sany sözden ybarat bolup, onda suratdaky proses ýa-da suratçynyň ussatlygy baradaky netijäňiz görkeziler.

Sözleriň sany 80–120 aralygynda bolsun.

## Geçilen temalar boýunça bilimleriňizi synaň

| 1. Söz ortasynda ýanaşyp gelýän, bogna bölünende, her haýsy aýry-aýry bogna düşýän iki çekimsiz sesiň soňkusy açyk sese öwrülýärmi? | |
|---|---|
| A. Öwrülmeýär | S. Defis arkaly ýazylýar |
| B. Öwrülip ýazylýar | D. Aýry ýazylýar |

| 2. Sözüň ortasynda, ahyrynda iki çekimsiz sesiň ýanaşyp gelşinine we çekimsizleriň meňzeşleşmegine näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Dissimilýasiýa | S. Suffiks |
| B. Affiks | D. Assimilýasiýa |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| 3. Dogry ýazylan sözi tapyň? | |
|---|---|
| A. Topyrak, köpüri | S. Torpak, körpi |
| B. Toprak, köpri | D. Topirak, köpiri |

| 4. Asyl sözleriň soňunda iki çekimsiz sesiň ýanaşyk gelmegi haýsy dillerden geçen sözlerde köp duş gelýär? | |
|---|---|
| A. Arap-pars | S. Mongol |
| B. Rus | D. Pars |

| 5. Diliň leksikasyny öwredýän ylma näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Leksika | S. Leksikologiýa |
| B. Semasiologiýa | D. Leksikografiýa |

| 6. Dil hakyndaky kanun haçan kabul edildi? | |
|---|---|
| A. 21 -nji oktýabr 1989 | S. 21-nji oktýabr 1993 |
| B. 21-nji oktýabr 1990 | D. 21-nji oktýabr 1995 |

| 7. Başganyň sözi sözlemiň nirelerinde gelip bilýär? | |
|---|---|
| A. Diňe ahyrynda | S. Diňe ortasynda |
| B. Diňe başynda | D. Başynda, ortasynda, ahyrynda |

| 8. Garşydaş manyda ulanylýan sözlere näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Sinonim | S. Sitata |
| B. Antonim | D. Omonim |

| 9. Türkmen dilinde näçe sany söz topary bar? | |
|---|---|
| A. 5 | S. 6 |
| B. 2 | D. 7 |

| 10. Haýsy düşümler goşulmaly hem goşulmasyz gelip bilýär? | |
|---|---|
| A. Baş düşüm | S. Eýelik, ýeňiş düşüm |
| B. Ýöneliş düşüm | D. Ýeňiş düşüm |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# V BAP

# RUHY TERBIÝE



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS



**1.1-nji ýumuş.** Aşakdaky tekst bilen tanyşyň.

## ARASSA WYŽDAN-KALBYŇ RAHATLYLYGY

Ynsany tapawutlandyrýan esasy aýratynlyklaryň biri oňa mahsus bolan ruhy-ahlak häsiýetlerdir. Jemgyýetiň ahlak borçlaryny özbaşdak kemala getirmek ukybyna we olary ýerine ýetirip bilmegi öz-özünden talap etmegine ***wyždan*** diýilýär. Başgaça aýdylanda, wyždan şahsyýetiň içki gözegçilik terezisidir. Ol ynsanda ahlak ýörelgelerine görä hemme eden işleriniň jemgyýetde kabul edilen nusgalara gabat gelýänligine baha kesende ýüze çykýar. Ýagny, haçanda adam eýýam amala aşyran hereketleriniň ahlak ähmiýetine aň ýetirip bilen pursatlarynda gynanç, ökünç görnüşinde ýüze çykýar.

Wyždan – adamyň öz edýän hereketlerine jogapkärçilikli çemeleşmegi üçin belli bir zerurlykdyr. Onuň ahlaga gös-göni gatnaşygy bardyr, çünki adam ahlak ýörelgelerinden daşlaşanda wyždan ýüze çykýandyr. Wyždan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna hem dahyllydyr.

Wyždan adamyň erki bilen hem aýrylmaz baglanyşyklydyr. Erk diýip belli bir maksada gönükdirilen we oňa ýetmekde döreýän kyýnçylyklary ýeňip geçmäge zerur bolan güýji sarp etmek bilen baglanyşykly aňly hereketlere aýdylýar. Erk adam işjeňliginiň aýratyn görnüşidir. Erkde adam



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

özüni dolandyrýan, magsada ýetmek üçin ähmiýetsiz beýleki islegleri, meýilleri togtaýar we bu ugurda dürli hereketleriň zerur yzygiderligini guraýar. Şahsyýetiň erkli hereketleri amala aşyrmagy aňyň gatnaşmagynda geçýär. Döran ýagdaýa baha bermek indiki etmeli hereketiň roluny kesgitlemek, oňa serişde agtarmak, netijä gelmek we başgalar. Bularyň hemmesi aňlamak esasynda guralýar. Käbir ýagdaýlarda erkli gelnen netije adamyň bütin durmuş ýoluny, onuň jemgyýetçilik roluny, ahlak sypatyny kesgitleýär. Gynansak-da, adamyň özüne bagly bolmadyk käbir ýagdaýlarda, hakykatdan islemeýän hereketini etmeli bolýar. Eger ol öz wagtynda gowşaklyk etmedik bolanda şol ters hereketleri amala aşyrman hem bilerdi. Emma boljak iş boldy. Şondan soň adamyň wyždany ony ýazgarýar, utandyrýar, öz-özüni ýigrendirýär. Bu hili ýagdaýlara durmuşdan näçe mysallar alsak alybermeli. Aýdaly, oýnap ýörkäň dostuna gödek hereketiň bilen duýdansyz şikes ýetirmek ýa-da bolgusyz degişmeler bilen işdeş ýoldaşyň göwnüne degmek. Şeýle pursatlardan soň adamyň wyždany ony öz erkine goýmaýar. Sebäbi, şahsyýet tarapyndan tötänleýin bolan bir hereketiň onuň özüni alyp barşynda adaty bir ýörelgä öwrülmegine böwet bolmakdyr. Diýmek, wyždan bar zat bilen, bolmaly zadyň arasynda gabat gelmezlikden döreýän emosional bir ýagdaýdyr. Wyždan kä halatlarda ýalňyş niýetler, etsem-goýsamlar ýa-da baha kesmeler zerarly hem döräp bilýär. Meselem bir adam hakynda erbet pikir edenligine ökünmek.

Elbetde, başga hili ýagdaýlar hem bolup biler. Durmuşda dilinde bir zat gepläp, iş ýüzünde bolsa başga hili hereket etýänler hem gabat gelýär. Beýle bolanda aýdylýan sözler hakyky pikir edilýän zady aňlatmaýar. Gaýta tersine, ýalan-ýaşrygy, ýaranjaňlygy döredýär. Şu hili hereket edýän adamda wyždanyň sesi ýazgarmagy, diňe tötänden, ýalňyşyp şol diýýän sözlerine gabat gelýän hereketleri edýän ýagdaýynda bolup biler.

Arassa wyždan-şahsyýetiň arasa ahlak durmuşyny alamatlandyrýar. Adam garaýyşlaryna, ynançlaryna baha berşine gabat gelmeýän meýilleriň we hereketleriň döremeginiň öňüni alýar hem-de olaryň ýerine ýetirilmegini togtadýar. Bu ýerde ynsanyň özbaşdaklyk, erjellik, tutanýerlilik ýaly ençeme häsiýetleri ýüze çykarýar. Şeýle häsiýetleri bolsa kiçilikden terbiýeläp başlamalydyr.

1. Siziň pikiriňizçe wyždan näme? Onuň ynsanlaryň içki gözelligi bilen nähili baglanyşygy bar?
2. Kä halatlarda adam özüne bagly bolmadyk ýagdaýda hakykatdan islemeýän hereketlerini etmeli bolýar. Şeýle ýagdaýda olary wyždansyz adam hasaplamak bolarmy?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1.2-nji ýumuş.** Aşakdaky jedweli dolduryň. Olaryň näme üçin baş harp bilen ýazylýandygyny anyklaň we depderiňize ýazyň.

| T/s | Adam atlary | Gazet-žurnal atlary | Astronomik we geografik atlar | Okuw jaýlaryň atlary | Şäher we oba atlary |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | |
| 2 | | | | | |
| 3 | | | | | |
| 4 | | | | | |

## BAŞ HARPLARYŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýadyňyzdamy?**

1. Mowzugyň ýa-da abzasyň başynda gelen sözüň ilki harpy baş harp bilen ýazylýar.
2. Sözlem soňunda goýulýan nokat, sorag, ýüzlenme, sorag-ýüzlenme belgilerinden soň gelen sözüň ilki harpy baş harp bilen ýazylýar.
3. Ministrlikleriň, edaralaryň, gazet-žurnallaryň, okuw jaýlarynyň, şäher we obalaryň, fabrik-zawodlaryň, astronomik we geografik atlaryň... birinji sözüniň ilki harpy baş harp bilen ýazylýar.
4. Welaýatlaryň, ýokary döwlet organlarynyň we guramalaryň, baýramlaryň, belli taryhy seneleriň atlaryny bildirýän atlaryň birinji sözüniň ilki harpy baş harp bilen ýazylýar.
5. Başganyň sözüniň, şeýle hem gepleşige gatnaşýan her şahsyň aýdanlarynyň birinji sözüniň ilki harpy baş harp bilen başlanýar.
6. Sitatalaryň, sözlemiň başynda belent äheňde aýdylýan ýüz tutma sözüniň we ümlükleriň birinji sesi baş harp bilen ýazylýar.
7. **Meselem, ýatlama, bellik, nusga** diýen sözlerden soň gelen sözlemiň birinji sözüniň ilki harpy baş harp bilen ýazylýar. Eger-de olardan soň söz we sözler gelse, onda onuň ilki harpy setir harpy bilen ýazylýar.

**1.3-nji ýumuş.** Sütünlerdäki soraglaryň jogaplaryny tapyň we depderiňize ýazyň.

| **Birinji sorag**. Birinji sütünde tekstdäki baş harp bilen ýazylan sözler berlen. Ikinji sütünden şu sözleriň sinonimini tapyň we depderiňize ýazyň. | |
|---|---|
| A) Ynsan<br>B) Gynansak-da<br>S) Arassa<br>D) Aýdaly | A) päkize<br>B) diýeli<br>S) gaýgyrsak-da<br>D) adam |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ikinji sorag**. Şondan soň adamyň wyždany ony ýazgarýar, utandyrýar, öz-özüni ýigrendirýär. Berlen sözlemiň görnüşini anyklaň? (Iki jogap dogry)

A. Ýönekeý sözlem
B. Goşma sözlem
S. Deňdeş agzaly ýönekeý sözlem
D. Şert eýerjeňli goşma sözlem
E. Eýerjeňli goşma sözlem

**Üçünji sorag.** Berlen pikirleri tekst esasynda dogry ýa-da nädogry ekenligini degişli sütünde görkeziň.

| T/s | Düşünjeler | Dogry | Nädogry |
|---|---|---|---|
| 1 | Wyždan adamyň erki bilen hem aýrylmaz baglanyşykly däldir | | |
| 2 | Wyždan – adamyň öz edýän hereketlerine jogapkärçilikli çemeleşmegi üçin belli bir zerurlykdyr | | |
| 3 | Arassa wyždan-şahsyýetiň arassa ahlak durmuşyny alamatlandyrmaýar | | |
| 4 | Wyždan bar zat bilen, bolmaly zadyň arasynda gabat gelmezlikden döreýän emosional bir ýagdaýdyr. | | |

**Dördünji sorag.** Tekstde haýsy sözleriň ýazuw düzgüninde ýalňyşlyk bar. (Ilki sözüň tekstde ýalňyş ýazylan görnüşini, soň şu sözleriň dogry ýazylyşyny görkeziň. Tekstde 8 sany ýalňyş ýazylan sözi tapyň.)

| Teksdäki ýalňyş ýazylan söz | Sözüň dogry ýazylyşy |
|---|---|
| arasa | arassa |
| | |
| | |
| | |
| | |

**Bäşinji sorag.** Tekstde getirilen anyk fakt (delil) söz ýazyň. (10-15 sany söz)

| |
|---|
| |
| |
| |
| |
| |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1.4-nji ýumuş.** Özüňizden baş harplaryň ýazuw kadasyna degişli 10 sany sözlem tapyň we sözlem içinde getirip ýazyň.

**1.5-nji ýumuş.** Teksti ünsli okaň. Baş harplaryň ýazuw kadasynyň bozulan ýerini tapyň we sebäbini düşündiriň.



**Her bir zadyň bezegi bar.**
**Sozün bezegi – dogruçylluk.**

«Dogry sözliniň dosty ýok» diýen türkmen nakyly birtaraplydyr: dogry sözüň gönükdirilen adamyna birbada ýaramasa-da,soňy bilen ony aýdýana ynam we hormat dörедýär. Şonuň üçin mydama dogruçyl bolmaly. Dogruçyllyk hem köp taraplydyr:

1. Pikir dogrulygy. adamyň oý-pikiri, niýeti dogry bolmalydyr. Nähilidir bir peýda görmegiň, tamakinçiligiň hatyrasyna hakykatyň üstüni örtüp, özüňi we töweregindäkileri aldamak gabahat işdir.

2. Sözüň dogrulygy. Özüniň hakykat diýip düşünýän zadynyň tersine sözlemän, öz göwnündäkini dogry aýtmaklyk wyždan päkliginiň nyşanydyr. Totalitar sistemanyň hökmürowan ýyllarynda dogryny ýolbaşçylardan, il-günden gizläp, göwnüňe düwen zadynyň tersine sözlemek, hakykaty ýaşyrmak ýoň boldy. Onuň netijeleri bolsa häzir hemmä äşgärdir. Şeýle zatlaryň gaýtalanmazlygy üçin, hakykaty gizlemän dogryňy aýtmaklygy ýola goýmak we ony endik edinmek gerek.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Durmuşda, işde dogruçyllyk. Bu durmuşyň seresidir. Özüňe ynanylan işde, gullykda dogruçyl bolman, hakykatyň üstüniň örtülmegi netijesinde ogrulyk,galplyk, hilegärlik, howaýy abraýa kowalaşmak, hyýanatçylyk ýaly nejis sypatlar döreýär.

4. Wada wepaly bolmak. Söz berip, sözünde tapylmaýan adamlar durmuşda erbet görülýär. Öň-ä söz berme, söz berdiňmi – sözüňde tapyl. Ynha gowy adamyň ýörelgesi şu bolmaly. Akylly adam 2–3 gezek aldamaýar, ol özüni bir gezek aldan adamdan ägä bolýar we ol adamyň dogry sözüne-de ynanmaýar». «Kör hasasyny bir aldyrar, iki aldyrmaz» ýa-da «ýalançy tore bir geçer» ýaly nakyllar ýöne ýerden döremändir ahbetin. Bir adamy birnäçe gezek aldaberseň, «Sürä möjek çozdy, kömek ediň» diýip ili 2-3 ýola aldan (aldamakçy bolan) hojagylynyň gününe düşmegiň mümkindir.

**Topar bolup işleýäris**

**Synp boýunça toparlara bölünýäris «Üç topara üç sowal»**

1. Siz dogruçyl adamy nähili bahalaýarsyňyz?

2. Eger siz dogruçyl adamyň suratyny çyzmaly bolanyňyzda, nähili keşbi şekillendirerdiňiz?

3. Hz.Mewlananyň «Muny ýadyňyzda saklaň, dogruçyllyk gymmat bahadyr, ol arzan adamlarda hiç wagt tapylmaýar» diýen hikmetiniň mazmunyna garaýşyňyz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




## 2-NJI DERS

**2.1-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti okaň we mazmunyny gürrüň ediň.

### HALALLYK

Arassa, halal, Watana wepaly, lebze ygrarly ýaşamak durmuşymyzyň hoşnutlygyny we gönençligini üpjün edýär. Halallyklar hakda, esasan-da adamzadyň bagtly ömrüniň we dowamatynyň özenini düzýän halallyklar hakda söz açmak diňe bir gyzykly bolman eýsem, wajypdyr.

Halallyk ömrüň diregi, maşgalanyň-öýüň söýegi. Onuň ömrüňe çaýýan öwüşgüni her kese mälim. Işleriň ugrukmagynda, maşgalada agzybirligiň berkemeginde, käteler gurşaýan keseldir sökelliklerden, kynçylykdyr kösençliklerden aman-esen, tiz gutulyp gitmekde halallyk esasy ýardamçymyz. Durmuş, bu halatda hiç kime dil baglap bilmeýän pursatlarynda hem eden halal hereketleriňe arka diräp bolýar. Niredendir bir ýerden birmahalky eden halal hereketleriň miwesi tekge bolýar duruberýär. Şonuň üçin ata-babalarymyz bu düşünjäni şeýle bir aňlaryna siňdiripdirler, megerem, adamzadyň öz bagty we bähbidi üçin iň ähmiýetli gören zady halallyk bolsa gerek. Halallyk düşünjesiniň durmuşymyzda galtaşmaýan nokady we gurşamaýan giňişligi ýok. Bu giň düşünje däp-dessurlarymyza, urp-adatlarymyza, aň pikirimize reňki solmajak nagyşlar deýin sünnälenipdir. Her işde, hereketde, her ýagdaýda halallyga per bersek käteler



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



bir bada göwün halar netijäniň göze ilmeýändigine garamazdan, hemişe soňunyň düz bolup gutarýandygy welin hak. Halkymyzyň örki halallykda.

Halal sözüniň agzalýan ýerinde, halal sözüniň haýsydyr bir söze, häsiýete ýanalýan ýerinde göwnümize giňlik, gursaklara rahatlyk salýan bir enaýy duýgy bar. Pederlerimiziň paýhasy siňen gadymy kitaplarda ýazylmagyna görä, ynsan halallygyň dört ugruna pugta eýerse, onuň ömrüniň iňňän bereketli nesil-dowamatynyň salykatly, döwletli, el uran işiniň bereketli bolýandygy nygtalýar. Halallyga ýanalýan şol dört häsiýet lebzi halallyk, süňňi halallyk, zandy halallyk hem-de kesbi halallykdyr. Şu dört häsiýet özünde jemleýän adam durmuşyň dürli menzillerinde arkaýyn hereket edip biler. Ony bäsdeş ýa garşydaşam, kynçylyk ýa alada hem sarsdyryp bilmez, gaýta garşydaşy dostuna, öňünde keseren kynçylygy täze bir zadyň mümkinçiligine öwrüler durar diýýär. Rysgal hereket, gün güzeran aladasy çeken zähmedine görä has-heşdek gazanmak, adamkärçilikli bolmak ähli döwürdäki adamlary gyzyklandyryp gelýän mesele. Halal gazanjyň, dogry-dürs hereketiň höziri bir başga. Ol süňňüň derslygyny, ojagyň abatlygyny, işleriň rowaçdygyny, nesliň dowamatyny üpjüm edýän esasy serişdeleriň biri. Nesilleri terbiýelemekde halallyk hakdaky kyssalaryň hem ähmiýeti uludyr. Çünki kyssalar bu düşünjäni bize ähli tarapdan açmaga kömek edýär.

1. Halallyk näme?
2. Nesilleri terbiýelemekde halallyk hakdaky kyssalaryň nähili ähmiýete eýeligini bilýärsiňizmi?
3. «Halal zähmetiň tagamy, täsiri üýtgeşik bolýar» diýen pikire nähili düşünýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.2-nji ýumuş.** Teksti okap, halallyga ýanalýan dört häsiýet barada pikiriňizi beýan ediň. Soňra pikiriňizi depderiňize ýazyň. Baş harplaryň ýazuw düzgünine üns beriň.




**Ýatda saklaň!**

1. Millet, halk, taýpa, tire, aý, gün, pasyl, ýyl, wezipe, dereje atlary we tarap görkezýän sözler ýurduň adyny görkezip gelmänlerinde, ilki harpy setir harpy bilen ýazylýar.

2. Söz ýasaýjy goşulmalary kabul edip, has atlyk manysyny ýitiren sözlerin ilki sesi setir harpy bilen ýazylýar.

Meselem: Dörtgül – dörtgülli, Hywa – hywaly, Bezirgen – bezirgenli, Kelteminar – kelteminarly, Kaşkaderýa – kaşkaderýaly…

3. Has atlaryň soňuna -syz, -siz, -daky, -däki, -ça, -çe goşulmalary goşulan sözler bu düzgüne girizilmän, ozalky ýaly baş harp bilen ýazylýar.

Meselem: Kümüşdäki, Saýatdaky, Maralsyz, Göwhersiz, Sülgünçe, Süleýmança…

4. Goşgulardaky her setiriň başynda gelen sözüň birinji sesi baş harp bilen ýazylýar.

5. Çeper edebiýat eserlerinde personaž hökmünde gatnaşyjy atlar jyns at bolsalar hem, olaryň ilki harpy baş harp bilen ýazylýar.

**2.3-nji ýumuş.** Özbaşdak iş. Bilimleriňize esaslanyp, sütünleri dolduryň.

| T/s | Millet atlary | Tire-taýpa atlary | Wezipe atlary | Aý-gün atlary |
|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.4-nji ýumuş.** Aşakdaky suratdan peýdalanyp, «Halal ýaşamagyň syrlary» temasynda öý düzmesini ýazyň we grammatik düzgünlere üns beriň.



**2.5-nji ýumuş.** Sözlemlerden baş harp bilen ýazylan sözleri anyklaň we saýlap depderiňize ýazyň.




## RUHY TERBIÝE-AHLAK KÄMILLIGINIŇ ÖZENIDIR

Türkmen halkynyň milli ýol-ýörelgeleri, ahlak we edep kadalary nesilbaşymyz Oguz hanyň, Gorkut atanyň, Göroglynyň, Magtymgulynyň we beýleki beýik şahsyýetlerimiziň bize galdyryp giden pähim-paýhaslaryndan gözbaş alýar. Edep-terbiýäniň ilkinji basgançagy ata-enäniň perzendi bilen bagly ýagşy gatnaşyklaryndan başlanýar. «Oglan atadan öwrener saçak açmagy, gyz eneden öwrener geýim biçmegi» diýipdir köneler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




«Perzent üçin kakanyň ornuny tutjak başga bir ynsan ýok. Ýaşyň her çene ýetende hem, kakaň nesihaty bilen durmuşyň iň çylşyrymly sowallaryna-da akyl ýetirip, düşünip bolýandygyna hemişe ynanyp gelinýär. Ata-ene edep-terbiýäniň özenidir. Perzentleriň abraý-mertebesiniň başlangyjydyr.

Gadymy edebiýatlaryň birinde sagdyn maşgalanyň binýadyny gurmak barada şeýle ündew edilýär: «Owwal atanyň ýagşy ýerden öýlenmegi gerek. Eger ata ýaman ýerden öýlense, perzendiniň ýüzi aşak bolar. Ikinjiden, perzendine ýagşy at goýmagy gerek. Üçünjiden, okatmagy gerek. Dördünjiden bolsa ol oglany öýlendirmek gerek». Bu jümlelerden görnüşi ýaly, terbiýäniň başy, ilki bilen, eneden gaýdýar. Ata-babalarymyz, ilki bilen, abraýly maşgaladan ýagşy gyza öýlenmegi ündäpdirler. Gadymy nakyllarymyzda hem «Ýagşy ene – ýagşy gyza görelde» diýilýär. Çünki halal nesli kemala getirmekde, maşgalanyň abraýyny gorap saklamakda enäniň orny aýratyndyr.

Ene mukaddesligi nesil saglygynyň, onuň geljeginiň binýady bolup durýar. Milletine seretmezden, haýsy bir halkyň ýürek owazyna diň salanyňda-da, onda enäniň waspy belentden ýaňlanýar. Pederlerimiz mähriban enelerimizi mukaddes Käbä deňäpdirler. Olar öýüň zenanyna tutuş bir maşgalanyň ykbaly hökmünde garap, «maşgalam» diýip ýüzlenipdirler. Zenany bütin bir maşgala deňemek, onuň maşgalany dowam etdirmekde, geljekki nesilleri sagdyn ösdürmekde, edep-terbiýeli edip ýetişdirmekde orny aýratyndyr. Enäniň perzendini hüwdüleriň üsti bilen terbiýeleýşi-de özbaşyna bir milli ýörelgedir. Balasynyň asuda dynç almagy, süýjüden-süýji uka gitmegi üçin gijesini gündize öwürýän mähriban enelerimiz başymyzyň täjidir. Tutuş adamzat milletine seretmezden, eneleriň öňünde baş egýändir. Gadymy Hytaýda eneler lukmançylygyň başlangyjy hasaplanýar. Balasy bir nähoşluga uçrasa, ene derrew onuň şypasyny gözläp başlaýar. Şol sebäpden hem bu ýurtda ene ähli lukmanlara we tebiplere görelde mekdebi bolup gelýär. Nesil terbiýesiniň, hormat-sylagynyň başynda, ilkinji nobatda, salamlaşmak edebi durýar. Çünki Beýik Biribaryň ady bilen bir-birege hormat etmek ýagşy ynsanyň iň gowy sypatlarynyň biridir. Şonuň üçin maşgalada perzentlere ilkinji öwredilýän edep hem salamlaşmak edebi. Salamyň hikmeti uludyr.

Şu ýerde şeýle bir tymsala ýüzleneliň! «Degirmende zähmet çekýän ussa günleriň birinde iş wagty tamamlanandan soň, ammarlara göz aýlamagy makul bilýär. Şol barmana tötänden gapy gulplanyp, ussa içinde galýar. Hernäçe jan etse-de, azaby puja çykýar. Aradan ep-esli wagt geçip, howanyň ýetmezçiliginden ýaňa essi aýylyp, gözleri garaňkyraberende onuň dadyna garawul ýetişýär. Halas edileninden soň birnäçe gün halsyz ýatan ussa ýuwaş-ýuwaşdan aýaga galypdyr. Haýal etmänem halasgärini tapypdyr. Şonda garawul ussany halas edip ýetişmegindäki



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hikmeti şeýle düşündiripdir: «Gadyrdan ussam, men bu ýerde köp ýyllardan bäri işleýärin. Emma işgärleriň arasynda siz ýaly her gün gadyrly salam berýän we işden gaýdanda sagbollaşýan adama duşmandym. Şol günem siz hemişekiňiz ýaly, ir bilen salamlaşdyňyz-da, işden soň görünmediňiz. Şol sebäpli men bimaza bolup, sizi gözläp ugradym. Hernä çöregiňiz bitin ekeni...». Ussa salamlaşmagyň gudratyna göz ýetirip, özüne ýagşy edebi öwreden ata-enesiniň ruhuna doga okapdyr».




Edepli-tertipli, ylymly-bilimli perzentler her bir ata-enäniň hem-de ýurduň güýç-kuwwatydyr, ýüzüniň tuwagy, başynyň täjidir. Olar halkyň, ýurduň ykbalyna dahylly bolmaly adamlar. Nesillerimizi ýetişdirmek bilen biz öz geljegimizi gurýarys.


**2.6-njy ýumuş.** Berlen pikirleri tekst esasynda dogry ýa-da nädogrydygyny degişli sütünde görkeziň.

| T/s | Düşünjeler | Dogry | Nädogry |
|---|---|---|---|
| 1 | «Perzent üçin kakanyň ornuny tutjak başga bir ynsan bardyr». | | |
| 2 | Pederlerimiz mähriban enelerimizi mukaddes Käbä deňäpdirler. | | |
| 3 | Perzentler halkyň, ýurduň ykbalyna dahylly bolmadyk adamlardyr. | | |
| 4 | Beýik Biribaryň ady bilen bir-birege hormat etmek ýagşy ynsanyň iň gowy sypatlarynyň biridir. | | |
| 5 | Ata-ene edep-terbiýäniň özeni hasaplanmaýar. | | |
| 6 | Terbiýäniň başy, ilki bilen, eneden gaýdýar. | | |
| 7 | Enäniň perzendini hüwdüleriň üsti bilen terbiýeleýşi-de özbaşyna bir milli ýörelge däldir. | | |
| 8 | Gadymy Rimde eneler lukmançylygyň başlangyjy hasaplanýar. | | |
| 9 | Nesillerimizi ýetişdirmek bilen biz öz geljegimizi gurýarys. | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-NJI DERS

**3.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we aşakdaky berlen soraglara pikirlenip, dilden jogap bermäge hereket ediň.

## ÝALAN SÖZLEMEK

Ýalan sözlemek hiç wagt gowy bolmandy.

Birine ýalan sözleseň, ynamyňy ýitirersiň, has dogrusy, şol adamy ýitirersiň. Soňra onuň ynamyna girip bilmersiň. Adam ýalan sözlemek bilen durmuşynda ähli islegleri ýitirip biler we oňa Allanyň öňünde ýalançy diýiler. Şol at bilen atlandyrylan adamyň jezasy dowzah bolar.

Dinimizdäki ýalanlaryň hökmi örän agyr. Aslynda Pygamberimiz (s. a. w.) ýalan sözlemegi imansyzlyga ýakyn bir hereket hökmünde agzap geçýär. Ýalan sözlemegiň uly günädigi hemmelere mälimdir.

Ýalan sözlemek yslamda uly günä hasaplansa-da, has uly zyýanyň öwezini dolmak üçin üç ýagdaýda ýalan sözlemäge rusgat berilýär.

1. Adamlaryň arasynda özgerişler etmek üçin.

Musulmanlar üçin biri-biri bilen söweşmek gaty erbet zat. Bu erbet işiň netijesinde adamlar jemgyýetiň arasynda düşünişmezlik peýda bolmaz. Adamlaryň bir-biri bilen dawa-jenjel etmegi ähli betbagtlaryň başlangyjydyr. Şonuň üçin bu ýagdaý ýüze çykan badyna, ony ýok etmegiň ýoluny tapmaly. Bu ýolda hat-da ýalan sözlemäge hem rugsat berilýär. Çünki adamlaryň arasyny düzetmäge, diňe ýagşylyk üçin ýalan sözlenýär.

2. Söweşde ýeňiş gazanmak üçin.

Duşman bilen ýaragly çaknyşyk ömür-ölüm söweşi bolar. Bu söweşde duşman elinden gelen ähli işlerini – ýalanlaryny hem ulanýar. Eger söweşijiler ýeňilse ähli ymmat we millet duşmanyň täsirinde bolar. Şonuň üçin köpçüligiň peýdasy ugrunda ýalan sözlemeklige hem rugsat berilýär.

3. Maşgalanyň agzybirliligini saklamak üçin.

Her bir jemgyýetde maşgalanyň agzybirligi aýratyn ähmiýete eýedir. Agzybir maşgalada önüp-ösen çagalar akylly raýat bolup ulalýarlar. Ata-enäniň dawa-jenjelleriniň sesi bilen ulalýan çagalaryň akylly raýat bolmagy gaty ähtimal.

Şonuň üçin maşgala agzalarynyň arasyndaky sazlaşyk gaty möhümdir. Şol sazlaşygy saklamak üçin ata-enäniň birek-birege ýalan sözlemegine rugsat berilen. Kadadan çykmaga rugsat berilen bu üç ýagdaýdan başgasynda ýalan sözlemeklik gadagan edilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1. Ýalan sözlemeklik barada dinimiz näme diýýänligi hakda bilýärsiňizmi?
2. Nähili ýagdaýlarda ýalan sözlemäge rugsat berilýär?
3. Maşgala agzalarynyň arasyndaky sazlaşygy saklamakda ýalan sözüň roly nähili?

**3.2-nji ýumuş.** Hikmetli sözler bilen tanyşyň. Soňra olary diňlemek arkaly nädogry ýazylan sözlerini tapyň we dogurlap depderiňize ýazyň.

**Hikmetli sözler.**

Ýalan sözlemek görüplikden has erbetdir.

*J. Renar*

Diňe akmak adamlar aldaýarlar.

*J.M. Dostaýewskiý*

Elbetde, bilmäni ýalan sözlemek mümkin, ýöne «kezzap» düşünjesi bilgeşleýin ýalan sözlemegi aňladýar.

*B. Loskal*

Iň esasy zat, gorkaklyk we batyrlyk sebäpli toslanan ýalanlary ýigrenýärin.

*A. Kuprin*

Ýalan sözlmek we aldamak, samsyklar bilen gorkaklaryň gaçybatalgysydyr.

*F. Çesterfild*

Ýalan sözlemek adamyň ýüregine we bedenine çydap bolmajak zyýan berýär.

*Ş. Rustaweli*

Zorlugyň başlanýan ýerinde dogry sözlemek dünýä inýär.

*K.A. Fedin*

Şire – oty iýýär, pos (zeň) – ynsany iýýär, ýalan bolsa ýüregi iýýär.

*A.P. Çehow*

Hakykata aralaşan sansyz ýalan bütin hakykata şübke döreder.

*P. Buast*

Ýalan güýje girende-de, hiç haçan dogrulyga öwrülmez.

*R. Tagor*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.3-nji ýumuş.** Aşakdaky jedweli baş harplaryň ýazuw düzgüne esaslanyp dolduryň we depderiňize ýazyň.

| T/s | Millet atlary | Tire-taýpa atlary | Wezipe atlary | Aý-gün atlary |
|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |

**3.4-nji ýumuş.** Temany berkitmek üçin aşakdaky soraglara jogap beriň.

***1. Has atlaryň ilki sesi haýsy harp bilen ýazylýar?***
***2. Haçan has atlaryň ilki sesi setir harpy bilen ýazylýar?***
***3. Muny degişli mysallar bilen subut ediň.***
***4. Sözlem soňunda goýlan dyngy belgisinden soň gelen sözüň ilki sesi nähili harp bilen ýazylýar?***
***5. Goşgy setirleride baş harplaryň ýazuw düzgüni nähili saklanýar?***
***6. Başganyň sözüniň, sitatalaryň ilki sözüniň birinji harpy haýsy bilen ýazylýar?***

**3.5-nji ýumuş.** Teksti okap, aşakdaky ýumuşy ýerine ýetiriň.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Köp ýyllaryň dowamynda çölde çopançylyk eden ýaşyly çopan Hydyr görýär. Ol Hydyr atadan baýlyk dilemeýär, päk wyjdan, ynsab dileýär.

«Çopan Hydyr görüpdir, ummasyz baýlyk tapypdyr» diýen gürrüň onuň ogul-gyzlaryny we gelinlerini alyjyraňňylyga salýar. Her kim onuň baýlygyna göz gyzdyrýar.

Gülkili ýagdaýlara sezewar bolanlar, öz häsiýetlerinini açyp görkezýärler. Gelnem, oglam çopany öz tarapyna çekmekçi, onuň baýlygyna eýe çykmakçy, ondan peýdalanmak hyýalyna düşýär.

Eseriň ahyrynda çopan öz çagalarynyň bolup ýörşüne gynanýar, olaryň harsydünýäligine nebisi agyrýar. Ol Hydyr atany göräýen hem bolsa, pul baýlyk dilemän özüne we töweregindäkilere saglyk, uzak ömür, wyždan päkligi, ynsap dilemekçi bolardym diýen manyda gürlär, töweregindäkileri masgara edýär. Eserde ynsanyň ynsaply we kanagatly bolmaklygy ündelýär.

Tekstde haýsy sözleriň ýazuw düzgüninde ýalňyşlyk bar. (Ilki sözüň tekstde ýalňyş ýazylan görnüşini, soň şu sözleriň dogry ýazylyşyny görkeziň. Tekstde 7 sany ýalňyş ýazylan sözi tapyň.)

| Teksdäki ýalňyş ýazylan söz | Sözüň dogry ýazylyşy |
|---|---|
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |

## 4-NJI DERS

**4.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we mazmunyny dilden gürrüň ediň.

### GYBAT ETMEK

Akyldaryň birinden gybatyň nämedigini sorapdyrlar: «Ýanyňyzdaka ýüzüne aýtmakdan ejap etýän zatlaryňyz hakynda ýeňsesinden gürlemek» diýipdir. «Ýöne biziň gürrüňini edýän zatlarymyz şol adamda bar bolsa näme?» diýip, adamlar has anyklamak işläpdirler. «Şol häsiýetler şonda bar bolsa «gybat» diýilýär, ýok bolsa, onda oňa «töhmet» diýilýär diýip, akyldar sözüni dowam edipdir. «Üç zady başarmasaňyz, beýleki üç



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



zatdan:ýagşylyk edip bilmeseňiz, ýamanlyk etmekden saklanyň. Adamlara nepiňiz degmese, olara zelel ýetirmekden saklanyň. Diliňizi saklamagy başarmasaňyz, gybat edip, ynsan mertebesini çeýnemekden saklanyň» diýipdir.

Toý-märekeleriň birinde gürrüňdir gybatyň gyzan wagty ekeni. «Agyz agyzdan ýel alar» diýlişi ýaly, her kim bilenjesini orta oklap oturyşyna üstünden ätlenilip ötülýän adam ýeňmändir. Şol ýerde ýok her kime deglipdir. Her kim dile düşen biri hakda näme gören-eşiden bolsa, gürrüňe girişmäge juda döwtalap ekeni. Toý eýesi bu ýagdaýa biraz sabyr etse-de, soňra kanagaty ýetmändir «gybaty bes ediň» diýip, günümel aýtsa, toýa gelenleriň göwnüne degjek. Hiç zat ýaňzytmasa-da, toý lezzeti başga ýana ýazyp gitjek. Ahyry bir çykalga tapypdyr. Atasyndan eşiden tymsaly güpbe ýadyna düşüpdir. «Size bir sowalym bar» diýip toý eýesi märekä ýüzlenipdir. Her kim bu üýtgeşik gürrüňe üýşerilişip, ses gelen tarapa bakypdyr. «Eger bir adam ukuda ýatan bolsa, şol wagt ýel öwsüp, onuň üstüni çalaja açsa, siz şony örtermidiňiz» diýipdir. Her ýerden jogap sesleri eşidilip: «Elbetde, örterdik, bu hem sogap, hem edep ahyry» diýşipdirler. «Ýöne siz şol ýerini örtüp, galan ýerini açýaňyz ahyry» diýip, toý eýesi aýdypdyr.

1. Toý eýesiniň ahyrky sözünden nähili netije çykarýarsyňyz?
2. «Gybatkeşiň baran ýeri ot bolar»-diýen jümläni durmuşy mysallar arkaly düşündiriň.

## Topar bolup işleýäris

**4.2-nji ýumuş.** «Bäş topara bäş ýumuş» oýny arkaly okuwçylary bäş topara bölýäris. Baş harplaryň ýazuw düzgünine degişli her topar özbaşdak tekst döretmeli.

1. Ministrlikleriň, edaralaryň, gazet-žurnallaryň, okuw aýlarynyň, şäher,obalaryň...
2. Welaýatlaryň, ýokary döwlet organlarynyň we guramalaryň, baýramlaryň, taryhy ne...
3. Başganyň sözüniň, şeýle hem gepleşige gatnaşýan her şahsyň aýdanlary...



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4 Sitatalaryň, sözlemiň başynda belent äheňde aýdylýan ýüz tutma sözüniň we mlükleriň.

5 **Meselem, ýatlama, bellik, nusga** diýen sözlerden...

**4.3-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden alnan sözleriň haýsy söz toparyndan hasyl bolandygyny anyklaň we näme sebäpden baş harp bilen ýazylandygyny düşündiriň, soňra depderiňize ýazyň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| Akyldaryň | Ýanyňyzdaka | Şol | Üç |
| Adamlara | Diliňizi | Toý | |
| Her kim | Ahyry | Elbetde | Ýöne |

**4.4-nji ýumuş.** Çeper eserlerden baş harplaryň ýazuw düzgünine degişli on sany sözlem tapyp göçüriň.

**4.5-nji ýumuş.** Tekst bilen tanyşyň we söz ýasaýjy goşulmalary kabul edip,has atlyk manysyny ýitiren sözleri tapyň.

## WYŽDAN AZABY BEÝNINIŇ KADALY IŞLEÝŞINI GÖRKEZÝÄR

Alymlar adamda ynsap duýgusynyň bolmagynyň, ondaky wyždan azabyndan ejir çekmek ukybynyň beýniniň kadaly işlemeginiň alamatydygyny aýdýarlar.Rossiýanyň Ylymlar akademiýasynyň Beýni institutynyň işgärleri adamyň köp başdan geçirýän duýgularynyň biri bolan ynsap duýgusynyň, beýniniň kadaly işleýşini görkezýän esasy alamatlaryň biridigini aýdýarlar.

«Biz wyždana adamynyň öz ýalançylygyndan lezzet almaga ýol bermeýän, onuň öz-özüne gözegçilik etmek mehanizmi hökmünde garaýarys. Biz wyždanyň islendik pursatda işleýändigini görkezdik. Wyždan azaby diýlen zat hem bar. Beýniniň içindäki (ýalňyşlary anyklaýan) detektor ýalany hakykat hökmünde kabul etmäge rugsat bermeýär – ýalançylygyň bilinýän ýagdaýynda beýni sistemasy şeýle işleýär. Ynsap duýgusy nerw sistemasy kadaly işleýän ähli adamlara mahsusdyr: «Ynsap hemmelerde bar. Ýöne ol nämäniň dogry diýlip hasaplanylmagyna degişli dürli matrisalara esaslanýar. Nakylda aýdylyşy ýaly, wyždan erbet işleri etmäge päsgel bermeýär-de, olardan lezzet almaga päsgel berýär» diýilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Psihologiýa boýunça neşirlerde berilýän düşündirişlere görä, wyždan duýgusy adamynyň öz wyždan borçlaryny özbaşdak kesgitlemek we öz-özüne ahlak taýdan gözegçilik etmek, özünden talap etmek we edýän hereketlerine baha bermek ukybydyr. Geçen ýylda britaniýaly alymlar adamynyň wyždanynyň fiziologiýa taýdan gurluşy barada açyş edipdiler. Oksford uniwersitetiniň alymlarynyň wyždanyň – adamynyň beýnisinde nerwleriň kiçijik goýy lagtasy görnüşinde ýerleşýändigini anyklandygy habar berlipdi. Onuň ululygynyň ähli adamlarda birmeňzeşdigi we jandarlaryň hiç bir görnüşinde onuň ýokdugy aýdylypdy.

| Tekstde getirilen anyk fakt (delil) söz ýazyň. (10-15 sany söz bolmaly) |
|---|
| |
| |
| |
| |
| |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Geçilen temalar boýunça bilimiňizi synaň

| 1. Ministrlikleriň, gazet-zurnallaryň, okuw jaýlarynyň birinji sözüniň ilki harpy nähili ýazylýar? | |
|---|---|
| A. Baş harp bilen | S. Setir harp bilen |
| B. Goşa dyrnaga alnyp | D. Defis arkaly |

| 2. Millet, halk, taýpa, tire, aý, gün, ýyl atlary we tarap görkezýän sözler, ýurduň adyny görkezip gelmänlerinde, ilki harpy nähili ýazylýar? |
|---|
| A. Goşulyp |
| B. Setir harp |
| S. Goşa dyrnaga alnyp, setir harp bilen |
| D. Baş harp |

| 3. Aşakdaky sözlemiň haýsysynda dyngy belgi dogry goýulypdyr? |
|---|
| A. Gyzylgum-tükeniksiz hazyna |
| B. Gyzylgum tükeniksiz – hazyna |
| S. Gyzylgum, tükeniksiz hazyna |
| D. Gyzylgum-tükeniksiz-hazyna |

| 4. Sorag, ýüzlenma, habar, sorag-ýüzlenme belgileri biri-biri bilen näme arkaly tapawutlanýar? | |
|---|---|
| A. Pauza | S. Inwersiýa |
| B. Intonasiýa | D. Gurluşy |

| 5. Başganyň sözüniň, şeýle hem gepleşige gatnaşýan her bir şahsyň aýdanlarynyň birinji sözüniň ilki harpy nähili ýazylýar? |
|---|
| A. Setir harp bilen |
| B. Defis bilen |
| S. Baş harp bilen |
| D. Kese çyzyk bilen |

| 6. Meselem, ýatlama, bellik, nusga diýen sözlerden gelen sözlemiň birinji sözüniň ilki harpy nähili ýazylýar? | |
|---|---|
| A. Baş harp bilen | S. Defis bilen |
| B. Setir harp bilen | D. Kese çyzyk bilen |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| 7. Aşakdaky nakylyň dogry ýazylyşyny tapyň? |
|---|
| A. Ilim-günüm bolmasa, Aýym-günüm dogmasyn |
| B. Ilim-günüm bolmasa, aýym-günüm dogmasyn |
| S. Ilim-günüm bolmasa, Aýym-Günüm dogmasyn |
| D. Ilim-günüm bolmasa, aýym-Günüm dogmasyn |

| 8. «-a, -e, -na, ne» goşulmalary haýsy düşümiň goşulmasy? | |
|---|---|
| A. Baş düşüm | S. Ýeňiş düşüm |
| B. Çykyş düşüm | D. Baş düşüm |

| 9. Ýokluk çalyşmasyna haýsy söz degişli? | |
|---|---|
| A. Bary | S. Hemme |
| B. Öz | D. Hiç |

| 10. Çalyşmalar özleriniň aňladýan manylaryna görä näçe hili bolýar? | |
|---|---|
| A. 6 | S. 5 |
| B. 3 | D. 7 |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# VI BAP

# DILIM-BAÝLYGYM



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS






Biziň şeýle bir beýik, baýlykda deňsiz-taýsyz ene dilimiz bar.
Dil milletiň baş belgisi hasaplanýar.
Dil bar – millet bar.
Dil ýok – millet ýok.

**Erkin Wahidow**

**1.1-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti okaň we mazmunyny gürrüň ediň.

## SÖZÜŇ NEPISLIGI

«Sözüň nepisligi» özbek şahyry Erkin Wahidowyň proza eserleriniň ýygyndysy. Özbegistan metbugat we maglumat gullygy, Özbegistan neşirýaty tarapyndan 2014-nji ýylda ilkinji gezek Daşkentde neşir edildi. 2018-nji ýylda şol bir neşirýat kitabyň ikinji neşiri neşir etdi, üstüni ýetirdi we täzeden işledi. Ýygyndyda şahyryň ýyllar boýy özbek dilinde ýazan makalalary we kitapçalary bar.

Söz diri jan. Dörediji bilen sözleşýär. Söz beýik gudrat, nessillerde kämil bolýan mukaddes nygmat. Bu nygmatyň beýikligi, dürli öwüşginli mazmunlylygy biziň sözleýiş medeniýetimizde ýüze çykýar. Ýurtbaşçymyzyň aýdyşy ýaly, «Garaşsyzlyk ýyllarynda ene dilimiziň ulanylyş möçberiniň örän giňelendigini, ony ylmy esasda ösdürmek üçin alnyp ba-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




rylýan ylmy-barlag işleriniň özüne mahsus aýratynlyklaryna bagyşlanan ylmy we çeper kitaplar, okuw gollanmalary, täze-täze sözlükleriň çap edilmegi jemgyýetiň gözýetiminiň ösüşine öz goşandyny goşýar».

Ine, şeýle köpçülik üçin niýetlenen kitaplaryň biri Özbegistanyň Halk şahyry Erkin Wahydowyň «Sözüň nepisligi» kitabydyr. Bu kitaby okasaň onda ene dilimize bolan söýgi ýene-de joş urýar. Çünki dil umumy milletiň mülküdir. Dil barasyndaky jogapkärçilik hem umummillidir. Milli dil – halkyň dili, ruhyýeti bolsa aýnasydyr. Ol şeýle göze görünmeýän gural bolup, aşagynda adalat we magrypet, ýagşylyk hem mähirlilik sypatlary ýüze çykýar.

Şahyryň bu eserinde hem dilimizde iň köp ulanylýan sözler bar, emma biz bu ulanylýan sözleriň käbirleriniň nähili many berýänligini aňlamaýarys. Şonuň üçin şahyr halkyň arasyndaky nakyl we dana sözler hem olaryň ulanyşy barada ýörite durup geçýär.

Mälim bolşy ýaly, halk nakyllary we matallarynda özüne çekiji güýç bolýar, ol güýç söz diýip atlandyrylýar hem asyrlar geçip agyzdan-agza geçýär. Şahyr halkyň arasynda giň ýaýran aşakdaky:

Gep köp-kömür az, diýen aýtgyny – Gürrüň köpelse, çekijiň badynyň gowsajagyny nygtap, aslynda bu aýtgy gep köp-de, ömür az manysynda ekenligini düşündirýär.

Halkymyzda «Myhman atańdan uly», «Ussat atań ýaly uly» diýen hikmet bar. Aslynda dünýade atańdan eziz we uly adam ýok. Ýöne soňky wagtlarda bu hikmetli söz «Myhman atań ýaly eziz», «Ussat atań ýaly uly» diýip aýtmaklyk däbe öwrülipdir.

Şahyr bu eserinde ondan artyk halk nakyllaryny dürli taraplaýyn analiz edipdir. Halkyň arasynda «Donuny ters geýdi» diýip, aýdylýan söz hem manysyz däl. Donuny kim ters geýýär, bu aýtga şahyr aşakdaky nakyl bilen jogap berýär. Garyby urma, sökme, donuny ýyrt. Hawa, gazap donuny men ýumruklaşjak diýen garyp ters geýipdir. Gan degse, ylaý degse, assaryna degsin, ýyrtylsa assary ýyrtylsyn, ýamak düşse,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

assaryna düşsün diýip, donuny ters geýipdir. Donuny ters geýmegiň geregi ýok. Ýöne bu aýtgy ýatdan çykmandyr. Bu hem sözüň jadysy. Sözüň jümmüşinde taryhyň gizlenip ýatanlygyna mysal. Diýmek, bir nakylyň ýa-da aýtgynyň manysynyň çözülmeginde başga bir aýtgy, hikmet hem nakyl açar wezipesini ýerine ýetirýär.

Hawa, şahyr Erkin Wahydow özüniň «Sözüň nepisligi» kitabynda halkymyzyň kalbyndan çykyp barýan örän köp sözleriň manysyny düşündirip, täzeden dünýä getiripdir.

Her bir sözüň ulanylýan pursatynda onuň manysynyň nähili ýagdaýda ekenligini bu sözleriň düzümindäki güýç barasynda gymmatly pikirleri öňe sürüpdir, orta atypdyr. Hakykatdan hem, Söz şeýle derejede beýik, ol jansyza jan bagş edýär. Onuň serhetsiz taryhy, gözel sypatlary, çäksiz mümkinçilikleri hakynda her näçe tolgunyp geplemek, gürlemek mümkin.

Ene dilimiz şeýle giň umman, ondan näçe göwher we dür ýygyp alsaň, ýene-de ýygnasyň, teşne kalbyňy Söz melhemleri bilen doldurasyň gelýär. Şonuň üçin Sözüň nepislige we jana aram berýänligine ähmiýet bereliň. Çünki, bu mukaddes ata-babalarymyzyň örän mazmunly, dürli öwüşginli many-mazmuna ýugrulan hikmetlere baý dili bar. Ony goramak we baýatmak, gadyryna ýetmek eziz zamandaş, siz bilen biziň mukaddes borjumyzdyr.

1. Sözi näme üçin diri jana meňzedýärler?
2. Magtymguly şahyryň «Sözlär bolsaň söz aslyna ýet ýagşy» diýen setirleriniň tekstimizdäki pikirleri bilen nähili baglanşygy bar diýip düşünýärsiňiz?

**1.2-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden peýdalanyp, test soraglaryna jogap beriň.

| **Birinji sorag.** Birinji sütünde tekstde görkezilen sözler berilen, ikinji sütündaki ýasaýjy goşulmalardan peýdalanyp ýasama sözler hasyl ediň. | |
|---|---|
| **birinji sütün** | **ikinji sütün** |
| şahyr, gan, dogry, çap, myhman, agyz, aram, | nä, bi, jagaz, hor, ana, hana, paraz. |

| **Ikinji sorag.** Ine, şeýle köpçülik üçin niýetlenen kitaplaryň biri Özbegistanyň halk şahyry Erkin Wahidowuň «Sözüň nepisligi» kitabydyr diýen sözlemdäki söz ýasaýjy we söz üýtgediji goşulmalary kabul eden sözleri tapyň. |
|---|
| |
| |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Üçünji sorag.** Tekst esasynda aşakdaky maglumatlaryň dogry ýa-da nädogrydygyny anyklaň.

| T/s | Düşünjeler | Dogry | Nädogry |
|---|---|---|---|
| 1 | Şahyryň bu eserinde hem dilimizdäki iň köp ulanylýan, emma bu ulanylýan sözleriň käbirleriniň nähili many berýänligini aňlaýarys. | | |
| 2 | Milli dil halkyň dili, ruhiýeti bolsa aýnasydyr. | | |
| 3 | Şahyr bu eserinde ondan artyk halk nakyllarynyň dürli taraplaýyn analiz edipdir. | | |
| 4 | Hakykatdan hem, Söz şeýle derejede beýik, ol jansyza jan bagş etmeýär. | | |
| 5 | Şonuň üçin Sözüň nepisligine we jana aram berýänligine ähmiýet bermäň. | | |

**Dördünji sorag.** Tekstde haýsy sözlerde dyngy belgiler galdyrylan. Ilki ýalňyş görnüşini soňra dogry görnüşini ýazyň. Halkymyz Myhman atańdan uly, Ussat atań ýaly uly diýen hikmet bar.

| | |
|---|---|
| | |
| | |

**Bäşinji sorag.** Tekstiň mazmuny barada düşünjaňizi 15–20 söz bilen beýan edip ýazyň.

| |
|---|
| |
| |

## ÝASAÝJY GOŞULMALARYŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýatda saklaň!**

Käbir söz ýasaýjy goşulmalar goşulýan sözüniň inçe-ýogynlygyna, dodaklanyp-dodaklanmazlygyna eýermän, bolşy ýaly sözlere goşulýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1.3-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti diňläp, galdyrylan sözleri ýerine goýuň.

## JADYLY IKI SÖZ

Arzuw maksatlary – hasyl etmek üçin ____________ söz bar. Şol iki söz sizi üstünligiň çür başyna çenli eltip bilýär. Işi ugruna milionerleriň birinden üstünligiň syry hakda soranlarynda, ol hem şol iki söz hakda dil ýarypdyr: «Üstünlik _____________ bary-ýogy iki sözde jemlenýär, hat-da oňa __________ söz zerur hem däl. Şol ikisi «Yhlas et!» diýen sözlerdir» diýipdir.

Şu günki durmuşymyzdan ýeterlik delil tapyp bilýärkäk, ____________ gidip oturmalyň. Özümizden mysal alyp göreliň. Gündelik ýa-da salymlaýyn ýerine ýetirýän işlerimizi aýratyn güýç-gaýrat sarp edip, işiň içine çümýän _____________ bardyr. Ýöne şol erjenlik, tutan ýerlilik her kime görä tapawut edýär. Işe çynlakaý berilýän pursatlarymyzy ýatlap görsek, ___________ bir hakykat bilen ýüzme-ýüz bolarys. Biz özümiz üçin örän ähmiýetli bolan işlere hem gerek mukdarynda yhlas etmeýäris. Ine, şu ýerde hem üstünlikli adamlara mahsus bir __________ üstüni açarys: işi şowly adamlar özlerine bähbitli, ähmiýetli bolan zatlar üçin ýeterlikli derejede yhlas-tagalla edýärler. Şonuň üçinem olaryň sarp eden takat ________________ yzyna esse-esse bolup dolanýar. Diýmek, bizem «_____________!» diýen iki söze pugta üns bermeli.

Her bir asylly maksat, haýyrly iş üçin güýç-gaýratyňy aýamaly däl. Eger işleýän bolsak, işlän şekilli işlemeli. Zähmete yhlas siňdirmeli, ynamly, batyrgaý çemeleşmeli. _____________, bigeleň ötürýän wagtlarymyzyň bolsa sanyny azaltmak hökman. Işleýän zadymyzy elde etmek üçin üstünligiň talap edýän mukdarynda ýadaman, emgenmek, dümtünmek, jan aýaman işlemek wajypdyr. Zehinlilikde dünýä meşhur bolan alymlaryň biri «Maňa zehinli diýýärsiňiz, _________ men yhlaslylygy zehinlilikden has öňde goýýaryn» diýen ekeni. Tomas Edison bolsa, «Zehiniň 1%-i _________, galan 99%-i __________, gaýrat, maňlaý deri...» diýer ekeni. Mahlasy, hötde gelmek işleýän işimiz üçin öňküden-de artykmaç gaýrat etmegimiz, has __________ işlemegimiz gerek. Şonda der dökýän ugrumyzda zehini daş ýaýýanlaryň işi rowaçlaryň biri boljakdygymyz şübhesiz, yhlas ýanymyzda, ____________ alnymyzda bolsa, onda at-abraý, şan-şöhrat, abraý-__________ bizden bolmaly.

1. Arzuw-maksatlara ýetmekde jadyly sözüň nähili täsiriniň bardygyna düşündiň?
2. Siz nähili düşünýärsiňiz, netije gazanmakda yhlas möhümmi ýa-da zehin?
3. Size tanyş bolan adamlaryň arasynda öz işine yhlasly çemeleşip, ýokary netijeleri gazananlardan kimleri bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1.4-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden alnan sözlemleri orfagrafik kadasyna laýyklykda depderiňize ýazyň.

Söz d...ri jan. Dörediji bilen s...zleşýär. Söz beýik g...drat, ne? sillerde kämil bolýan muka...des nygm...t. Bu nygmatyň beýikligi, dürli öw...şginli mazmunlylygy biziň sözleý...ş meden... ýetimizde ýüze çykýar. Ýurtbaş...ymyzyň aýdyşy ýaly, «Garaşsyz...yk ýyllarynda ene dilim...ziň ulanylyş m...çberiniň örän giňelendigini, ony ylmy es...sda ösd...rmek üçin alnyp barylýan ylmy-barlag işleriniň özüne mahsus aýrat...nlyklaryna bagyşlanan ylmy we çeper k...taplar, okuw gollanmalary, täze-täze sözl...leriň çap edilmegi jemgyýetiň gözý...timiniň ösüşine öz g...şandyny goşýar».

Ine, şeýle k...pçülik üçin niýetlenen kitaplaryň biri Özb...gistanyň Halk şahyry Erkin Wahydowyň «Sözüň nepisligi» kitabydyr. Bu kitaby okasaň onda ene dil...mize bolan söýgi ýene – de joş urýar. Çünki dil umumy milletiň mülk...dir.

**1.5-njy ýumuş.** Aşakdaky teksti okaň we göçüriň. Söz üýtgediji we söz ýasaýjy goşulmalaryň aşagyny çyzyň.

## DÜNÝÄ EDEBIÝATYNYŇ GENJI-HAZYNASY



Türkmen halkynyň milli ruhunyň beýany bolan Magtymguly Pyragynyň döredijiligi dünýä nusgalykdyr. Ol medeniýetimiziň, dilimiziň gymmatly hazynasydyr. Onuň döredijiliginiň ýyllar geçdigiçe ynsan köňüllerine saçýan şuglasy has-da nurlanýar. Çuň many-mazmunly goşgulary okyjylary özüne çekýär. Şonuň üçin hem şahyryň «söz mülki» dünýämiziň bahasyz gymmatlygyna öwrüldi. Beýik akyldaryň öňe sürýän pikirlerinde esasy ugur adam terbiýesi bolup, adamyň kämil bolmagy, ylym-bilim öwrenmegi hakyndaky pikirler beýan edilýär.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi türkmen halkynyň ruhy sütünleriniň biridir. Iki ýarym asyr gowrak wagt bäri türkmen halkynyň dürli syýasy, ykdysady, durmuşy öwrülişikleri başdan geçirendigine garamazdan, Magtymguly Pyragynyň giň mazmunly, çuň manyly şygryýetiniň gymmaty günsaýyn ýokarlanýar, syrly pikirleri bolsa, dünýä alymlarynyň ünsüni özüne çekýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Türkmen halkynyň beýik akyldary, şahyry Magtymgulynyň döredijiliginiň agramly bölegi asyrlardan-asyrlara aşyp, nesillerden-nesillere gelip ýetmek bilen, ruhy gymmatlyk hökmünde ynsanlaryň kalbyna çuňňur ornaşyp, ösüp gelýän ýaş nesliň, medeniýetiň kämil derejede ösdürilmegine, şahsyýetleri terbiýelemäge özboluşly goşant goşýar.

**1.6-nji ýumuş.** Söz ussady Magtymguly şahyrymyzyň döredijilik dünýäsi baradaky maglumatlardan peýdalanyp, aşakdaky ýumuşlara pikiriňizi ýazma görnüşde beýan ediň we goşgulardan mysallar getirmek arkaly delillendiriň.

1. Magtymguly özüniň ussatlygy bilen her sözi öz ýerinde ulanmagy başaran şahyr.
*Jogaby:* ____________________

____________________

2. Şahyryň eserlerindäki sözleriň göçme mana baýlygy onuň döredijiliginiň çeperçiligini artdyrýar.
*Jogaby:* ____________________

____________________

3. Magtymgulynyň eserleriniň esasy wezipesi çeper sözüň güýji bilen, ynsanyň ahlak gözelligini açmakdyr.
*Jogaby:* ____________________

____________________

## 2-NJI DERS

**2.1-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti okaň we mazmunyny aýdyp beriň.

### «ŞAHYR» SÖZÜNIŇ MANYSY

«Şahyr» sözüniň düýp manysy «duýujy» bolup, onuň adat edilen manysy goşguçydyr. Goşgynyň düýp manysy «duýgy» bolup, esasy, joşgun we birneme gözöňüne getirmek, jemläp aýdylanda, ylham netijesinde emele gelen çeper sözlemi bildirýär. Emma şahyr sözi özüniň aňladyşy nukdaýy nazarynda çyn mazmuna eýe bulup, ýörite aýratynlyga eýe bolan adamy aňladýar. Beýle adamyň ilkinji nobatda ynsan derejesine ýetişmeklige hereket etmekligi zerur. Bu diňe şahyra dalä, hemme üçin gerek. Emma bu bolmasa, şahyrlygyň fundamentini ýönekeý edip aýdanda, aşagy boş bolýar. Fundamenti boş ymaratyň tiz ýemrilişi ýaly ynsanyň özeni gowşak şahyryň goşgusy hem, özi hem tiz şikest tapýar».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«Külpete teklip etmek» dogry däl. Soňky döwürde «Lutfan teklip edýäris» diýen söz düzüminden peýdalanylyp başlandy. Bu aýtgy görnüşinden owadan bolup görünýär. Emma many babatyndan «lutfan teklip» nähili dogry?

Käbir adamlaryň daşky görnüşiniň içgi dünýäsine dogry gelmeýşi ýaly, söz düzümleriniň eşidilişi olaryň mazmunyna gabat gelmezligi mümkin. Beýle söz we söz düzümleri ýaş şahyrlaryň we alymlaryň sözlerinde hem duş gelýär. Meselem, Şahyra haýsydyr söz, alyma haýsydyr jümle ýarasa, göwnüne düşse, ony ýerliksiz hem bolsa ony ulanmakdan özüni saklap bilmezligi mümkin.

«Külpete teklip edýärin» diýmek iki görnüşden nädogry. Birinjiden «lutf» bilen «teklib-iň» düýp tapandan biri-birine gapma-garşydyr. Sebäbi «lutf» diýip ýumşak we kereşme bilen edilen garaýşyna ýa-da ýüzlenmä aýdylsa, «teklib»iň düýp manysy külpete salmak, alada goýmakdyr. Teklip etmek diýen gep sözlem «gadam basyp gelmegiňizi soraýaryn» diýen söze mazmun taýdan ýakyndyr. Birini zyýapada ýa-da bezime çagyran adam ýüzlenmek edebine görä, «sizi lezzet almaga çagyrýaryn» diýmän, «sizi alada goýjak» diýýär.

**2.2-nji ýumuş.** Aşakdaky berlen tabşyryklaryň jogaplaryny depderiňize ýazyň.

1. Şahyr «sözüň nepisligi» barada nähili pikirleri öňe sürýär?
**Jogap:** ____________________________________________
____________________________________________

2. Awtoryň bellemegine görä, «adamlaryň daşky görnüşiniň içki dünýäsine deň gelmezliginiň» sebäplerine öz garaýşyňyzy beýan ediň.
**Jogap:** ____________________________________________
____________________________________________

3. Awtor özüniň maksady hem-de pikirlerini nähili usulda düşündirýändigini beýan ediň.
**Jogap:** ____________________________________________
____________________________________________



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.3-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti okaň we mazmuny barada gürrüň ediň.

## BEÝIGIŇ GADAMY – HORMATY ARTDY, ABRAÝY GÖTERILDI DIÝMEKDIR

«Käwagtlar gadam basmak» sözüniň hem manysy ýoýulýar. «Gadam basmak» sözüniň düýp manysy hormatlamak, beýgeltmekdir. Şol sebäpli beýik kiçiniň öýüne gelse, şonuň bilen onuň hormaty artýar, abraýy göterilýär diýen manyda bu gelmekligi «gadam basmak» diýip atlandyrýarlar. Kiçiniň ulynyňka barşy bolsa «zyýarat», «hyzmatynda bolmak» diýilýär.

Ýüzlenilen wagtda bolsa uly hem edep tarapyndan özüniň baryşyny beýigiň gadam basyşyna deňemeýär. Emma başga bilen deňeşdireniňde bu sözi özi ondan uly hem bolsa kabul edýär. Meselem biziňkä baryň ýa-da tiz-tiz baryp duruň, diýýär.

Şeýlede bolsa, käwagtlar çeper eserlerde emeli ýokary beýik adamlaryň huzuryna emeli pes bolan adam girmekçi bolanynda «pylankes gadam goýmakçy» diýip ýokary emeldäki adam arz edilişi dogry däl.

Bu ýagdaýda «gadam basdy» däl-de, «rugsat soraýar» diýip arz etmegi dogry bolýar.

Her bir sözüň öz ýeri bar.

Kä wagtlar sport oýunlarynyna kommentaryýa berýänleriň (oýnuň gidişini alyp barýanlar) agzyndan «gylyçlaşyjylar ýaryşy» ýa-da «göreşi», «paraşýutçylaryň ýaryşy ýa-da «awuamogelçileriň göreşi» ýaly sözleri eşitmek mümkin. Häzir hyýalyňyza, şol ýoldaşlar ýaryş sözüni gereginden artyk gaýtalamazlyk, sözüni her hili etmek üçin «bäsleşik» we «göreşmek» sözlerine ýüzlenen bolmaklygy mümkin, diýen pikir gelýär. Bu dogry pikir. Gaýtalanmalardan gaçmak, manydaş sözlerden mümkinçiligi boldugyça doly peýdalanmak gerek. Ýöne her bir sözüň öz ýeri we manydaş sözlerinden peýdalanmagyň düzgüni bar. Meselem, «göreş»i göçme manyda işläp çykarmaklykda göreşýän iki şahsa laýyk ulanmak mümkin. Eger olaryň işi beden güýjüni talap edýän bolsa, örän ýerlikli bolýar. Emma «şahmatçylar göreşdiler» diýmeklik dogry bolmaýar. Sebäbi şahmata biliň güýji gerek däl bolmasa, «şahmatçylar göreşdiler» diýen sözden olar şahmaty beýlede goýup, ferganaça, ýagny bil tutuşyp göreşdiler diýen mazmun ýüze çykýar. Eger olar şahmatda belleşdiler diýilse şahmatçylyk düşünilýär ýöne bary bir aýdylan jümle aýply bolýar.

**2.4-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden alnan basdy, ýoldaşlar, ulanmak ýaly sözleriň aýdylyşyny we ýazylyşyny anyklaň, soňra sözlem içinde getirip ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

1. **D** sesi bilen başlanýan **–dyr, -dir, -dur, -dür**... ýaly söz ýasaýjy goşulmalar **l, n, s, z** sesleri bilen gutarýan sözlere goşulanda, gepleşikde goşulmanyň başyndaky **d** sesi goşulýan sözleriň soňundaky **l, n, z, s** seslerine öwrülip geplenýär. Emma edebi diliň ýazuwynda öwrülmän ýazylýar.

**Meselem:** bassaş däl – **basdaş,** bässeş däl – **bäsdeş...**

2. Soňy **ç** sesine gutaran sözlere **d, l, j, ç, s** sesleri bilen başlanýan goşulmalar goşulanda, gepleşikde söz soňundaky **ç** sesi **ş** sesine öwrülip geplenýär. Emma bular ýazuwda üýtgedilmän ýazylýar.

**Meselem:** saşlak däl – **saçlak**, saşly däl – **saçly...**

**2.5-nji ýumuş.** Çeper eserlerden peýdalanyp, «Sözüň nepisligi» baradaky jümleleri ýazyň.

Belent başlar dogry ýola çen bilen,
Akyl adam söz başlamaz «men» bilen.

Her sözüm bir dürdür, kämil bolana,
Dowa etmek dälilikdir ölene.

Sözüm nesihatdyr, bir gulak salyň,
Bendesi men söze hyrydar guluň.

Her ýaman söz-jana ýylan dişidir,
Soksa, zähri asan ýykmaz iniňden.

Ten ýapmaga köýnek istär ýalaňaç,
Köýnekli diýr: «Wah, üstünden don bolsa!»

«Baş saglyk» diýp, Hakdan dilär garny aç,
Bäşin tapan arzuw eder-on bolsa.

Magtymguly, hergiz tapmady aman,
Ýalgan tilniň zähri tyglardan ýaman.

Ýaman til ýanynda zähri köp ýylan,
Çaksa-da, bir çybyn çakança bolmaz.

*Magtymguly*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.6-njy ýumuş.** Çeper eserlerden alnan böleklerdäki kinaýaly sözleri tapyň, olaryň nähili ähmiýetiniň bardygyny düşündiriň. Soňra san, ýöňkeme,düşüm goşulmalarynyň aşagyny çyzyň

Artyk öz dosty Aşyr bilen durmuş, daýhanlaryň agyr ýagdaýy hakda gürrüň edende, örän ýangynly gepleýär: «...suw sanaşygynda, hada paýlaşygynda, nobat aýlanyşygynda seniň asyl köpüňiziň-agzyňyz mumly ýaly, geplemezlige dil baglanşan ýaly, hiç biriňiz çyňkyňyzy çykaraňyzok...eger biz hemmämiz bir çukura tüýkürsek, her ýapdan kyrk elliläp işsiz suw artdyrylarmydy! Myrabyň hadasy bize gezek gelende uzap, baýlara gezek gelende uzalmazdymy?... Halnazara meňzeşler biziňkä iki esse artyk eken ýerlerini ýanjap suwaranlarynda biziň şüdügärimiziň çeti tozap ýatarmydy?...Elbetde, şu bolşumyz ýaly, meni urany-hudaý ursun diýip, guýrugymyzy ýaňzymyza gysyp ýörsek biziň ýalymyz-da bolmaz, ýalagymyz-da!»

...Şonda baý ogly Bally oňa «Artygyň iti barmydyr, ýalagy bor ýaly» diýse,beýleki baýlar, Mämmetweli dindarlar aldaw-hile bilen Halnazar baýy mirap saýlaýarlar.

## 3-NJI DERS

**3.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we mazmuny bilen tanyşyň.

### DIL EKOLOGIÝASY

Lingiwistik ekologiýa-her bir aýratyn diliň dürlüligini goramak üçin, daşky gurşawa diliň özara täsirini görkezýär. «Dil ekologiýasy» düşünjesi dil alymy E. Haugen tarapyndan 1970-nji ýylda neşir edildi. Ekologiýa janly organizmleriň bir-biri bilen täsirini öwrenýärkä, diliň ekologiýasy dilleriň özara täsirini hem öwrenýär. Tebigatdaky ekologiýa problemalary adamlaryň saglygyny hapalap biler, diliň ekologiýa problemalary bu dilde doglan adamyň ýigrenilmegine sebäp bolup biler.

Häzirki zaman jemgyýeti, asyl görnüşinde adamlaryň milli diline we materialyna umumy garaýşyny öwrenýär. Lingiwistik ekologiýa diliň görnüşine täsirine we näme etjekdigine seredýär.

«Lingiwistik ekologiýa» adalgasy, mysal üçin «dil maşgalasy», janly–jandarlary öwrenmekden alnan metafora, bir topar kömekçi metafora, organizmleriň we olaryň töweregindäki täsirini öwrenmek üçin terminler-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dir. Çaklamalar, iň esasy, dilleriň predmet hasap edilip bilinjegini, olaryň wagt we giňişlikde ýerleşýändigini, dilleriň ekologiýasy gürleýjilerden iň bolmanda gysgaça tapawutlandyrýandygyny aýdyp geçýär.

«Dil gürläp boljak, bir zat däl we aragatnaşyk ýönekeý sesleriň yzygiderligi bilen ýüze çykmaýar...

Dil – jemgyýetçilik durmuşynda beýlekilerden aýry, däş-töwerekden aýrylmaz bir durmuş tejribesi...»

Esasy pikir, bir tarapdan dili emele getirýän amallar we daşky gurşaw, başgaça aýdylanda, dilleriň köpelýän, özara täsirleşýän, biri-birine bagly bolan syr, bäsdeşlik ekolingiwistik sistema öwrülmegidir. Daşky gurşaw bilen täsirleşeniňde her minutda dile uýgunlaşýan daşarky gyjyndyrmalara duçar bolýarsyň. Bu jogap ilki bilen belli bir görnüşleriň käbir aýratynlyklaryň saýlanmagyna sebäp bolýan aýratyn jogap görnüşleriniň goşulmagydyr. Başgaça aýdylanda, daşky gurşawyň ösmegine saýlama täsiri bar.

**3.2-nji ýumuş.** Aşakdaky sözlemleri okaň, soňra sözleriň aýdylyşlary we ýazylyşlaryny çyzgyda görkezip ýazyň.

Bäsdeş, ýoldaş, egindeş, güldürmek, gezdirmek, gazdyrmak, ýazdyrmak, asmandaky, kapasdaky, tomusdaky, narpyzdaky, garpyzdaky, ýazdaky, baldak, ildeş, kündük.

| **Sözleriň aýdylyşy** | **Sözleriň ýazylyşy** |
|---|---|
| Ýannak | Ýandak |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |
| | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.3-nji ýumuş.** Aşakdaky soraglara jogap beriň.

*1. Dil näme?* ____________________________

*2. Ekologiýa näme?* ________________________

*3. Dil ekologiýasy diýende nämä düşünýärsiňiz?* ________
____________________________________________

*4. Ekolingiwistika näme?* ______________________

*5. Dil hakynda bilýän nakyl we hikmetli sözleriňizi aýdyp beriň we olaryň manysy düşündiriň.*

**3.4-nji ýumuş.** Sapakda alan bilimleriňize esaslanyp, dil ekologiýasynyň ähmiýeti barada özbaşdak tekst serediň.

**3.5-nji ýumuş.** Aşakdaky tekstiň birinji abzasyny morfologik taýdan derňew edip, asyl söz bilen goşulmanyň tapawudyny düşündiriň. Söz üýtgediji we söz ýasaýjy goşulmalary kabul eden sözleri aýratynlykda depderiňize ýazyň.

Elbetde, biziň her birimize özümiz barada aýdylýan öwgüli, hoşamaý sözleri eşitmek ýakymlydyr. Şonuň bilen birlikde, aýdylan sözleriň, az-kem bolsa-da, ulaldylyp aýdylandygyny duýýarys. Şeýle bolsa, bu sözleri eşitmek bize näme üçin ýakymlyka? Eger adama: «Siz şeýle akylly» ýa-da «Siz muny örän oňat başarýarsyňyz» diýip, ýygy-ýygydan aýdylsa, hakykatda, ol beýle ökde däl hem bolsa, belli bir wagtdan soňra öz ukyplaryna doly ynanar we özünde bar bolan mümkinçilikleri ulanmaga çalşar.

Ynandyrmanyň täsiriniň netijesinde, adamyň haýsy-da bolsa bir häsiýetini kämilleşdirmekde arzuwynyň, isleginiň, zerurlygynyň gaýybana kanagatlandyrylmasy bolup geçýän ýaly bolýar. Hakykatda, onda isleg doly kanagatlandyrylmaz, ýöne onuň kanagatlandyrylandygyny duýmak, onuň netijesinde oňat duýgularyň döremesi hakykata öwrüler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



«Altyn sözleri» ulanmagyň düzgünleri bar. Olary bilmezlik ýa-da bozmak arkaly «altyn sözleri» (iň gowy bolanda) boş, lenç edilen sözlere öwürmek mümkin. Öwgüli, hoşamaý sözler ýaranjaňlyk edilip aýdylan sözlerden olarda az-kem ulaltmanyň bardygy bilen tapawutlanýarlar. Ýaranjaň öz söhbetdeşiniň artykmaçlyklaryny, gowy taraplaryny juda ulaldyp görkezýär.

Mysal üçin, «Şu reňk saňa örän oňat gelişýär» (öwgi) we «Sen iň gözel zenan» (ýaranjaňlyk) jümlelerini deňeşdirip görüň. Ýaranjaňlyk öwgüden has gödegräkdir we köplenç ýapa ýanaşmaýandygy, hakykata laýyk gelmeýändigi üçin kabul edilmän biler. Ýaranjaňlygyň ýaraýan adamlary hem bar.Işewürlik aragatnaşygyna hoşamaý söz (öwgi) laýyk gelýär. Taryp etmek (hoşamaý söz aýtmak) bilen öwgini birmeňzeş düşünje hasaplamaly däl. Öwgi – bu oňat baha bermek. Taryp etmegiň oňat kabul edilmegine hyzmatdaşlaryň ikisine-de mälim bolan maglumatlary, subutnamalary ulanmak ýardam edýär. Taryp etmäni onda subutly esasyň ýokdugy ynandyryjy däl edýär we aýdylan sözi lenji çykan, ýaranjaňlyk bilen aýdylan sözüň derejesine çenli peseldip biler.

Tarypnama gysga, bir-iki pikirden ybarat bolmalydyr, onda öwüt-ündew beriji sözler bolmaly däldir. Onda iki many çykýan söz düzümlerini ulanmakdan gaça durmaly. Taryplaýjy, hoşamaý sözleri mümkin boldugyça ýygy-ýygydan aýtmaly. Adamlar taryp etmäni, hoşamaý sözi gowy kabul edýärler, sebäbi her bir adama oňa ýakymly bir zat aýtmak isleýändikleriniň özi hem ýakymlydyr. Hut şonuň üçin hem olar ýakymly zat aýdylanda bolup biljek ýalňyşlyklary, säwlikleri bagyşlaýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.6-njy ýumuş.** Öwgüli sözleri, ýaraňjaňlygy, tarypnamany beýan edýän bölekleri çeper eserlerden tapyp, depderiňize ýazyň. Olaryň bir-birinden aýratynlygyny düşündiriň.

**1. Öwgi –**

**2. Ýaraňjaňlyk –**

**3. Tarypnama –**

1. Siziň pikiriňizçe, ynsanda ýok bolan häsiýetleri artdyryp, olary öwmeklik dogrumyka?
2. Eger size ýaraňjaň ynsanyň keşbini şekillendiriň diýseler, nähili adamlary göz öňüňize getirýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# VII BAP

# YLYM WE TEHNOLOGIÝALAR



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS



**1.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we mazmunyny aýdyp beriň.

## NOBEL BAÝRAGY




Nobel baýragy – **Fizika, himiýa, edebiýat, lukmançylyk – psihologiýa, parahatçylyk we ekologiýa** ugurlary boýunça bitirilen işleriň iň ýokary derejeli baýragy bolup durýar.

Alfred Nobel – 1833-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda Şwesiýanyň Stokholm şäherinde dogulýar. Ol dinamidi oýlap tapýar. 1895-nji ýylda Alfred Nobeliň wesýeti boýunça adamzada hyzmat edenleri sylaglandyrmak üçin «Nobel baýragy» döredilýär. 1901-nji ýylda Nobel baýragynyň ilkinji gezek gowşurylyşy boldy. Baýragyň gowşurylyş dabarasy her ýyl Alfred Nobeliň aradan çykan güni ýagny 10-njy dekabrda Stokholmda geçirilýär

Esasy bellemeli zat hem, Nobel baýragy matematika ugry boýunça berilmeýär.

Matematika ylmy bolmazdan häzirki döwrüň ösüşini göz öňüne getirmek mümkin däl. Häzirki zaman tehnologiýalary, esasanam kompýuterler, internet, jübi telefonlary matematiki hasaplamalar, san amallary bolmazdan oýlanyp tapylmazdy. Şeýle tehnologiýa adam ömrüni näçe aňsatlaşdyrsa-da, ylym dünýäsinde iň abraýly matematika boýunça Nobel baýra-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




gy matematiklere berilmeýär. Dogry, Bertrand Rassel (edebiýatda 1950), Maks Born 1954-nji ýylda fizika), Kennet Ok (1972-nji ýylda ykdysadyýet), Leonid Kantorowiç (1975-nji ýylda ykdysadyýetde), Jon Neş ýaly tanymal matematikler (1995-nji ýylda ykdysadyýet boýunça) bu abraýly baýraga mynasyp boldular. Şeýlede bolsa, matematiki mümkinçiliklerini beýleki ugurlara ulanmak bilen Nobel baýragynyň eýesi hökmünde taryha girdiler.

Onda näme üçin matematiklere Nobel baýragy berilmeýär? Matematika mugallymlarynyň köpüsi, Nobel baýragynyň matematiklere berilmejekdigi baradaky giň ýaýran myş-myşlara salgylanýar, sebäbi baýragy esaslandyryjy Alfret Nobeliň söýgüli gyzy ýaş matematigi saýlady. Şeýle-de bolsa, Nobel hakda alada etmedik üç gyzyň hiç biriniň hem matematika bilen baglanyşygy ýokdy. Russiýaly Aleksandr boýun towlasa-da, 1876-njy ýylda sekratary Bertha Kinski ilkinji söýgülisi Baron Artur Gandakkar Sattner bilen durmuş gurdy we Wenesiýaly Sofy Hess bilen 18 ýyllyk söýgüsi matematika bilen baglanyşykly däldi. Käbir adamlar, Nobel matematigi boýunça görnükli Mittag Leffleriň aýalyna göriplik edendigini we matematikleri baýraksyz galdyrandygyna ynanýarlar. Şeýle-de bolsa, Nobeliň hiç haçan öýlenmändigini bu galplygyň esassyzdygyny görkezýär.

Matematikleriň Nobel baýragynyň berilmezliginiň aýdyň sebäbi ýok bolsa-da hünärmentler birnäçe çaklamalary öňe sürýärler. Matematiklere Nobel baýragy berilmedik hem bolsa, olaryň abraýy we baýrak gaznasy Nobel baýragyndan az bolmadyk matematiki baýraklary döretdi we alymlary bu ugurdaky häzirki açyşlar we gözlegler üçin sylaglamak däbe öwrüldi.

1. Nobel baýragy haýsy ugur boýunça berilmeýär we onuň berilmezliginiň sebäpleri?
2. Siziň pikiriňizçe, Nobel baýragyny almakdan baş tartýanlar hem bolýarmy? Näme üçin?
3. Nobel baýragyny bir gezek alan adam, ikinji gezek ýene alyp bilýärmi? Pikiriňizi bildiriň.
4. Pikirlenip görüň, Nobel baýragynyň eýeleriniň arasynda erkekler köpmi ýa-da aýallar?

**1.2-nji ýumuş.** Bir ýa-da birnäçe dogry jogaby tapyň we depderiňize ýazyň.

| | |
|---|---|
| Adamza...y (d) (t) | Tehni...i (k) (g) |
| Baýra...yň (k) (g) | Düý...i (b) (p) |
| Bilmezli...i (k) (g) | Mätä...i (ç) (j) |
| Gana...yň (t) (g) | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÇEKIMSIZ SESLER WE OLARYŇ TOPARLARA BÖLÜNIŞI

Owaz bilen galmagalyň goşulmagyndan ýa-da diňe galmagallardan emele gelýän seslere **çekimsiz sesler** diýilýär.

Türkmen elipbiýinde 21 sany çekimsiz ses bar: **b, w, g, d, ž, j, z, ý, k, l, m, n, ň, p, r, s, t, f, h, ç, ş.**

Çekimsiz sesler dymyk we açyk diýen iki topara bölünýärler.

**1. Dymyk sesler: k, p, s, t, f, ç, ş.**

**2. Açyk sesler: g, r, b, z, d, w, ž, j, ý, n, ň, m, l.**

Türkmen dilinde h harpy hem açyk, hem dymyk ses üçin ulanylýar. Meselem: haly, hamyr, şäher diýende h harpy açyk ses üçin ulanylyp, nyrh, waharman diýende bolsa, h harpy dymyk ses üçin ulanylýar.

**1.3-nji ýumuş.** Aşakdaky suratlarda kimleri görýärsiňiz?. Nobel baýragyny kimler we haýsy ugur boýunça eýeländigini internet sahypalaryňyzdan yzarlap, shemany dolduryň.

1 

Ykdysadyýet boýunça Nobel baýragynyň eýesi
Ester Dýuflo

2 


3 



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

4 

5 

6 

**1.4-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstden alnan, sözlemde 11 sany söz ýalňyş berlen. Olary orfografik düzgüne laýyklykda göçüriň.

Matematika ylmy bolymazdan häzirki döwürüň ösişini göz öňüne getirmek mümkün däl, häzirki zaman tehnologyýalary, esasanam kompuýuterler, internet, jübü telefonlary matematiki hasaplamalar, san amallary bolymazdan oýlanp taplmazdy.

**1.5-nji ýumuş.** Aşakdaky berlen teksti okaň we ýazyň. Dymyk çekimsizleriň aşagyny bir çyzyk, açyk çekimsizleriň aşagyny iki çyzyk çyzyň.

Döredilenden bäri 823 erkek we 49 aýal Nobel baýragyna mynasyp boldy. Edebiýat boýunça Nobel baýragyny alan aýallaryň sany 15 sany.

Singrid Unsed

Norwegiýaly ýazyjy 1928-nji ýylda edebiýat boýunça Nobel baýragyna eýe boldy. Singrid Unsed, orta asyr Skandinawiýa durmuşynyň ýatda çykmajak şekilleri üçin Nobel eýesine aýlandy.

Unset Şwed Akademiýasynda Nobel çykyşyny bermekden ýüz öwürdi. Gysga sözünde «Men üçin ýazmak, sözlemekden aňsat, özüm hakda aýdanymdan görä başgalar hakynda ýazmak müň esse aňsatdyr» – diýdi.

Şeýlede bolsa Nobel baýragynyň eýesi hökmünde ýazan bäş romany tankytçylar pikirine görä, öňki eserleri bilen deňeşdirilende, täsirli däldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 2-NJI DERS



2.1-nji ýumuş. Teksti okaň we mazmunyny aýdyp beriň.

## GELJEKDÄKI HÜNÄRLERI SAÝLAŇ

Häzirki zaman dünýäsinde bilim almak we abraýly hünäre eýe bolmak adam durmuşynda möhüm rol oýnaýar. Geljekki talyplaryň hemmesi diýen ýaly daşary ýurtda okamak isleýär, mekdepde okaýarka haýsy hünäri saýlamaly, haýsy uniwersitetde okamaly. Häzirki wagtda biziň ýurdumyza we dünýäniň beýleki ýurtlaryna üns berseňiz, bilimli ökde hünärmentlere uly zerurlyk bar. Şol bir wagtyň özünde iň bir abraýly, iň meşhur, iň möhüm ýokary islegli hünärler, iş tapmak aňsat bolan lukmançylyk we IT programirleme hünärmenleridir. IT hünärmenleri maglumat tehnalogiýasy ulgamynda çuňňur bilimleri talap edýän hünärleriň tutuş maşgalasy: programmist; ulgam arhitektory; maglumat ulgamy boýunça hünärment; ulgam analitigi; ulgam dolandyryş hünärmendi; maglumat tehnalogiýasy dolandyryjysy; çözgütler we çylşyrymly tehniki ulgamlar üçin satuw menejeri; maglumat çeşmeleri boýunça hünärment; maglumat bazasynyň dolandyryjysy.

Häzirki wagtda, biziň ýurdumyzda sazlaşykly ösen nesliň terbiýesi, ulalýan çagalarymyz häzirki zaman tehnologiýalaryny ulanyp, geljegimiziň mundan beýläkde-de ösmegi üçin berk binýady döredýän IT hünärlerini saýlamalydyr.

2035-nji ýyla çenli dünýädäki işleriň takmynam 70% -i awtomatlaşdyrylar. Özbegistan ilatynyň ýakyn wagtda 40–42 milliona ýetjekdigini göz öňde tutup, zähmet bazasyndaky işgärlere zerurlyk artar. Şol bir wagtyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

özünde uniwersitetler bäsdeşlik meýilnamasyny düzmeli. Diplomlarymyzyň azyndan on ýyl möhleti gutarmaly däldir.

Döwür üýtgeýär, uniwersitetler öz konsepsiýasyny özgerdip barýar. ABŞ-nyň Silikon düzlügine (meşhur tehnologiýa kompaniýalarynyň ýerleşýän ýeri) barsaňyz 4 ýyllyk diplom däl-de, maglumat tehnologiýasy boýunça aýlyk kurslar sertifikatlary ýeterlikdir.

1. Häzirki wagtda bizi iň täze tehnologiýa hem haýran galdyrmagy kyn. Siziň pikiriňizçe, näme üçin beýlekä?
2. Pikiriňizi bir ýere jemläň, ähli pudaklar awtomatlaşdyrylsa, biz ynsanlar näme bilen meşgullanýarys?
3. Oýlanyp görüň, Özbegistanda haýsy pudak çalt ösýär we ýakyn geljekde nähili kadrlara zerurçylyk dörär?
4. «Iş berijileriň pikiri XXI asyryň uniwersitetleriniň esasy ýörelgesi bolmaly» -diýen pikire öz garaýşyňyzy beýan ediň.

**2.2-nji ýumuş.** Ýokardaky suratlar haýsy kesbiň eýesidigini anyklaň. «Sen kim bolmagy isleýärsiň?» diýen temada tekst dörediň.

## IKI ÇEKIMSIZ SESIŇ ÝANAŞYK GELŞI

### Sözüň ortasynda, ahyrynda iki çekimsiz sesiň ýanaşyp gelşiniň we çekimsizleriň meňzeşleşmeginiň (assimilýasiýanyň) ýazuw düzgüni

1. Söz ortasynda ýanaşyp gelýän, bogna bölünende, her haýsy aýry bogna düşýän iki çekimsiz sesiň soňkusy açyk sese öwrülip ýazylýar.

**Meselem: *serişte däl-de –serişde, keppe däl-de –kepbe, pökki däl-de –pökgi...***

***Madda, maddy, mukaddes…*** ýaly sözler bu düzgüne girizilmeýär.

2. Söz ortasynda ýanaşyp gelen sesiň ilkisi ***m, ň, s bolup, soňkusy hem b, g, t*** sesleri bolsa, yzkylary öňdäkilerine uýdurylyp (assimilleşdirilip) ýazylýar.

**Meselem: *hasta däl-de –hassa, usta däl-de –ussa, aňgal däl-de –aňňal…***

At hyzmatynda gelen «ösdürim, basdyrma, gyzdyrma» ýaly sözler hem ***össürim, bassyrma, gyzzyrma*** kimin ýazylýar.

3. Sözüň ortasynda gelýän ***ld, nd*** sesleri «ballak, ýyllam, sallam, ýyllyz» ýaly aýdylsalar-da, olar biri-birine uýdurylman ***baldak, ýyndam, saldam, ýyldyz*** kimin ýazylýar.

4. Bir bogunly ümlüklerden we ses hem obraz aňladýan sözlerden ***-la, -le*** goşulyp, işlik ýasalanda söz (bölek) bilen goşulmanyň arasynda dar çekimli aýdylýan ýaly aňşarylsa-da ýazuwda dar çekimli ýazylmaýar.

**Meselem: *güpülemek däl –güplemek, şatylamak däl –şatlamak…***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.3-nji ýumuş.** Aşakdaky ýazylan sözleri dogry ýa-da nädogrydygyny anyklaň we depderiňize ýazyň.

| T/s | Sözler | Dogry | Nädogry |
|---|---|---|---|
| 1 | dessur | | |
| 2 | ýannak | | |
| 3 | hasta | | |
| 4 | güýşli | | |
| 5 | sannyk | | |
| 6 | topyrak | | |
| 7 | kündük | | |
| 8 | össürim | | |
| 9 | endik | | |
| 10 | usta | | |

**2.4-nji ýumuş.** Teksti diňlet mek arkaly okuwçylary kesp-hünäre ugrukdyrmak.



1. Kesbi saýlamakda nämelere üns bermeli?
2. «Ynsany zähmet bezeýär» diýen pikire siziň garaýşyňyz?

Adamzat nesli dowam etjek bolsa, keseliň-de, sowatsyzlygyňda garşysyna göreşäýmeli. Tebip kömek sorap gelen hastany jynsyna, ýaşyna, milletine garamazdan bejermeli. Hat-da duşmany bolsa-da, oňa em etme-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

li. Mugallym hem şägirtleriniň kimdigine garamazdan, oňa ak ýürekden sowat, terbiýe bermeli.

Dünýäde şol iki käriň eýeleri bilen iş salyşmaýan adam ýok bolsa gerek. Adam doglan gününden başlap, tä bakyýa göçýänçä, günde günaşa olar bilen ýüzbe-ýüz bolup durýar. Olaryň maslahatyna kömegine mätäç bolýar. Şahyr mugallymy bagban bilen deňeşdirýär. Bagban öz eken nahalynyň kök alşyna, ösüşine, ýapraklaýşyna syn edip begenişi ýaly, mugallym-da öz okuwçysynyň her bir üssünligine aň-düşünjesine, edep-ekramyna, durmuşda öz ornuny tapyp, ata-enesine, obasyna, mekdebine getirýän abraýyna guwanýar.

Elbetde, mugallymçylyk işi gaty kyn jogapkärli iş, irginsiz zähmeti talap edýän iş. Şol agyr zähmet olaryň saglyklaryna-da, daşky görnüşlerine-de täsir edýär. Göreçleri kütelýär, saçlary wagtyndan tiz agarýar. Synçy adamlar uly märekäniň arasynda mugallymy onuň daşky keşbinden tanap bilse gerek. Emma ýolda-yzda köpçülikde «Salam, hormatly mugallym!» diýip mähir, uly sarpa, hormat bilen ýüzlenilen söz onuň ähli çeken azabynyň, kynçylygynyň öwezini dolýar. Biz bu ýerde diňe bir mugallymçylyk käri barada söz açdyk. Ýöne her bir hünäriňde mugallymçylyk käri ýaly zerurlygy, ähmiýeti bardyr.

Halk arasynda aýdylýan «Hünär adamy däl-de, adam hünäri bezeýär» diýen adalga laýyklykda islendik hünärde işläniňde edýän işiňe hormat goýmaly, ony kämilleşdirmeli, halal zähmetiň bilen abraý almaga gazanmaly. Ana şonda, adam hünäri bezäp biler. Gazanjyň halal bolman, galplyk bilen gazanylan bolsa, irde-giçde onuň üsti açylar we paş bolar.

**Ýatda saklaň!**

1. Türkmen dilinde ulanylýan asyl sözleriň soňunda iki çekimsiz sesiň ýanaşyk gelmegine seýrek duşulýar. Olaryň köpüsi alynma, arap-pars dilinden geçen sözlerde bolýar. Sözüň soňunda iki çekimsiz ses aşakdaky ýaly ýanaşyp gelýär:

*-gt sesleri: bagt, wagt, mugt, tagt… -ýp, -ýt sesleri: keýp, haýp, gaýt, aýt…*

*-lk, -lp, -lt sesleri: halk, gulp, zülp… -np, -ns, -nt, -nç sesleri: gant, synp, jyns, daýanç… -ňk sesleri: süňk, aňk-taňk…*

*2. –rz, -rç, -rk, -rp, -rs, -rt, -rh sesleri: arz, berk, gork, görk, harp, bars…*

*-şk, -şp, -şt sesleri: küşt, keşp, maşk… -st sesleri:dost, üst, kast…*

*-wp, -wç sesleri: möwç, öwç, howp… -ht sesleri: şäht, jäht, äht…*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.5-nji ýumuş.** Aşakdaky berlen sözleri sözlem içinde getirip depderiňize ýazyň. Iki çekimsiz sesiň ýanaşyk gelşine üns beriň.

Bagt, wagt, aýt, halk, synp, jyns,
berk, maşk, küşt, howp, äht.

## 3-NJI DERS

**3.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we gürrüň ediň.

### NOBEL BAÝRAGY EÝESINIŇ SÖZI

Nogaýa uniwersitetiniň professory, Nobel baýragynyň eýesi Hiroşi Amano onlaýn leksiýa berdi. Hiroşi Amono ýagtylyk energiýa çeşmelerinden tygşytly ulanmaga mümkinçilik berýän ýagtylyk çykaryjy diodlary oýlap tapandygy üçin 2014-nji ýylda fizika boýunça Nobel baýragyny aldy.

Hasabat Nagoýa uniwersiteti, Özbegistan Respublikasynyň inowasiýa ösüş ministrligi, Daşkent döwlet tehnika uniwersiteti, Özbegistan Respublikasy Ýokary we orta bilim ministrligi bilen guraldy. Talyplar, mugallym we pudak wekilleri «LED ler bilen dünýäni yşyklandyrmak» atly tanyşdyrylyş dabarasyna gatnaşdylar.

Şu gün professor Amano ýaşlara 14 ýyllyk tejribesi we bu pudaga nädip girip gelendigi barada gürrüň berdi. Hususan-da, professor Nobel baýragyny almagyna sebäp bolan gözlegleri barada jikme-jik maglumat berdi-diýip, inowasiýa ösüş ministrliginiň Milli inowasiýa we tehnologiýa geçiriş ofisi baş direktory Olimjon Toýçiýew aýtdy. Amano söhbetdeşlik wagtynda gözleginde bir ýarym müň gezek şowsuzlyga uçrandygyny, ýöne gözlegini dowam etdirendigini belledi, bu bolsa ýaşlarymyza uly itergi bolar.

Hasabatda şu günki gün üçin aktual we gyzykly meseleler hem gozgaldy. Hususan-da, elektromobiller barada gürrüň edildi. Hiroşi Amano häzirki bar bolan elektromobillerden birnäçe esse täsirli täze nesil elekrik awtoulaglaryň üstünde işleýändigini aýtdy.

Çykyşda Nagoýa uniwersitetiniň prezidenti Seýçi Matsuo bu çärede çykyş edip, geljekde şeýle leksiýalaryň köpüsiniň guraljakdygyny aýtdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Soňra Daşkent döwlet tehnika uniwersitetiniň rektory Sadritdin Turobjanow meseläniň derwaýyslygy barada durup geçip, şeýle hyzmatdaşlygyň iki ýurduň arasynda geljegi uly taslamalar üçin esas boljakdygyny aýtdy.

Professor Hiroşi Amanonyň leksiýasyny ýaşlar uly gyzyklanma bilen diňlediler. Çäräniň ahyrynda mowzuk hakda jikme-jik düşündirişler berildi. Nobel baýragynyň eýesi ýaşlaryň köp soraglaryna jogap berdi.

**3.2-nji ýumuş.** Ýokardaky tekst esasynda jedweldäki sözlemleriň dogry ýa-da nädogrydygyny anyklaň.

| T/s | Düşünjeler | Dogry | Nädogry |
|---|---|---|---|
| 1 | Amono 2014-nji ýylda fizika boýunça Nobel baýragyny aldy. | | |
| 2 | Şu gün professor Amano ýaşlara 20 ýyllyk tejribesi we bu pudaga nädip girip gelendigi barada gürrüň berdi. | | |
| 3 | Hasabatda şu günki gün üçin aktual we gyzyksyz meseleler hem gozgaldy. | | |
| 4 | Hususan-da, elektromobiller barada gürrüň edildi. | | |
| 5 | Professor Hiroşi Amanonyň leksiýasyny ýaşlar uly gyzyklanma bilen diňlediler. | | |
| 6 | Nobel baýragynyň eýesi ýaşlaryň köp soraglaryna jogap berip bilmedi. | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## SES WE ŞEKIL AŇLADÝAN SÖZLERIŇ ÝAZYLYŞY

***Ýatda saklaň!***

Ses aňladýan sözler

1. Goşulmalar arkaly ses we obraz meňzetmelerinden hasyl bolan käbir sözleriň soňundaky çekimsiz ses goşalanýar. Emma **horkuldy, tarpyldy, parkyldy, şarkyldy…** ýaly sözlerde çekimsiz ses goşalandyrylmaýar



Şekil we obraz meňzetmeleri

2. Ses we obraz meňzetmelerinden **-la, -le** goşulyp, işlik ýasalanda, goşulma bilen bölegin arasynda ysgynsyz dar çekimli eşidilýän ýaly bolsa-da (şat (y)lap, pat (y)lap) ýazylmaýar.

**3.3-nji ýumuş.** Köp nokatlaryň deregine degişli goşulmalary goşup, sözlemler içinde ulanyp depderiňize ýazyň.

Guşjagaz jür…, ders jyk…, possun şokur…, at dükür…, odun şat…, it has…, syrkaw iň…, arynyň waz…, adam hor…, şir har…, şemal şuw…, suw şag…, kozanak hoz…, siňek wyz…, uçar gür…, traktor tar…, jojuk hor…, aýagyň tarp…, paltanyň gürp…, şaryň par…, çywygyň şarp…, buzuň şat…, kesegiň pat…

**3.4-nji ýumuş.** Aşakdaky soraglara öz pikiriňizi beýan ediň.

***1. Siz nobel baýragynyň mynasyp bolan ynsanlaryň gazanan üstünlikleri bilen tanyşyp gördüňizmi?***
***2. Olaryň şeýle derejä ýetmeginiň syry nämedekä?***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***3. Sizde şol ynsanlaryň derejesine ýetmeklige höwes döredimi?***

***4. Eger geljekde siz hem şu ynsanlaryň derejesine ýetseňiz, öz watanyňyzyň geljegine nähili goşant goşardyňyz?***

**3.5-nji ýumuş.** «Meniň geljekdäki arzuwlarym» temasynda döredijilikli beýannama ýazyň.

## 4-NJI DERS



**4.1-nji ýumuş.** Teksti üns bilen diňläň. Silikon jülgesini meşhurlyga öwrülmeginiň sebäpleri hakynda gürrüň ediň.

### SILIKON DÜZLÜGI – ÝOKARY TEHNOLOGIÝALAR WATANY

Elektronika we kompýuter senagatynyň, bilim we gözleg merkezleriniň, ýokary hünärli hünärmentleriň, bu ugurdan köp maýa goýýan bilelikdäki kärhanalaryň çägine giren her bir adam özüni fantastik film gahrymany hökmünde göz öňüne getirýär. Şeýle-de bolsa, şeýle sebitiň barlygy hakykata öwrüldi. Bu ýeri alymlar Silikon jülgesi diýip atlandyrýarlar.

Ol nirede?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Aslynda, ýokary tehnologiýaly Silikon jülgesiniň merkezleşdirilen ýerini atlandyrmak däbe öwrüldi. Şeýle zonalaryň döredilmegi ösüşe çalyşýan islendik hökümet üçin möhüm mesele. Häzirki wagtda şuňa meňzeş tehnologiýa seýilgähleriniň onlarça ýurtda işleýändigine garamazdan, alymlar hakyky Silikon jülgesiniň diňe San-Fransizko şäheriniň günortasyndaky Kaliforniýa Santa-Klarada ýerleşýändigine ynanýarlar.

Kaliforniýanyň ykdysadyýetini öwrenmek merkeziniň hünärmentleriň pikiriçe häzirki wagtda dünýäniň iň uly ýokary tehnologiýaly kompaniýasy müňlerçe dürli firmalar we guramalar bar. Silikon jülgesiniň adyny Kaliforniýaly telekeçi Ralf Werst oýlap tapan. Bu termin ylma 1971-nji ýylda jurnalist Don Hofler tarapyndan girizildi. Şol döwürde bu ady ABŞ-nyň Silikon jülgesinde hepdelik «Elektron habarlar» gazetinde çap edilen makalalarynyň birnäçesinde ulandy. Ýokary tehnologiýaly sebitiň näme üçin Silikon jülgesi diýip atlandyrylýandygy baradaky soraga jogap hem taýýar. Silikon bu ýerde işleýän kärhanalarda mikroshemalar üçin ýarym geçiriji bölekleri öndürmekde esasy material hökmünde ulanylýar. Silikon iňlis dilindäki «kremniý» sözünden emele gelen.

Silikon ýa-da kremniý?

«Sanly tehnologiýa» adalgasynyň dogry düşündirilmegini goldaýan käbir rus gözlegçileri, Silikon jülgesiniň adynyň ýalňyşdygyny öňe sürýärler. Ýalňyş diýinmeginiň sebäbi, iňlis dilindäki iki sany «Silikon»-kremniý hem-de plastik hirurgiýada ulanylýan material «Silikonyň»-kremniýiň nädogry düşünilmegi.

Alymlar, silikon sözüni eşiden käbir adamlar sanly tehnologiýa barada söz barýandygyny düşünmeýärler, diýen pikirdedir. Ylmy nuktaýynazardan seredende, atlandyrylyşyna görä edilen dawalar esasly ýaly. Şeýle-de bolsa, ýokarda belläp geçişimiz ýaly Silikon jülgesiniň ady halk köpçüliginiň arasynda meşhur boldy.

**4.2-nji ýumuş.** «Silikon düzlügi» tekstindäki siziň ünsüňizi çeken sözleriň manylary boýunça «BBB» jedwelini dolduryň. Sözleriň manylaryny bilmek üçin internet sahypalaryňyzdan peýdalanyň.

| Bilýärdim | Bilesim gelýär | Bilip aldym |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4.3-nji ýumuş.** Silikon düzlüginiň gözelligini suratlandyrýan tekst dörediň. Içinde ses we şekil aňladýan sözlerden peýdalanyň.



**4.4-nji ýumuş.** Çeper eserlerden içinde ses we şekil aňladýan sözleri tapyp, olary sözlemleri bilen bilelikde depderiňize göçüriň.

## 5-NJI DERS







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




## INNOWASION ÖSÜŞ MINISTRLIGI BARADA

**5.1-nji ýumuş.** Aşakdaky tekstiň mazmuny bilen tanyşyň.

**Strategiýanyň esasy maksady näme?**

Strategiýanyň esasy maksady, dünýä arenasynda bäsdeşlik ukybynyň derejesini we innowasiýa ösüşini kesgitlemekde esasy faktor hökmünde adam kapitalyny ösdürmekdir.

2030-njy ýyla çenli Özbegistan Global innowasiýa indeksine görä, dünýäniň iň gowy 50 ýurdunyň birine öwrülmegi meýilleşdirilýär.

Programmanyň netijelerine baha bermek üçin ünsüňizi innowasiýa çemeleşmesine çekmek isleýäris. Öňler özümiz bilen öwünýärdik, ýöne daşarda hiç kim muňa çynlakaý garamaýardy.

Ýalňyşlary boýun almazlyk üçin dürli halkara gözleglere we reýtinglere gatnaşmakdan saklandyk.

Ylym we inowasiýa ösdi. Üstünlikler gazanyldy. Şeýle-de bolsa, netijeler halkara maglumatlar bazasynda we Global innowasiýa indeksinde görkezilmedi.

Bu ýagdaýa aç-açan seretsek, bu çemeleşme öňe gidişlige getirmän, bizi yza itekledi.

Indi başgaça, mümkin boldugyça obýektiw.

Ösüş, halkara guramalaryň reýtinginde we gözleglerde şöhlelenýän 81 görkeziji boýunça bahalanýar.

**Bu ýolda nämeler etmeli?**

**Ilki bilen** ähli derejedäki bilimiň hilini we gurşawyny ýokarlandyrmaly, dowamly bilim ulgamyny ösdürmeli we ykdysadyýetiň talaplaryna laýyklykda okuw ulgamynyň çeýeligini üpjüň etmeli.

**Ikinjiden,** gözlegleriň, ösüşiň we tehnologiýanyň netijelerini giňden ýaýratmak üçin gözlegleriň we ösüşiň kuwwatyny we netijeligini güýçlen-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dirmek, bilim, ylym we telekeçiligi birleşdirmek üçin amaly mehanizmleri döretmek zerurdyr.

**Üçünjiden,** innowasiýa üçin döwlet we hususy maýa serişdeleriniň derejesini ýokarlandyrmaly we häzirki zaman we netijeli maliýeleşdiriş usullaryny öňe sürmeli.

**Dördünjiden,** döwrebap dolandyryş usullaryny we enjamlaryny ornaşdyrmak arkaly, döwlet edaralarynyň netijeligini ýokarlandyrmak.

**Bäşinjiden,** telekeçiligi ösdürmek, şahsy hukuklary goramak ulgamyny kämilleşdirmek, bäsdeşlik bazary we döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin deň derejeli meýdança döretmek zerur.

**Netijede,** durnukly sosial-ykdysady infrastrukturany döretmek üçin işler etmeli.

**Bilim ulgamy nähili üýtgär?**

Bilim edaralarynda okatmagyň hilini ýokarlandyrmak üçin täze bilim programmalaryny we akylly tehnologiýalary okuw prossesine ornaşdyrmak zerur.

**5.2-nji ýumuş.** Ýokardaky tekst esasynda aşakdaky jedweli dolduryň.

| Tekst esasynda aşakdaky maglumatlaryň dogry ýa-da nädogrydygyny anyklaň. | | | |
|---|---|---|---|
| T/s | Düşünjeler | Dogry | Nädogry |
| 1 | Bu ýagdaýa aç-açan seretsek, bu çemeleşme öňe gidişlige getirmän, bizi yza itekledi. | | |
| 2 | 2030-njy ýyla çenli Özbegistan Global innowasiýa indeksine görä, dünýäniň iň gowy 32 ýurdunyň birine öwrülmegi meýilleşdirilýär. | | |
| 3 | Ösüş, halkara guramalaryň reýtinginde we gözleglerde şöhlelenýän 81 görkeziji boýunça bahalanmaýar. | | |
| 4 | Ýalňyşlary boýun almazlyk üçin dürli halkara gözleglere we reýtinglere gatnaşdyk. | | |
| 5 | Indi başgaça, mümkin boldugyça subýektiw | | |
| 6 | Dowamly bilim ulgamyny ösdürmeli we ykdysadyýetiň talaplaryna laýyklykda okuw ulgamynyň çeýeligini üpjün etmeli. | | |
| 7 | Bäsdeşlik bazary we döwlet-hususy hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin deň derejeli meýdança döretmek zerur. | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**5.3-nji ýumuş.** «Innowasion ösüş ministligi barada» tekstinden peýdalanyp, aşakdaky soraglara jogap ýazyň.

***1. 2030-njy ýyla çenli Özbegistanda global innowasiýa boýunça nähili özgerişlere garaşylýar?***
***2. Ösüşi halkara guramalaryň reýtiňine götermek üçin nähili işleri amala aşyrmaly?***
***3. Bilim ulgamlarynda okatmagyň hilini gowulandyrmak üçin nähili maksatlar göz öňünde tutulýar?***

**5.4-nji ýumuş.** Ses we şekil aňladýan sözleri sözlem içinde getirip, depderiňize ýazyň.

Dazyrt, güsürt, düňk, tabyrt, şar-şar, tyrp-tyrp, güpür-tapyr, hyşy-wyşy, ýalt-ýult, aňk-taňk, lak-luk, şag-şow.

## 6-NJY DERS




### OÝLAP TAPYŞLARYŇ WE AÇYŞLARYŇ TARYHY

**6.1-nji ýumuş.** Teksti ünsli okaň. Sözüň ahyrynda iki çekimsiz ses ýanaşyk gelen sözleri tapyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*Durmuş* biri-biri bilen baglanşykly ýer ýüzündäki görünýän we görünmeýän zatlaryň hemmesini öz içine alýan, sagadyň sekunt tizligi bilen öňe ilerläp barýan barlykdyr. Durmuşy akyla sygjak we akyla sygmajak derejede adamzadyň häzire çenli aňynyň ujuna-da gelmedik edilmeli açyşlaryň barjasyny özünde gizläp saklaýan syrly çäksiz hereket hökmünde göz öňüne getirip bileris.

Adam ýer şarynyň taryhynda hiç bir jandaryň başarmadyk beýik, kämil siwilizasiýasyna ýetdi. Ynsan wagt birligini, kwant fizikasyny, ýeliň garşysyna uçýan uçarlary, älem syrlaryny, adam DNK-sy we beýleki uly açyşlardyr kanunlary öwrenip, olary öz peýdasyna ulanyp ugrady. Emma bu gazananlar durmuş syrlaryny açmakda edilen işleriň 100-den 5%-ine ýetse ýetendir. Bu diýmek belki-de durmuşyň syrlary, edilmeli açyşlar, kwant fizikasynyň matematiki we ruhy-aň kanunlaryň ösüş ýollarynyň çäksizdigini aňladýan bolsa gerek.

Durmuşy bu göze görünýän fiziki obýektler bilen gurşalan janly materialy tebigat diýip pikir ýöretsek, onda adamyň ösüşiniň esasy sebäbi bolup hyzmat edýän, onuň aňyny bu durmuşa goşant goşýan subýektiw ýerine ýetiriji funksiýasy diýip bileris. Durmuşa tarap söýgi adamy öz syrlaryna dürli ugurlar boýunça çekýär.

**6.2-nji ýumuş.** Tekst bilen tanyşyp, onuň durmuşdaky ähmiýetini gürrüň ediň. Soňra iki çekimsiz sesiň ýanaşyk gelen sözleri tapyp depderiňize ýazyň.

## LUKMANÇYLYKDA RENTGEN ŞÖHLELERI



Rentgen şöhleleriniň adam myşsalary ýaly gaty zatlardan hem geçip biljekdigi olary lukmançylykda özboluşly bir programma öwürdi. Rentgen şöhleleri adam bedeninde bolup geçýän zatlary kesgitlemäge kömek edýär.

Rentgen şöhleleri 1895-nji ýylda Wýurtsburg uniwersitetiniň nemes alymy Wilgelm Konrad Rentgen (1845-1923) tarapyndan tapyldy. Bu şöhleler hem göze görünýän gamma şöhleleri, radio tolkunlary, mikrotolkunlar, infragyzyl, ultramelewşe şöhleleri ýaly elektromagnit spektriň bir görnüşidir. Rentgen şöhleleriniň tapylmagyna tötänlik sebäp boldy.

Konrad Rentgen katod şöhlelerini çykarýan elektron şöhle turbasy bilen synag geçirdi. Bir gezek turba dykyz we galyň gara kagyz bilen örtülende tötänleýin elektr toguny dakdy we golaýdaky platina-bariý bariý kristallarynyň ýaşyl öwsüp başlandygyny gördi. Rentgen turbasy öçürilen badyna parlaklyk saklandy. Täzeden ýakylanda, kristallar ýene ýalpyldap başlady. Derňewleri dowam etdirip, rentgen şöhleleri ozal näbelli radia-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



siýa görnüşine duş gelendigini bildi. Katod şöhleleriniň elektron şöhle turbasynyň içinde haýsydyr bir päsgelçilik ýüze çykan bolmaly diýip pikir etdi.

Görkezilen täze görnüşli radiasiýa, rentgen, katod radiasiýasynyň intensiw akymyny almak üçin elektron şöhle turbasynyň dizaýnyna üýtgeşmeler girizildi. Şol sebäpli şeýle täze turba rentgen turbasy diýlip atlandyryldy. Täze şöhleleriň geň häsiýetleri haýran galdyrýardy: aç-açan päsgelçiliklerden (meselem, şol galyň gara kagyzdan) erkin geçip bilýärdi, ýöne gurşun plitalaryndan geçip bilmeýärdi.

Synaglaryň birinde Rentgen ajaýyp netijäni ýazga aldy. Ol ýönekeý yşyk şöhleleri bilen düşürilip bilinjek suratlaryň hem täze şöhle bilen alnyp bilinjekdigini ýa-da ýokdugyny görmek isledi we aýalynyň elini surat plastinkasyna goýmagyny haýyş etdi. Rentgen maşgalasyny geň galdyran zat, surat plastinkasynda palma we barmak däl-de, el we barmaklaryň şekili peýda boldy. Barmaklaryň biriniň üstündäki toý ýüzügi edil bolşy ýaly göze ilýärdi.

Rentgeniň özi bu şöhleleri X şöhlesi diýip atlandyrdy. Soň bolsa Rentgen diýlip atlandyrylyp başlandy. 1898-nji ýylda rentgen şöhleleri ilkinji gezek lukmançylyk maksatly ulanylyp başlandy. Ýörite rentgen turbasy bilen enjamlaşdyrylan anyklaýyş enjamy, Iňlis goşunynyň hereketi üçin döredilip, ýaralanan esgerleri barlamak üçin harby türgenleşik meýdançalarynda giňden ulanylyp başlandy.

1901-nji ýylda Wilgelm Konrad Rentgen açyşy üçin fizika boýunça Nobel baýragyna eýe boldy. Munuň fizika pudagy üçin döredilen ilkinji Nobel baýragydygyny bellemelidiris.

Birnäçe wagtdan soň rentgen turbasy rowaçlanyp başlady. 1913-nji ýylda Amerikaly alym William Kulidj Rentgen turbasynyň katodyny wolfram süýümleri bilen üpjün edip, rentgen turbasynyň mundan beýläkde ösmegine goşant goşdy. Netijede has ýokary hilli we has düşnükli şekilleri almak mümkin boldy. Soňra alymlar we muhandisler, şeýle hem



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



lukmançylyk hünärmenleri umumy gözlegleriň netijesinde rentgen şöhleleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak we näsaglara, lukmanlara ýaramaz täsirini azaltmak üçin üznüksiz gözlegler geçirdiler.

Häzirki wagtda rentgen enjamlary diagnoz we bejergi taýdan ähmiýetini ýitirmedi. Esasanam öýken kesellerini, süňk döwüklerini we diş kesellerini anyklamakda rentgen diagnozyna ýetip biljek gural ýok. 1970-nji ýyllarda KT skanerler – rentgen we kompýuter tomografiýasynyň özara duetleri peýda boldy. Bu usulyň düýp manysy, adam bedenindäki dürli dokumalaryň rentgen şöhlelerini başgaça geçirmegidir. Şonuň üçin dürli organlaryň rentgen şekillerini almak üçin kompýuterde çylşyrymly gaýtadan işlemek prosesi amala aşyrylýar. KT skanerlenen organyň dürli galyňlygyndaky dokumalar gatlaklarda aýratyn şekillendirilýär we soňra gaýtadan işlemek prosesinde kompýuterdäki ýörite programma arkaly ýeke we aýrylmaz organ şekiline birleşdirilýär.

Şeýle-de bolsa, rentgen şöhlelerini ulanmagyň kemçilikleri hem bar: Adam bedenine girenlerinden soň, dokumanyň işjeňligine ýaramaz täsir edip, saratan (düwnük) keseline sebäp bolmak howpy bar. Şonuň üçin bedeniň rentgen barlaglarynyň aralygyny saklamak lukmanlar tarapyndan yzygiderli we berk gözegçilikde saklanýar.

Rentgen turbasy radiasiýanyň täsirini azaltmak üçin daş-töweregi demir örtük bilen örtülen elektron şöhle turbasynyň bir görnüşidir. Adam bedeniniň barlanylýan bölegine rentgen şöhleleri iberilýän gaty kiçijik bir döwük bar. Turbanyň içindäki güýçli elektrik togy elektronlary položitel anod bilen otrisatel katodyň arasynda hereket etmäge mejbur edýär. Elektronlaryň anoddaky täsiri rentgen şöhleleriniň döremegine getirýär.

1. Rentgen şöhleleriniň lukmançylykda nähili ähmiýetiniň barlygyny düşündiriň.
2. Ony yzygiderli ulanmagyň kemçilikleri hakynda nämeler bilýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**6.3-nji ýumuş.** «Lukmançylykda rentgen şöhleleri» tekstinden peýdalanyp, köp nokatlaryň ýerine degişli sözleri goýuň.

| **Test 1**<br>Rentgen şöhleleri ...... bedeninde bolup geçýän zatlary kesgitlemäge kömek edýär | |
|---|---|
| A | haýwan |
| B | mör-möjekleriň |
| S | adam |
| D | ösümlik |

| **Test 2**<br>Synaglaryň birinde Rentgen ..... netijäni ýazga aldy. | |
|---|---|
| A | geň galmaly |
| B | täsin |
| S | zyýanly |
| D | ajaýyp |

| **Test 3**<br>Häzirki wagtda rentgen enjamlary ....... we ....... taýdan ähmiýetini ýitirmedi. | |
|---|---|
| A | barlamak we bejermek |
| B | diagnoz we bejergi |
| S | şöhleleri we ulanylyşy |
| D | gözegçilik we täsiri |

**6.4-nji ýumuş.** Dünýä ylmynyň hazynasyna bahasyna ýetip bolmajak goşant goşan beýik watandaşlarymyzyň durmuşy we ylmy işleri baradaky maglumatlaryň haýsy alymlara degişlidigini anyklaň we maglumatlary doldurup depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1



2



3



4



5

1.________________________ 798-nji ýylda Fergana jülgesinde dogulýar, ýöne jülgäniň haýsy şäherinde ýa-da obasynda doglandygy belli däl. Meşhur gündogarşynas Aşraf Ahmedow doglan ýeri barada şeýle ýazýar: Orta asyr Fergana jülgesiniň merkezi şäheri bolan Ahsikata Fergana hem diýilýärdi. Şonuň üçin ____________ Fergana jülgesiniň ýa-da Ahsikatyň islendik obasyndan bolup biler. ____________ halyf Harun al-Reşidiň gündogardaky orunbasary, Merwde ogly Abdylla (geljekki halyf al-Ma’mun) Merwiň alymlaryndan biridigi, belki Abdyllanyň teşne bolmagy sebäpli bolup biler. Ýaşlygyndan bilim almak üçin 806-njy ýylda Merwiň wekili wezipesine bellenende, Mawerannahr, Horasan, Horezmden alymlary we zehinli ýaşlary ýygnap başlan bu alymlaryň köpüsiniň Abdylla ol ýere gelmezinden öň ýygnanan bolmagy ähtimal. Sebäbi Merw Sasanid döwründen bäri esasy ylmy merkez hasaplanýar. Soňky gözlegler ________________ Kuwada doglandygyny ýüze çykardy.

2. _______________________ görlüp-eşidilmedik goşant goşan alym, Algebra we Algoritm adalgalarynyň «atasy», beýik matematik, taryhçy, astronom, geograf hökmünde bütin dünýäde tanalýar. Beýik alym wa-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tandaşymyzyň şahsy durmuşy baradaky maglumatlar gaty az mukdarda saklandy.

Çeşmelere görä, _______________ 783-nji ýylda Horezmde dünýä inipdir. Bu döwür, Musulman Gündogarynda ylmy oýanma döwri, ylymyň çalt ösýän döwri bolup, ____________ öz döwrüniň öňdebaryjy alymlaryndan Mawerannahrda we Horezmde ylym öwrenipdir. Gadymy hindi we grek ylymlary bilen tanşyp, olar hakda we Horezmde traktatlar ýazyp başlandygy mälimdir.

3. ____________ kakasy Abdylla Balh şäherinden bolup, Samaniler emiri Nuh ibn Mansuryň (967–997) döwründe Buhara göçüp, Hurmaýsan obasynda maliýe işgäri wezipesine bellendi. Afşona obasynda Sitora atly bir gyza öýlendi we iki ogly perzendi boldy. Ogullarynyň ulusynyň ady Huseýn ___________ , kiçisiniňki bolsa Mahmut bolýar. Huseýn 5 ýaşyndaka, ___________ nyň maşgalasy paýtagt Buhara göçýär. Ony şol ýerde okuwa berýärler. _____________ 10 ýaşa çenli Gurhanyň we edebiýatyň sapaklaryny özleşdirdi. Şol bir wagtyň özünde arifmetika we algebra bilen meşgullanýar, arap dilini we edebiýatyny gowy öwrenýär. Onuň ylym ugrundaky ilkinji mugallymy Abu Abdullah al-Natili bolupdyr. Ol kazy we filosof hökmünde halk arasynda meşhur bolandygy üçin kakasy _____________ oňa şägirtlige berýär. Abu Abdullahyň elinde, ylmy logika we astronomiýany öwrenip, käbir pelsepe meselelerinde halypasyndan öňe geçipdir. ___________nyň akyl-paýhasyny gören mugallymy, kakasyna ylymdan başga zat bilen meşgullanmazlygy tabşyrdy. Şondan soň kakasy oglunyň öwrenmegi we bilimini çuňlaşdyrmagy üçin ähli mümkinçilikleri döredip berdi. Ol dürli ylymlary okamagy we öwrenmegi dowam etdirdi. Aýdym-saz, optika, himiýa we hukuk ylymlaryny öwrendi. Esasanam lukmançylyga bolan höwesi onuň bu ugurda beýik derejä ýetmegine sebäp boldy. Ol 17 ýaşynda Buharada halk arasynda meşhur tebip bolup tanaldy.

4. __________________ (1394–1449) – beýik astronom we matematik, öz döwrüniň meşhur alymy, döwlet işgäri, meşhur hökümdaryň agtygy.

________________ 1394-nji ýylyň 22-nji martynda häzirki Azerbaýjanyň Soltaniýa şäherinde dünýä indi. Ol ýaş wagtynda ylym we sungat, esasanam matematika we astronomiýa bilen gyzyklandy. Kakasynyň we atasynyň toplan baý kitaphanasy intellektual dünýägaraýşynyň giňelmegine esas bolup, köp wagtyny şol ýerde geçirdi. ________halypasy tanymal alym, Timuryd kazyýetiniň meşhur matematigi we astronomy Kazyzada Rumydy. __________döwründe Samarkant orta asyr ylym merkezleriň birine öwrülipdi. Ol 1447-nji ýylda Timur dinastiýasynyň baştutany boldy._________özüniň «Ziji jaddi Kuragani»(ýag-ny Kuraganyň täze ýyldyzlar tablisasy) eserini özüniň obserwatoriýasynda geçiren gözegçilikler esasynda ýazylypdyr.1018 sany ýulduzyň ýerleşýän ýeri ylmy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

taýdan teswirlenipdir. Häzirki wagtda bu ýyldyzlar häzirki zaman teleskoplary we kompýuterler bilen öwrenilende ___________gelen netijeleriň az kem tapawutlaryny hasaba almasaň, iňňän dogry we anyklygy belli bolýar.Sahypgyran Emir Temur babamyzyň agtygy __________ beýik alym we döwlet işgär bolup ýetişmeginde uly hyzmatlary bar.

5. __________________ Merkezi Aziýanyň akyldary we ensiklopedik alymy. Dünýä ýüzi Arastuny ilkinji mugallym hökmünde tanasa, _________ «Muallimus – soniý», ýagny «Ikinji mugallym» diýip bilipdirler. Beýle hormatly ada ol öz zamanasynyň ylymlarynyň ähli ugruny gowy bilenligi, aýratyn hem grek filosofiýasyny giň öwrenip, dünýä giň tanalandygy üçin sezewar bolupdyr. Başlangyç bilimini öz ýurdunda alandan soň, ______________ Daşkentde, Buharada we Samarkantda okaýar, bilimini ýene-de artdyrmak üçin arap halypalygynyň uly medeni merkezi Bagdada barýar. __________ 70-den gowrak dili bilipdir, 160-dan gowrak eserleriň awtorydyr. Ol grek alymlary Platon, Aristotel, Ewklid, Ptolomeý, Porfiri we başgalar eserlerine düşündiriş ýazypdyr.Bu düşündirişler Orta Aziýanyň we dünýä alymlarynyň dünýägaraýşyny şekillendirmekde, olaryň Aristotel filosofiýasy bilen tanyşmagyna ýakyndan kömek beripdir.__________tebigy ylymlar hakyndaky garaýyşlary «Ylymlaryň gelip çykyşy we düzümleri»eserinde beýan edilipdir. Onda orta asyrlarda mälim bolan 30-a golaý ylymyň tarypy, ähmiýeti görkezilip berilýär.

________ «Bagty gazanmagyň ýollary hakynda», «Bagtly bolmak hakynda» eserlerinde jemgyýetçilik, döwlet we ony dolandyrmak, tälim-terbiýe, ahlak, dini ynam, magaryf, uruş we parahatçylyk, zähmet we ynsanyň ukyby we başga temalarda pikir ýöredýär.

1. Ylym öýüni guran beýik alymlar, ata-babalarymyz we dünýä ylym asmanynyň ýyldyzlary hakyndaky maglumatlar bilen gyzyklanyp gördüňizmi?!
2. Olar sizde nähili täsir galdyrdy? Siz geljekde haýsy ugurlar boýunça täzelikler döretmegi maksat edýärsiňiz?

**6.5-nji ýumuş.** Teksti üns bilen diňläň we nädogry ýazylan sözleri tapyň. Soňra olary dogry görnüşinde depderiňize ýazyň. Açyk we dymyk çekimsiz sesleriň ýazuw düzgünini düşündiriň.

Häzirki wagtda ulanýan zatlarymyzyň köpüsi ylmyň we tehnikanyň köp ýyllaryň dowamynda kämilleşmegi netijesinde peýda boldy. Häzir göräýmäge aňsad ýaly bolub görünýän zatlaryň döredilmeginde köp adamyň zähmedi ýatyr. Häzirki wagtda uly binalaryň girelgelerindäki özi açylyp-ýapylýan gapylar geçen asyryň ikinji ýarymynda peýda bolýar. 1954-nji ýylda ABŞ-nyň Tehas ştatyndaky Korpus Kristi şäherinde iş alyp barýan «Horton Glass Company» atly kompaniýanyň işkärleri Di Horton we Lew Hewitt güýçli ýel zerarly döwlen pençiräni çalyşýan ekenler. Şol



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Özi açylyp-ýapylýan gapy: Kim, haçan oýlap tapdy?**

döwürde şeýle güýçli ýel daşaryk açylyp-ýapylýan gapylara we penjirelere zeper ýetirýän eken. Gapy ýa-da aýna döwlen wagty golaýyndaky adamada zeper ýetirýän wagty hem bolupdyr. Şol sebäbli bu iki hünärmen şemal bolan wagty döwülmejek gapyny öndürmäge girişýärler.

Özi açylyp-ýapylýan gapylar diňe binalarda däl, awtobus, otly ýaly jemgyýetçilik ulaglarynda, dikuçar ýaly howa gämilerinde hem bar.

Ilkinçi oýlab tapylan gapy kimdir biri golaýyndaky bellenen ýere basanynda açylýardy. Bu gapy diňe güýçli ýeliň açmagynyň öňüni alyp, elinde ýük bolan adamyň arkaýyn içerik girmegi ýa-da daşaryk çykmagy üçin hem ýeňillik döredipdir. Olar ilkinji awtomad gapylaryny 1960-njy ýylda satyp başlapdyrlar. Ilkinji gapy şäherdäki bir restoranda oturdylýar. Hünärmenler topary bu açyşy üçin 1964-nji ýylda patent alýarlar. Şondan soňra «Horton Automatics» atly kompaniýany döretdiler. Soňra süýşürilip açylýan penjireleri hem öndürip başlaýarlar.



Gaptala süýşürilip açylýan gapylar häzirki wagtda söwda nokatlarynda, köpçüligiň barýan binalarynda, duralgalarda giňden ulanylýar. Adamlar üçin uly ýeňillik döredýän, ýönekeý bolan bu gapylar wagdyň geçmegi bilen has-da kämilleşdirildi. Awtomat ýagdaýda açylyp-ýapylýan häzirgi gapylarda oturdylan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýörite sensorlar golaýyna biriniň gelendigini duýup, gapyny açýar. Belli bir wagtdan soňra gapy ýapylýar.

## Geçilen temalar boýunça bilimiňizi synaň

| 1. Ikinji lingiwistik gurultaý näçenji ýylda bolup geçýär? | |
|---|---|
| A. 1958 ý. | S. 1954 ý. |
| B. 1956 ý | D. 1948 ý. |

| 2. Dil bilimi näçe bölüm esasynda öwrenilýär? | |
|---|---|
| A. 4. | S. 5 |
| B. 3. | D. 6. |

| 3. Tirkeş sözleriň arasyna …. . goýlup ýazylýar? | |
|---|---|
| A. Nokat. | S. Defis. |
| B. Kese çyzyk. | D. Otur. |

| 4. Ara sözi özünden soň gelen söz bilen nähili ýazylýar? | |
|---|---|
| A. Goşulyp. | S. Defis goýlup. |
| B. Aýra. | D. Kese çyzykly. |

| 5. Aşakdakylaryň haýsysynyň dogry ýazylandygyny anyklaň? | |
|---|---|
| A. Bir – iki – üç. | S. Birküç. |
| B. Birki-üç. | D. Birkiüç. |

| 6. Dar çekimlisi düşýän sözüň soňy haýsy çekimsizlere gutarmaly? |
|---|
| A. z, l, r, n, s, ş seslerine. |
| B. k, p, t, ç seslerine. |
| S. z, d seslerine. |
| D. g, b, d, j seslerine |

| 7. Aşakdaky sözleriň haýsysynda dar çekimliler düşürilmän ýazylýar? | |
|---|---|
| A. Goýun. | S. Şekil. |
| B. Köwüş. | D. Ogul. |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| 8. Aşakdaky sözleriñ haýsylary dar çekimleriñ düşmek düzgünine boýun egmeseler-de, dar çekimleri düşürilip ýazylýar? |
|---|
| A. Goýun, geçi, sygyr. |
| B. Çekiç, keýik, gawun. |
| S. Gelin, köwüş, kümüş. |
| D. Asyl, pasyl, nesil, ylym. |

| 9. Geldiňiz, tanyşdyk» diýen sözlem nähili sözlem? |
|---|
| A. Deňdeş habarly ýönekeý sözlem |
| B. Eýerjeňli goşma sözlem |
| S. Düzmeli goşma sözlem |
| D. Ýygnak ýönekeý sözlem |

| 10. Diliň dürli taraplaryny öwredýän ylma näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Söz düzümi | S. At |
| B. Dil bilimi | D. Sözlük |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# VIII BAP

# BAÝ BOLSAM



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS



**1.1-nji ýumuş.** Aşakdaky tekst bilen tanyşyň. Rus we Ýewropa dillerinden giren sözleri saýlap depderiňize ýazyň. Saýlan sözleriňiziň bazar gatnaşygyndaky ähmiýeti barada gürrüň ediň.

## PUL

Pul şeýle bir aýratyn haryt bolup, beýleki harytlar üçin umumy ekwiwalent bolup hyzmat edýär. Umumymy haryt çalşanda pul möhüm rol oýnaýar. Gadymy döwürlerde pul funktsiýasy mallar, mal derileri , paltalar we ş. m. dürli harytlar tarapyndan ýerine ýetirilipdir. Soň bolsa gymmat bahaly metallar puluň ornuny tutdy. Sebäbi şol metallar hilini ýitirmedi we çalyşmakda örän peýdalydy. Pul diňe bir haryt däl, onuň sosial gymmaty bar, ýagny ähli harytlary satyn almagyň serişdesi bolup hyzmat edýär.

Pul (pars-täjik.) Merkezi Aziýanyň hanlyklarynda we Gündogaryň käbir ýurtlarynda ulanylýan mis – teňňedir. Pul tebigaty boýunça 3 aýratynlyga eýedir: hemme zady çalşyp boljak möhüm satyn alyş serişdesi, baýlygyň nyşany we zähmeti baha görnüşinde ölçemek serişdesi. Walýuta çalşygy, töleg, bahany ölçemek we toplamak ýaly funksiýalary ýerine ýetirýär. Pul aýlanyş derejesine görä milli ýa-da halkara pullara bölünýär. Ýörite çykarylan dünýä puly ýok, ýöne ählumumy töleg serişdeleriniň roluny iň gymmatly erkin kowertirlenýän walýuta oýnaýar. Häzirki wagtda dünýäde



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ABŞ dollary, Angliýa Funt Sterlingi, Ýaponiýa iýenasy we 2002-nji ýylyň ýanwar aýynda ulanylyşa girizilen Ýewropa Bileleşiginiň pul birligi – ýewro dünýä walýutasy bolup hyzmat edýär.

**1.2-nji ýumuş.** Aşakdaky berlen sitatalaryň manylaryny düşündiriň.



1. *Tygşytlanan bir teňňe, gazanylan müň teňňe.*

2. *Karzyň hem puldugyny ýadyňyzdan çykarmaň.*

3. *Pul dost satyn alyp bilmez.*

## Topar bolup işleýäris

**1.3-nji ýumuş.** Toparyzyň bilen maslahatlaşyp, adakdaky baýdaklaryň haýsy döwletlere degişlidigini we olaryň pul birliginiň tapyň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| T/s | Döwletleriň ady | Pul birligi |
|---|---|---|
| 1 | | |
| 2 | | |
| 3 | | |
| 4 | | |
| 5 | | |

## RUS WE ÝEWROPA DILLERINDEN GIREN SÖZLER WE OLARYŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýatda saklaň!**

**1. Äpişge, kürüşge, bedre, semawar...** ýaly dilimize has ir goşulan sözler bolaýmasa, beýleki rus diliniň üsti bilen biziň dilimize geçen sözler rus diliniň orfografiýasy esasynda ýazylýar.

**Meselem:** ***klub, kino, kassa...***

**2.** Iki meňzeş çekimsiz ses bilen gutarýan sözleriň soňundaky meňzeş çekimsizleriň biri düşürilip ýazylmalydyr.

**Meselem:** gramm däl, **gram**; kilogramm däl, **kilogram**; kristall däl **kristal**; kompress däl, **kompres**; kongress däl, **kongres**; prosess däl, **proses**;

**3.** Rus dilindäki **-çeskiý, -çnyý** ýaly sypat ýasaýjy goşulmalar taşlanylyp, türkmen dilinde **k** getirilmek bilen sypat ýasalýar.

**Meselem:** pedagogiçeskiý – **pedagogik;** awtomatiçeskiý – **awtomatik;**

**4.** Rus we Ýewropa dillerinden giren sözler aýdylyşyna görä bogun esasynda setirden-setire geçirilýär.

**1.4-nji ýumuş.** Köp nokatlaryň deregine degişli goşulmalary goşup ýazyň we çekimli sesleriň sazlaşygyna boýun egip we egmezliginiň sebäplerini düşündiriň.

***Firman...ň, marketin...ň, sertifikat...ň awtoklub...ň, telefon...ň, kružog...ň, filolog...ň, etnolog...ň, sport...ň, transport...ň, etimolog...ň, klub...ň, zabod...ň.***

**1.5-nji ýumuş.** Rus we ýewropa dillerinden giren kesp-hünäre degişli bolan sözleri ýazyň we olaryň ýazuw düzgünini düşündiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 2-NJI DERS



**2.1-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti okaň we mazmunyny düşündiriň.

## BAÝLYK WE GARYPLYK: NÄDIP PUL GAZANMALYDYGY HAKDA PIKIR EDÝÄRIS

Geliň, siziň bilen wiktorina oýnalyň. Jogaplary maňa däl-de özüňize beriň. Şeýlelikde:

- Siziň maşgalaňyzda aýlyk hakyndan başlap, aýlyk hakyna çenli ýaşamak ýetmezçilikleri döredýärmi?
- Gazanylýan pullar maşgalanyň isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýeterli dälmi?
- Ýetmezçilikler sebäpli maşgalaňyzda dawalar bolýarmy?
- Pul ýetmezçiligi sebäpli arzuwlaryňyzy amala aşyryp bolmaýarmy?

Bu soraglara 4 gezek «hawa» diýip jogap beren bolsaňyz, bu gollanma size degişlidir. Sosiologlar gyzykly bir hakykaty görkezýärler: pul hakdaky gürrüňler söýgi hakdaky gürrüňlerden has gyzykly. Munuň sebäbi näme? 1998-nji ýylda Daniýaly sosiologlar adamlar bilen: «Pul näme? Ol size näme berip bilýär? Pul gowumy ýa-da erbetmi?» diýen soraglar geçirýär. Olardan aşakdaky jogaplary alýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Pul erkinlik, beýleki adamlara garaşly bolmazlyk üçin mümkinçilikdir.

- Pul halaýan zadyňy etmäge mümkinçilik berýär.
- Pul arzuwlaryňa ýetmäge kömek edýär.
- Pul dürli amatlyklary hödürleýär, durmuşy gözelleşdirýär.
- Pul garrylyk döwründe abadan durmuşy üpjün edýär.
- Pul ýakynlarymyza, ene-atamyza, çagalara, doganlarymyza kömek etmek üçin bir mümkinçilikdir.
- Pul çagalara gowy bilim almaga mümkinçilik berýär.

Şeýle-de bolsa, birnäçe negatiw pikirler hem boldy. Mysal üçin:

- Pul nadanlykdyr
- Pul ýakyn adamlaryň arasynda dawa-jenjel döredýär
- Pul köp bolsa rahatlygyň ýitýär, ony ýogatmakdan gorkup ýaşaýarsyň.
- Pul sözi beýleki ähli gymmatlyklary ýatdan çykarmaga mejbur edýär.
- Pul adamlary açgöz edýär.

Ýokardaky sosial gözleg netijeleriniň hiç biri-de dogry däl. Emma şundan aşakdaky ýaly umumy netijä gelip bileris: Pul aýnadyr. Ol adamyň gowy we erbet taraplaryny görkezýär. Şonuň üçin üstüliklerimiz we kemçiliklerimiz biziňki we puluň olar bilen hiç hili baglanyşygy ýok.

Ählimiziň içimizde bir wagtyň özünde baý we garyp ynsan ýaşaýar. Olardan biri: «Ölüp gidilýän dünýäde gowy ýaşamaly» diýýär, beýlekisi bolsa: «Özüňi sakla, baryňdan hem aýrylyp galaýma» diýýär. Köpüsi bu gapma-garşylyklaryň arasynda dogry karar berip bilmänligi sebäpli şowsuzlyga uçraýar. Köçülik Ýaradanyň diňe söýýänlerine baýlyk berýändigine ynanýarlar. Emma Ýaradanyň: «Sizden hereket – bizden bereket» sözlerine üns bermeýärler. Baý bolmak ýa-da ýok bolmak diňe siziň kararyňyza bagly.

Onda kim bolmak isleýärsiňiz: baý ýa-da garyp? Köp zat size we ýyllaryň dowamynda emele gelen gatnaşygyňyza baglydyr.

**2.2-nji ýumuş.** Ýokardaky teksti diňläp, aşakdaky ýumuşy ýerine ýetiriň.

| Netijäni depderiňize ýazyň | | | |
|---|---|---|---|
| T/s | Düşünjeler | Dogry (A) | Nädogry (B) |
| 1 | Pul dürli amatlyklary hödürleýär, durmuşy gözelleşdirýär. | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | | | |
|---|---|---|---|
| 2 | Pul ýakyn adamlaryň arasynda dawa-jenjel döredýär. | | |
| 3 | Pul garrylyk döwründe abadan durmuşy üpjün edýär. | | |
| 4 | Pul ýakynlarymyza, ata-enemize, çagalara, doganlarymyza kömek etmek üçin bir mümkinçilikdir. | | |
| 5 | Pul köp bolsa rahatlygyň ýitýär, ony ýogatmakdan gorkup ýaşaýarsyň. | | |
| 6 | Pul adamlary açgöz edýär. | | |



**2.3-nji ýumuş.** Suratlarda baýlygyň haýsy görnüşleri teswirlenen. Olaryň ynsanlaryň durmuşynda nähili ähmiýetiniň bardygyny düşündiriň. Rus we Ýewropa dillerinden giren sözlerden peýdalanyp tekst dörediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**2.4-nji ýumuş.** «Puly tygşytlamagyň ýollary» temasynda tekst dörediň.

**2.5-nji ýumuş.** Teksti okaň. Ýaý içinde berlen sözlerden peýdalanyp, köp nokatlaryň ýerini dolduryň.

***Garyplykdan baý we amatly bolmaga 7 ädim:***

1. Baý bolmaga ... ediň we maksat goýuň.
2. Özüňize terbiýeçi tapyň.
3. Baý adamlaryň endiklerini kabul ediň.
4. Daş -töweregiňizdäkileri we ýaşaýyş durmuşyňyzy üýtgediň.
5. Maliýe taýdan ... boluň.
6. ... goýmaga başlaň.
7. Howlukmaň.




**Baýlyk** – bu işlemezden özüňiz üçin durmuş ýörelgelerini gowy derejede tutup durmak.

**Baý adam** – şahsy emlägine eýe we bu işe özi gatnaşman,özüne ýeterli derejede girdeji gazanan, pul üçin işlemezlik mümkinçiligine eýe adam. Ýag-ny, onuň zähmet güýjüne eýe bolmadyk girdeji.

Netijede baýlyk ... bilen däl-de, belki wagt bilen ölçenýär. Dürli adamlara,dür-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE







li mukdarda pul gerek, ýöne wagt çäklidir. Şonuň üçin islendik biderek zatlara ... sarp etmek ýerlikli däl. Adamlaryň köpüsi wagtyny özleri halamaýan zatlaryna ýitirýärler. Şeýle-de bolsa baýlygy duýmak, gowy ýaşamak üçin, daşky gurşawdan azat bolmak üçin adam söýýän zadyny etmeli dälmi ahyry?!

Baý adamlar ... ýokarlandyrmak üçin işleýärler, garyp adamlar bolsa,gazanç etmek üçin işleýärler.

Baý adamlar az arzuw edýärler we köp zat bejerýärler, ýöne aýdyň maksatlar baý adamlar üçin keseki däl.

Baý adamlar üçin hemişe täze ... we mümkinçilikler gapysy açyk, garyplar bolsa öz problemalary we daşky gurşaw şertleri bilen meşgullanýar.

Näme üçin käbir adamlar pul gazanyp bilýärler, beýlekiler ony başarmaýarlar? Näme üçin käbir ynsanlar, irden agşama çenli az mukdardaky pul üçin işleýärler, käbir adamlar bolsa,diňe bir işlemek bilen çäklenmän ,halaýan işlerini ýerine ýetirip, dynç alýarlar we dünýäni gezelenç edýärler? Näme üçin adamlar pullaryny köpeltmegi başarýarlar, beýlekiler bolsa ... çenli zordan günini görýärler.

Esasy zat, ... hemişe özleri üçin işleýärler. Olar firmanyň ýa-da kompaniýanyň eýesi bolmasalarda elmydama başgalaryň pikirine eýermegiň ýerine, özbaşdak hereket etmäge we öz kararyny kabul etmäge mümkinçilik berýän pozisiýany eýeleýärler.

Nirde bolanyňyz ... däl, nirä barýandygyňyz möhümdir!

Başga biri üçin ... – diýip hasaplamak uly ýalňyşlykdyr.




(Möhüm, maýa, sowatly, aýlykdan-aýlyga, karar, baýlar, pul, pikirler, wagt, işleýärin, girdejilerini)



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-NJI DERS






**3.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we mazmunyny gürrüň ediň.

## GARYPLYK SEBÄPLERI

*Tükeniksiz karzlar, meýilleşdirilmedik çykdajylar, ýitgiler, sowgatlar... Şeýle ýagdaýa düşdüňizmi? Trendmen gapjygyňyzy boşatmagyň ýedi esasy sebäbini görkezýär. Iň azyndan ikisini düzetmäge synanyşyň – belki durmuşyň täze derejesine ýetersiňiz.*

### *Şahsy býudjet*

Oýlanyp görüň – puluňyzy nämä sarp edýärsiňiz? Bu hem seýrekdir. Oturyň we soňky hepde üçin ähli çykdajylaryňyzy ýazyň. Indi pikirlenip görüň: satyn almalar isleg boýunça edildi ýa-da ýok? Käbir önümlerde tygşytlamak mümkin boldumy? Açyk býudjet meýilnamasynyň bolmazlygy – ykdysady abadançylyk gämiňiziň esasy «şowsuzlygy». Iň azyndan bir aýlap şahsy býudjetiňizi nädip döretmelidigini bilmeseňiz, maddy taýdan täze bir zada garaşmaly dälsiňiz



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### *Ykdysady sowatsyzlyk*

Dünýä ilatynyň aglaba bölegi ykdysady taýdan sowatsyz. Uniwersiteti gutaran adamlar esasy ykdysady şertlere düşünmezlik adaty zat. Muny düzetmegiň ýekeje usuly bar: töweregiňizde bolup geçýän zatlar bilen gyzyklanyň we nebitiň bahasynyň alyş-çalyş hümmetine we durmuşyňyza nähili täsir etjekdigine düşünmäge synanyşyň. Seredip, puluň nireden gelýändigi barada düşünje alarsyň.

### *Maliýe biperwaýlygy*

Köpçülik uly girdeji tapmak niýetleriniň kynlaşyp barýanlygy üçin, şeýle ýaramaz perspektiwalardan lapykeç bolýar. Pul ýygnamagy meýilleşdirmegiň we serişdeleri nädip paýlamalydygyny kesgitlemegiň ýerine, aýlyga garaşyp, pul ýygnamak üçin hereket etmegi hem islemeýärler. Maliýe biperwaýlygy depressiýanyň haýsydyr bir ykdysady üýtgemegine öwrülip biler. Möhüm maksatlara ünsi jemläp, ikisini-de iň köp tagalla bilen ýeňip bolar.

### *Pul esasy zat däl*

Pul açar däl, sizi bagtly etmeýär. Munuň bilen ylalaşýarsyňyzmy? Gynansagam, köpler razy. Elbetde, esasy zat pul däl. Maşgalaňyz üçin amatly gurşaw döretmek üçin puluňyz bolmasa-da...Esasy zat siziň bile bolmagyňyzdyr. Beýle dälmi? Puluň abadan durmuşyň esasy bolup biljekdigine düşünmeseňiz, baý bolup bilmersiňiz.

### *Kimdir mundan-da agyr ýagdaýda*

Garyplyk hakykatdan gaçmagyň ýene bir giň ýaýran görnüşi. Tanaýanlaryňyzdan köpräk pul gazanýandygyňyzy düşünmek sizi baý edip goýmaýar, diňe köşeşdirýär we bir jaýda durup galmagyňyza sebäp bolýar. Bu pikir: «Munuň zyýany ýok, Afrikadaky çagalar açlyk çekýärler» diýip oýlamak ýaly bir düşünje.

### *Diňe ýaltalyk*

Dokuzdan alty sagada çenli işlemek kynmy? Aslynda, has köp işlemek mümkin. Oýlanyp görüň, günortanlyk naharyna näçe wagt sarp edýärsiňiz? Belli bir çärelere näçe ders sarp edýärsiňiz? Internete göz aýlamak barada aýtmaly däl. Özüňe rehim etmegi unut. Gowy pul gazanmak isleseňiz has köp işlemeli bolarsyňyz.

### *Başgalary günäkärlemek*

Başga adamlaryň ejiz durmuşymyzda günäkär däldigine aýdyň düşünmek akyl derejesiniň alamatydyr. Başgalara bil baglamaň, pul tapmak barada özüňiz pikirleniň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.2-nji ýumuş.** Aşakdaky surat esasynda pikiriňizi beýan ediň we soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň.

1. Suratdaky adamlary nähili häsiýetlendirmek bolar?

2. Siziň pikiriňizçe suratda baý bolmagyň we garyp düşmegiň sebäpleri nähili teswirlenýär?



## SAN, ÝÖŇKEME WE DÜŞÜM GOŞULMALARYNYŇ ÝAZYLYŞY

**Ýadyňyzdamy?**

1. San, ýöňkeme, düşüm goşulmalary asyl we ýasama sözleriň yzyndan goşulýar. Olaryň hemmesi bir söze goşulmaly bolanda, ilki san, soň ýöňkeme ahyrda hem düşüm goşulmalary goşulýar.

**Meselem:** bag – baglar, *bag***larymyz**, *bag***larymyzda**; *gül* – *gül***ler**, *gül***lerimiz**, *gül***lerimizden**...

2. Bu goşulmalar goşulan sözüniň inçe-ýogynlygyna boýun egýärler. Inçe we ýogyn çekimlisi garyşyp gelen sözlerde soňky bogna garalyp, inçe çekimlili bolsa inçe, ýogyn çekimlili bolsa, ýogyn çekimli goşulma goşulýar.

**Meselem:** *meýdan* – *meýdan* **–lar -yňyz –da;** *hudožnik* – *hudožnik* **–ler –iňiz – de.**

3. San, ýöňkeme, düşüm goşulmalary dodak çekimlileriniň ýazuw düzgünine eýerýärler.

4. Ilki bognunda dodak çekimlilerinden biri gelip, soňy **y, i** seslerine gutaran iki bogunly sözlere san, üçünji ýöňkemäniň **–sy, -si** *wagt*-orun hem çykyş düşüminiň goşulmalaru goşulanda, öz soňundaky **y, i** seslerine derek **u, ü** harplary ýazylýar.

**3.3-nji ýumuş.** «Garyplyk sebäpleri» temasynda berlen tekstden peýdalanyp, san, ýöňkeme we düşüm goşulmalary bar bolan 10 sany sözlemi saýlap depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.4-nji ýumuş.** Aşakdaky surat barada pikir ýörediň. Soňra soraglara jogap ýazyň. Ýazan sözlemleriňizdäki san, ýöňkeme we düşüm goşulmalarynyň aşagyny çyzyň.

1. Suratda näme teswirlenýär?
2. Ynsan uzaga seretmek arkaly görmek isleýän menzilini görüp bilýärmi?



**3.5-nji ýumuş.** Çeper eserlerden peýdalanyp, baý bolmagyň sebäpleri barada gürrüň edilýän jümleleri saýlap ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 4-NJI DERS



**4.1-nji ýumuş.** Aşakdaky tekst bilen tanyşyň we milliarderler durmuşy hakynda bilýän başga-da maglumatlaryňyzy gürrüň ediň.

## MILLIARDERLER HAKYNDAKY HAKYKATLAR

1. «Standard Oil» kompaniýasynyň esaslandyryjysy Jon Rokfeller 1916-njy ýylyň 29-njy sentýabrynda dünýäde ilkinji dollar milliarderi boldy.

2. Statistik maglumatlara görä dünýädäki iň köp milliarderleri esasan ABŞ-da (takmynan 500) ýaşaýar, ondan soň ikinji orunda Hytaý, üçünji orunda Angliýaly milliarderler durýar. Rossiýa bolsa, Germaniýa we Hindistandan soň altynjy oruny eýeleýär.

3. Milliarder Bill Geýts Amerikaly ýazyjy Frensis Skott Fisjeraldyň muşdagy, ol ýazyjynyň «Beýik Getsbi» romanyndan alnan parçalary öý kitaphanasynyň üçeginde pugta saklaýar.

4. Talyplyk döwründe wagondan harytlary düşürip, pul gazanan rus milliarderi Mihail Prohorow soňra öňki Sowet Soýuzynda däbe öwrülen häzirki zaman «gaýnadylan» jinsileri işläp çykarýan firma açýar.

5. Amerikada meşhur bolan «Opra Uinfri shoui» -nyň alyp baryjysy dünýädäki ilkinji gara tenli milliarder aýal hasaplanýar. Oprah iki ýaşynda okamagy öwrendi we üç ýaşynda ybadathanada dini aýatlary aç-açan okaýardy. Onuň owadan aýdylyşy ony telewizorda işlemäge ruhlandyrdy.

6. «Garri Potter» eseriniň awtory Britanyýaly Joan Roul, dünýäde edebiýat arkaly milliardlarça dollar gazanyp boljakdygyny subut eden ilkinji iňlis ýazyjysy. Deňeşdirmek üçin Stiwen King öz eserleri üçin 200



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



million dollar aldy. Joan Garri Potter hakda ilkinji kitabyny gaty kyn ýagdaýda, depressiýada ýazdy. Adamsy gujagynda kiçijik çagany galdyrany üçin, ol garyp galdy. Ol ýaş jadygöý baradaky eserini 12 neşirýata eltdi, ýöne neşir etmek islemediler. Diňe «Bloomsbure» bu eseri almaga razy boldy. Eser çap edilende uly tolgunma sebäp boldy. Üç ýyldan soňra, Amerika neşirýatlaryň arasynda Joan Rouliniň nobatdaky eserini çap etmek hukugyny almak üçin auksion geçirildi.

7. Britanýaly Riçard Brensons (400 dürli hünäri birleşdirýän «Virgin Group Corporation» -yň esaslandyryjysy) dünýäde ilkinji ekstremal milliarderdir.

Riçard dürli ekstremal syýahatlar arkaly dünýä rekordyny gazanyp, milliardlarça pula eýe boldy. Mysal üçin, 1987-nji ýylda gaz bilen doldurylan howa şarynda Atlantik ummanyndan geçdi. Riçard dersda 209 kilometre çenli tizlik bilen dünýä rekordyny goýdy. 2004-nji ýylyň mart aýynda Riçard Branson Gibbs Aguada amfibiýa ulagynda 1 ders 40 minut 6 sekuntda Iňlis kanalyndan geçip, dünýä rekordyny täzeledi.

Riçard we dosty stýuardessa eşigini geýmek barada jedelleşenden soň, dosty AirAsia awiakompaniýasynyň baş direktory Toni Fernandesden beren wadasyny ýerine ýetirmekde kömek sorady. Razy bolmagy bilen, AirAsia stýuardessalary ýaly gyzyl kostýum geýip, beren wadasyny ýerine ýetirdi. Bu onuň iň geň işlerinden biri boldy.

8. Dünýäniň iň baý adamlaryndan biri hasaplanýan Google esaslandyryjy Sergeý Brin dünýäde iň açylmadyk owadan milliarderleriň biri hökmünde ykrar edildi. 2013-nji ýylda aýaly bilen aýrylyşandan soň, Sergeý dünýäde iň arzuwly boýdaklaryň birine öwrüldi. Sergeý Moskwada sowet alymlarynyň maşgalasynda dünýä indi we bäş ýaşyndaka ata-enesi hemişelik ýaşamak üçin ABŞ-a göçdi.

9. Şweýsariýanyň IKEA kompaniýasynyň düýbüni tutujy milliarder Ingvar Kamprad, dünýäde iň hilegär milliarder.

88 ýaşly Ingvard, iň arzan nyrhda söwda edýän magazinden haryt edýär, köne «Volvo» atomobilini sürýär we samolýotda dine ekonom-klasda uçýar. IKEA kompaniýasynyň işgärlerinden tygşytlylygy talap edýär, kagyzlaryň iki tarapyny doldurmazdan taşlap goýbermäge rugsat bermeýärdi.

10. Saud Arabystanyndan Abdul Aziz al-Raji iň köp çagasy bolan milliarder hökmünde ykrar edildi. Onuň 7 aýalyndan 60 çagasy bar.

11. Las Wegasdaky kazinolaryň başlygy Don Lokslin gazançlaryny kronikany ösdürmek üçin ulanýar. (Kronika ölen adamyň jesedini doň-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



duryar we geljekde direldýär). Şeýle hem, ölümden soň direlmek üçin suwuk azot saklamaga ýöriteleşen «Alcor Life Extension Foundation» kompaniýasynyň müşderisi bolup, bu kompaniýa ynsanlar aradan çykandan soň geljekde jesedini direltmek üçin suýuk azotda saklamak bilen meşgunlanýar. Lokslin geljekde eýeçilik etmek umydy bilen puluny kapsulada doňdurdy.

12. «Apple»-iň esaslandyryjysy merhum Stiw Jobs iň oýlap tapyjy milliarderleriň biri. Şeýle hem, onuň geň gylyk-häsiýeti bardy. Stiw elmydama sansyz awtoulag sürdi. Kaliforniýanyň kanuny boýunça, satyn alnandan soň alty aýa çenli belgisi bolmazdan sürüp bilýändigi sebäpli, alty aýdan bir gezek awtoulagyny çalyşýardy.

13. «Facebook» sosial ulgamyny esaslandyryjy iň ýaş milliarder Mark Zukerberg doltanik bolup, gyzyl we ýaşyl reňkleri tawutlandyryp bilmeýär, şonuň üçin hem «Facebook» gök reňklidir.

14. Rus milliarder Wladislaw Doronin iň eli açyk we sahy milliarderleriň biridir. Ol Naomi Kempbell bilen tanyşandan soň, baýlygynyň köp bölegini oňa sarp etdi. Soňra Naomi Kempbelle 600 müň ýewrolyk monjuk we Braziliýadan 19 million dollar öý satyn alyp berýär.

15. Rus milliarderi Roman Abramowiç sungat eserlerini we heýkelleri ýygnamagy halaýar. Iň gymmatly satyn alan eserleriniň arasynda Alberto Jakometti, Frensis Bekon we Lusien Freýdyň işleri bar.

16. 82 ýaşly Riçard Lugner, ýaşyna garamazdan garry milliarder. 2014-nji ýylyň sentýabr aýynda 81 ýaşynda 24 ýaşly öňki «Playboy» modeli Keýti Şmits bilen durmuş gurdy. Riçard şahana toý geçirdi we jurnallar üçin fotosessiýalarda işjeň gatnaşdy.

17. Amerikaly golfçy Taýger Wuds dünýäde ýeke-täk milliarder sportçy hökmünde ykrar edildi. Analitikleriň pikiriçe, girdejisiniň köpüsini sportdan däl-de, reklama aksiýalary arkaly tapýar. Şeýle-de bolsa, Wuds abraýly PGA ýaryşynda 77 gezek ýeňiji boldy.

18. Braziliýaly supermodel Jizel Býundheni dünýäniň ýene bir gözel milliarderi hasaplamak bolar. Ol modeller biznesinden başga-da, özüniň kosmetika markasy bar we reklama aksiýalarynda işjeň gatnaşýar.

19. Gonkongly milliarder Li Kaşin diňe platsmassadan ýasalan ders dakýar. Şeýle hem, fen-shuy bilen meşgullanyp, dostlaryna öýde mebelleri nädip ýerleşdirmelidigi barada maslahat berýär.

20. Hindi milliarderi Anil Ambani iň amatsyz milliarderleriň sanawynda. Birnäçe ýyl dowamynda onuň baýlygy 10 milliard dollardan 5 milliard dollara çenli azaldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4.2-nji ýumuş.** «Milliarderler hakyndaky hakykatlar» tekstini diňläp, aşakdaky berlen suratlarda kimleriň atlarynyň bar ýa-da ýoklugyny depderiňize belgiläň.







**1. Ýöňkeme we düşüm goşulmalary dar çekimli sesleriň düşüp galmagyna, dymyk sesleriň açyk çekimsiz seslere öwrülmegine ýardam edýär. Şoňa doly esas berýär.**

**2. Soňy açyk ses bilen gutaran sözlere birinji we ikinji ýöňkemäniň köplük sanynyň goşulmasy goşulanda goşulmanyň başyndaky dar çekimli sesler düşürilip geplenýär. Emma bular ýazuwda düşürilmän ýazylmalydyr.**

**Meselem: *öýmiz däl,* öýümiz, *depdermiz däl* depderimiz, *tamňyz däl* tamyňyz...**

**3. Olluk ýöňkemesi bilen üýtgän sözlere ýeňiş düşüminiň goşulmasy goşulanda, dar çekimli y, i sesleri düşürilip aýdylsa-da, ýazuwda olar düşürilmän ýazylýar.**

**Meselem: *oglanlarny däl* – oglanlaryny, *gyzlarny däl* – gyzlaryny...**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4.3-nji ýumuş.** «Milliarderler hakyndaky hakykatlar» tekstinden rus we ýewropa dillerinden giren sözleri tapyň we olaryň ýazuw düzgünine üns beriň.

*Nusga: «Facebook» sosial ulgamyny esaslandyryjy iň ýaş milliarder Mark Zukerberg doltanik bolup, gyzyl we ýaşyl reňkleri tawutlandyryp bilmeýär, şonuň üçin hem «Facebook» gök reňklidir.*

**4.4-nji ýumuş.** Aşakdaky surata esaslanyp, häzirki döwürde puluň nähili görnüşde ulanylýandygyny tapyň we depderiňize ýazyň.



## 5-NJI DERS

«Meniň üçin pullar bu – serişde, olaryň kömeginde aňry barsa nämänidir gazanmak mümkin».

**A. Usmanow**





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**5.1-nji ýumuş.** «Milliarderiň durmuşyndan» teksti bilen tanyşyň.

## TELEKEÇINI MILIARDERE ÖWÜREN HAKYKATLAR




Alişer Usmanow 1980-nji ýyllaryň ahyrynda Moskwa döwlet institutyny gutaryp, plastik paket öndürmek bilen ilkinji uly girdejisini gazandy. Alişer Usmanowyň arassa girdejisi, çig malyň arzanlygyny we plastik halta bazarynyň ösmegini bilip, geljekki işiniň miweleriniň ilkinji ýüze çykyşy boldy. Usmanow gazanan girdejisini şol wagt köpçüligiň üns merkezine düşmedik we ýaňy ösüp ugran Gazproma maýa goýmak üçin ulandy. Usmanow Gazpromyň gündelik işlerine ýakyndan gatnaşdy we soňra Gazpromyň metallurgiýa kompaniýasy MetalloInvest-i dosty Wasiliý Anisimow bilen bilelikde esaslandyrdy. «MetalloInvest» häzirki wagtda Russiýanyň belli magdan känlerine we karhanalaryna eýelik edýär. Alişer Usmanow, «Gazpromyň «GazpromInvestHolding» kompaniýasynyň başlygy. GazpromInvestHolding, Gazpromyň «iň uly, iň möhüm we iň duýgur» amallaryna gözegçilik edýän we dolandyrýan kompaniýadyr.

2006-njy ýylyň ortalaryndan başlap, Alişer Usmanow metbugat we telekom kompaniýalaryna maýa goýup başlady. Şol ýylda «Kommersant» -y 200 million dollara satyn aldy. Soň bolsa belli rus kanaly bolan 7TV we MUZ-TV-de iň uly maýa goýujylaryň birine öwrüldi. Rossiýada ululygy boýunça ikinji orunda durýan Megafon telefon operatorynyň hem uly bölegini satyn aldy.

Usmanow soňra işewür hyzmatdaşy Ýuri Milner bilen «Digital Sky Technologies» (DST) atly firma esaslandyrdy. Alişer Usmanow DST-iň esasy maýadary. DST-iň maýa goýumlarynyň köpüsi dünýäniň iň uly we iň köp ulanylýan web sahypalarynda we portallaryna sarp edildi. Mail. ru, Odnoklassniki. ru, Vkontakte. ru şolaryň hatarynda durýar. 2009–2010-njy ýyllarda Alişer Usmanow we Ýuri Milner has uly kompaniýalara jedel edip başlaýarlar. Şolaryň arasynda DST «Facebook. com» -yň takmynan 1, 96% -ini 200 million dollara, «Facebook. com» -yň bahasy bolsa 10 milliard dollara barabar boldy. Şol wagt köpler Alişer Usmanowyň «Facebook. com»-a beýle köp baha berýändigine we şahsy pullarynyň köpüsini sarp edendigine düşünmediler. Alişer Usmanow, häzirki wagtda meşhur web sahypalary bolan Twitter. com, Groupon. com we Zynga-da ilkinji maýa goýujylaryň biridir. 2010-njy ýylda Usmanowyň hyzmatdaşy Ýuri Milner hem ýokarda agzalan maýa goýumlary we girdejileri bilen Forbesiň milliarderi diýlip yglan edildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2013-nji ýylda Alişer Usmanow «Apple» -iň 100 million dollarlyk aksiýalaryny satyn aldy. Telekeçi aksiýalary haçan satyn alandygyny aýtmady, ýöne kompaniýanyň bahasynyň 100 milliard dollar peselenden soň, «Apple» -iň gymmatly kagyzlaryny satyn almak üçin amatly pursatdygyny aýtdy.

Özbek milliarderi Alişer Usmanow iň soňky dünýä reýtinginde altynjy orny eýelemegine garamazdan 2012-nji ýylda Rossiýanyň iň baý adamy diýlip yglan edildi. Alişer Usmanow 17, 6 milliard dollar baýlygy bilen Amerikan jurnallarynyň sahypalarynda 34-nji oruny eýeledi. Alişer Usmanow öňki ýyllarda hem Rossiýanyň iň baý adamlarynyň sanawyna girizilipdi. Beýleki tarapdan Alişer Usmanow, soňky ýyllarda esasan magdançylyk pudagyndan peýdalanýan hem bolsa, internet we ykjam kompaniýalaryna köp maýa goýdy. Usmanow geçen ýyllar dowamynda «Facebook» -dan takmynan 1 milliard dollar gazandy. Rossiýanyň iň uly üç mobil operatorynyň biri bolan Megafonyň gözegçiligini ele geçirdi.

**5.2-nji ýumuş.** Aşakdaky berlen ýumuşy toparlaýyn ýerine ýetiriň.

*Synpda üç topara bölünip, telekeçi miliarderiň aşakdaky pikirlerini ara alyp maslahatlaşyň.*

1. **«Diňe tertipli adam bolsaň, saňa berlen baýlyk özüni ödeýär» diýen pikire nähili düşünýärsiňiz?**
2. **Bagtly bolmak üçin baýlygy haýyrly işlere sarplamagyň özi ýeterlimikä?**
3. **«Biznesiň hakykaty şeýle: näçe köp bölüşseň, saňa şonça köp gaýtaryberýär» diýen pikiri esaslaň.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## SORAG GOŞULMALARYNYŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

**Ýadyňyzdamy?**

**-my, -mi** *sorag goşulmasy söz toparlarynyň ählisiniň yzyna goşulyp bilýär. Bu goşulma sözleriň inçe – ýogynlygyna, dodaklanyp – dodaklanmazlygyna eýerip, degişli sözüne goşulyp ýazylýar.* **Meselem:** *aldymy, ýazdymy, geldimi, gördümi; ulumy, doňmy, ýüzmi, düzmi…*

**-my, -mi** *sorag goşulmasy köplenç ýagdaýda* **–dy, -di, -dyr, -dir, (-dur, -dür), -ka, -kä** *habarlyk goşulmalary bilen bilelikde ulanylýarlar. Şeýle bolanda, olaryň ýazuw düzgüni hem üýtgeýär…*

*a) içinde dodak çekimlisi bolan bir bogunly sözlere sorag goşulmasy* **–mydy, -midi, -mydyr, -midir, -dyr, -dur, -myka, -mikä** *görnüşinde goşulanda, sorag goşulmasynyň dar çekimlisi gysga aýdylýar hem dodaklandyrylyp aýdylýar.* **Meselem: gülmüdi, gülmüdir, gülmükä; golmudy, golmudyr, golmuka…**

*b) Soňy dar çekimli sese gutarýan* **guty, tuty, gumry, dury, çüri** *ýaly sözlere sorag goşulmasy ýokardaky görnüşde goşulanda, olaryň goşulan sözüniň ahyryndaky gysga aýdylýan dar çekimli dodaklandyrylyp ýazylýar.* **Meselem: durumydy, durumydyr, durumyka, gurumydy, gurumydyr, gurumyka.**

**5.3-nji ýumuş.** Özbaşdak pikirlenip, aşakdaky soraglara jogap beriň. Soňra olary depderiňize ýazyň we sorag goşulmalary bar bolan sözleriň aşagyny çyzyň.

1. Milliarder telekeçiniň 2008-nji ýylda düzen nähili gurama düzýär we onuň maksat-wezipeleri barada nämeleri bilýärsiňiz?

2. Alişer Usmanowyň fondunyň ýurdumyzdaky haýyr-sogap çärelerine goşýan goşantlaryny aýdyň.

3. Eger siz geljekde ynsanperwer telekeçiniň derejesine ýetseňiz (milliarder bolsaňyz) halkymyz üçin nähili işleri amala aşyrmagy maksat edýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**5.4-nji ýumuş.** Surata esaslanyp soraglara jogap beriň we depderiňize ýazyň.



***1. Suratda nähili görnüş şekillen we siz oňa nähili düşündiňiz?***

***2. Siz üçin pul üstünmi ýa-da wagt?***

**5.5-nji ýumuş.** «Pul – XXI asyryň jadyly taýagy» temasynda öý düzmesini ýazyň we siz şol jadyly taýakdan nähili maksatda peýdalanmak isleýändigiňiz barada düzmäniň mazmunynda açyp görkeziň.

## Geçilen temalar boýunça bilimiňizi synaň

| 1. San ýönkeme düşüm, zaman goşulmalary nähili goşulma? | |
|---|---|
| A. Söz ýasaýjy | S. Dereje ýasaýjy |
| B. Söz üýtgediji | D. Asylýasaýjy |

| 2. San ýönkeme düşüm, zaman goşulmalary nähili goşulma? | |
|---|---|
| A. Söz ýasaýjy | S. Dereje ýasaýjy |
| B. Söz üýtgediji | D. Asylýasaýjy |

| 3. San, ýönkeme, düşüm goşulmalaryň hemmesi bir söze goşulmaly bolanda, goşulmalaryň yzygiderligini tapyň? |
|---|
| A. San, ýönkeme, düşüm |
| B. Düşüm, ýönkeme, san |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| S. Ýönkeme, düşüm, san | |
| D. Ýönkeme, san, düşüm | |

| 4. San, ýöňkeme, düşüm goşulmalary dodak çekimlileriniň ýazuw düzgünine eýerýärmi? | |
|---|---|
| A. Eýerýär | S. Nädogry |
| B. Eýermeýär | D. Eýerýär we eýermeýär |

| 5. my, -mi nähili goşulma? | |
|---|---|
| A. Kömekçi | S. Söz üýtgediji |
| B. Sorag | D. Söz ýasaýjy |

| 6. Dilimiziň leksikasy näçe ýol bilen baýlaşýar? | |
|---|---|
| A. 4 | S. 3 |
| B. 5 | D. 2 |

| 7. Rus we ýewropa dilleriden giren sözlerde iki meňzeş çekimsiz ses bilen gutarýan sözleriň soňundaky menzeş çekimsizleri nähili ýazylýar? |
|---|
| A. Çekimsiziň biri düşürilmeýär |
| B. Çekimsiziň biri düşürilýär |
| S. Dymygy açyga öwrülýär |
| D. Dogry jogap ýok. |

| 8. Birinji we ikinji lingiwistik gurultaý näçenji ýylda bolup geçýär? | |
|---|---|
| A. 1930–1937 | S. 1936–1954 |
| B. 1948–1961 | D. 1936–1950 |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| 9. Orfografiýa düzgünlerini düýpli öwrenilmek üçin, nämäni gowy özleşdirmeli? |
| --- |
| A. Orfografiýany<br>B. Orfoepiýany |
| S. Fonetika we morfologiýa bilen baglanyşykly ýerlerini<br>D. Dialektologiýa |

| 10. Sözleriň we bölekleriň dürs ýazylyşy barada kabul edilen üýtgewsiz düzgünleriň jemine näme diýilýär? |
| --- |
| A. Fonetikany<br>B. Orfoepiýany |
| S. Fonetika we morfologiýa bilen baglanyşykly ýerlerini<br>D. Dialektologiýany |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IX BAP

# KINO SENAGATY



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS

## KINO SUNGATMY ÝA-DA SENAGAT?



**1.1-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti okap, mazmuny bilen tanyşyň.

Ýurdumyzyň kinomatografiýasynyň bir asyrdan gowrak taryhy bar we özboluşly ösüş ýoluny başdan geçirdi. Bu döwürde halkymyzyň medeni we ruhy durmuşynda möhüm rol oýnan özbek kinosynyň düýbi tutuldy.

Soňky ýyllarda döwletiň milli kinomatografiýasynyň ösüşine uly üns bermegi netijesinde bu ugurda käbir üstünlikler gazanyldy. Mazmuny we görnüşi taýdan tomaşaçylaryň ünsüni özüne çekýän reňkli filmler döredildi.

Şol bir wagtyň özünde, dünýäde dowam edýän globallaşma prosesleri, döwrebaplaşdyrmagyň we täzelenmegiň ileri tutulýan ugurlary beýleki pudaklar bilen bilelikde kinonyň kämilleşmegi, pudagyň ösmegi üçin täze mümkinçilikleriň döredilmegini talap edýär.

Kino adamzat biliminiň ösmeginde möhüm rol oýnaýar we baý mazmunly ilatyň bilim derejesine gönüden-göni täsir edýär. Şol bir wagtyň özünde, bu ugurdaky hakyky ýagdaý, milli kino pudagynyň çalt ösmegine, dünýä film bazaryndaky bäsdeşlige ukyplydygyny ýokarlandyrmaga we daşary ýurtlara çykarylmagyna päsgel berýän birnäçe çözülmedik meseleleriň bardygyny görkezýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kino pudagyna daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek strategiýasy, häzirki zaman marketin gözlegleriniň bolmazlygy we film öndürmekden girdeji gazanmak üçin maksatly film önümçilik maksatnamalary milli kinomatografiýanyň ýitmegine sebäp boldy.

Film önümlerini bikanun paýlamak, rugsatsyz ulanmakdan ygtybarly goramak, garakçylyga garşy göreşmek üçin anyk mehanizmleriň ýoklugy ýaly awtorlyk hukugy obýektleriniň ýüze çykarylmagy we ýok edilmegi, asyl nusgalaryň bikanun ýaýramagyna we ýurtdaky kino kompaniýalaryna we kinoteatrlaryna ep-esli zyýan ýetirýär.

Kino, ilkinji nobatda bir sungat, ony senagat derejesine çykarmaly. Senagat derejesinde ösmek üçin pudagy öwrenmeli, tematiki we ideologiki taýdan baý bolan hemmeleriň halaýan filmlerini döretmeli. Asyl sungat döredilende oňa baha berýänler ony senagat derejesine çykarýarlar. Dünýä bazaryna «döwrebaplyk» ady bilen döredilen gaýtalanýan filmler bilen däl-de, eýsem baý taryhymyzy görkezýän filmler bilen girmek zerurdyr. Bu bolsa, daşary ýurt maýadarlarynyň kinoteatrmyza bolan gyzyklanmasyny artdyrýar.

**1.2-nji ýumuş.** Aşakdaky filmleriniň nähili žanrlarda işlenendigini dogry belgiläň.

























***Mysal üçin: fantastik, komediýa...***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1.3-nji ýumuş.** Aşakdaky soraglara pikirlenip jogap beriň.

| | |
|---|---|
| 1. Siz kinoteartlara film tomaşa etmäge bardyňyzmy? ___ | 7. Halaýan aktýor ýa-da aktrisaňyz kim? Näme üçin olary halaýarsyňyz? ___ |
| 2. Iň soňky gören filmiňiziň ady näme? Onda nähili wakalar suratlandyrylýar? ___ | 8. Siziň şu wagta çenli gören iň gowy filmiňiz haýsy? Näme üçin? ___ |
| 3. Şu wagta çenli gören iň erbet filmiňiz haýsy? Näme üçin erbet hasapladyňyz? ___ | 9. Taryhy filmleri görmegi halaýarsyňyzmy? Näme üçin? ___ |
| 4. Haýsy filmleri halaýarsyňyz? Näme üçin? ___ | 10. Siziň pikiriňizçe filmleri göçürmek (ogurlamak) dogrumy? ___ |
| 5. «Oskor» baýragynyň gowşyrylyş agşamyny tomaşa edip gördüňizmi? Eger şeýle bolsa, haladyňyzmy? Näme üçin? ___ | 11. Köplenç haýsy žanrdaky filmleriň döredilmegini isleýärsiňiz? Näme üçin? ___ |
| 6. Kino ýyldyzlaryna köplenç millionlarça dollar tölenýär? Siziň pikiriňizçe olar muňa mynasypmy? ___ | 12. Meşhur kino ýyldyzy bolmak isleýärsiňizmi? Eger-de şeýle bolsaňyz filmiň derejesine seredermidiňiz ýa-da girdejisine? ___ |

## GARAŞSYZLYKDAN SOŇRA DILIMIZE GIREN SÖZLER

Ýurtlar Garaşsyzlygyna eýe bolandan soňra ylmyň we tehniki progresiň täsiri astynda daşary ýurtlardan giren sözler her bir halkyň diliniň leksikasyny, sözlük düzümini belli bir derejede baýlaşdyrdy. Şol halklaryň hatarynda türkmen diliniň hem leksikasynyň sözlük düzüminde birnäçe sözler peýda boldy. Bu sözler häzirki günde biziň gündelik durmuşymyzda giňden ulanylýar. Bu sözlere mysal hökmünde **bakalawr, birža, biznesmen, barter** we başga-da birnäçe sözleri görkezmek bolar.

Bu sözler ýazuwda aýdylyşlary ýaly ýazylýarlar we türkmen diliniň dürs ýazuw kadalaryna boýun egýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1.4-nji ýumuş.** Aşakdaky sözleriň nähili many aňladýandygyny aýdyň. Soňra olary sözlem içinde getirip, depderiňize ýazyň.

| | |
|---|---|
| *Nazaryýet –* | *Düzüm –* |
| *Tejribe –* | *Ýordum –* |
| *Mowzuk –* | *Nutuk –* |
| *Welaýat –* | *Daýhan birleşigi –* |
| *Kätip –* | *Geçiriji –* |
| *Lukman –* | *Usul –* |
| *Şepagat uýasy –* | *Talyp –* |
| *Etrap –* | *Taslama –* |

**1.5-nji ýumuş.** Aşakdaky kesp-hünär atlaryny döwrebap we gadymy kesp-hünär atlary ýaly iki topara bölüň.

Senetçi, inžener, maksatnamaçy, küýzegär, fermer, daýhan, misgär, kosmonawt, sürüji, žurnalist, çopan, režissýor, aşpez, menejer, hatdat, çörekçi, kazy, söwdegär, tikinçi, telekeçi, çapar, ministr, dizaýner, tebip, arhitektor, kerwenbaşçy, mugallym, suratkeş, lukman, uçujy.

***1. Şu kesp-hünärler häzirki günde hem barmy?***
***2. Olardan haýsylary täzeçe atlar bilen atlandyrylýar?***

**1.6-nji ýumuş.** Teksti okaň we mazmuny gürrüň ediň. Soňra Rus we Ýewropa dillerinden hem-de garaşsyzlykdan soňra dilimize giren sözleri saýlap ýazyň.

## ROUEN ATKINSON (ÝA-DA MISTER BIN?) HAKYNDA 10 FAKT



Gülkünç jenap Binni kim bilmeýär? Emma Rouen Atkinson bilen hemmeler tanyş däl, ol durmuşda düýbünden başga ynsandyr. Çagalygynda utanjaň we ýalňyzdy, ýöne bu hili oňa dünýäniň iň söýgüli gyzykçylardan birine öwrülmegine hiç wagt päsgel bermedi. Ine, jenap Atkinson (jenap Bean däl) hakda käbir pikirleri size aýdýarys.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




1. Rouen Atkinson we Angliýanyň öňki baş-weziri Toni Bleýr Durhamdaky kafedral mekdebinde bile okadylar. Atkinson 11 ýaşynda, Toni Bleýr ondan iki ýaş uludy. Mekdebiň direktorynyň pikiriçe, iki oglan düýbünden başga dünýä. Atkinson utanjaň we özüni çete alyp ýörýän, Bleýr bolsa şadyýan we ajaýyp ynsandy.

2. Elektrik-energiýä diplomyny alandan soň, Rouen Atkinson okuwyny dowam etdirdi we 1975-nji ýylda Oksfordyň Korollyk kollejinde magistr derejesini almak üçin diplom işini gorady.

3. Atkinson tutulyp gürleýär, şonuň üçin problemaly çekimsiz sesleri (meselem, «B» sesi) gizlemek üçin aşa artikulýasiýa ulanýardy. Şeýdip, öz durmuşyny gülkilere öwürdi. Mekdep ýyllarynda Atkinson bu kemçilikden köp ejir çekipdi, ýöne aktýor bolansoň bu problemadan gutuldy.

4. Rouen Atkinson, jenap Bean hakda meşhurlyk gazanan komediýa seriýasyny döredijilerden biri we awtory hasaplanýar. Bir gezek oňa Oksford teatry üçin eskiz döretmek tabşyryldy we Atkinsona munuň üçin bary-ýogy 48 ders wagt berildi. Netijede, ol aýnanyň öňünde dürli ýüz keşplerini ýerine ýetireninde «özgeçe, gyzykly we gürlemeýän häsiýet» dünýä inýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





5. Atkinson karýerasynyň başynda birnäçe filmde we serialda çykyş eden hem bolsa, BBC-iň «9 ders bolmadyk täzelik» komediýa görkezilişinde ilkinji gezek tanalýar. Bu häzirki täzelikler we parodiýa aýdymly pop-medeniýet barada satirik hekaýa we komediýa boldy.

6. Atkinson özüniň ýan-ýoldaşy Sunetra Sastri bilen «Gara ýylan» (1986 ý) seriýasyny surata düşürýän mahaly tanyşdy. Olar 2015-nji ýylda 25 ýyllyk durmuşdan soň, aýrylyşdylar.

7. Ilkibaşda jenap Beana «Jenap Ak» (jenap Uaýt), soň bolsa «jenap Koliflauer» (jenap Kelem) diýilýärdi, ýöne soňabaka awtorlar jenap Beanda saklandylar.

8. Jenap Bean baradaky serial bary-ýogy 14 bölekden ybarat bolup, her biri 25 minut dowam edýär. Ähli bölekler 1990-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan, 1995-nji ýylyň 15-nji noýabryna çenli 6 ýyllap ekran ýüzüni gördi. 14 bölümden başga-da, serialda ýene 1995-nji ýylyň 15-nji dekabrynda görkezilen «Jenap Binden iň gowulary» atly bonus bölümleri hem bardy.

9. Atkinson, Bond hakynda «Hiç haçan aýtma» (1983) filminde Şon Konneri bilen bilelikde surata düşdi. Onuň gahrymanynyň ady Naýdjel Smol-Fosett bolan.

10. Atkinson awtoulaglary we olary çalt sürmegi gowy görýärdi. Geň galdyryjy zat, Atkinson Porsche-ni ýigrenýär we hatda bir gün «Bu awtoulag bilen hiç haçan ýaşap bilmesem gerek»-diýýär..

1. Atkinsony meşhurlyga ýetiren komediýasy barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Rauen özündäki kemçiligi nähili ýol bilen gizlemegi başaryp bilipdir?
3. Atkinsonyň janlandyran obrazlary, filmleriniň girdejisi we onuň tomaşaçylary hakynda gyzyklanyp gördüňizmi?
4. Özüňdäki ukybyňy ýüze çykarmak üçin edilýän hereketler seniň geljegiňi kesgitläp biljekdigi barada gürrüň ediň. Ony durmuşy mysallar bilen subutlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Topar bolup işleýäris

### «BU KIM?» OÝNY

Synp okuwçylaryny iki topara bölýäris.

**1-nji topar oglanlar**, **2-nji topar gyzlar topary.**

Synp tagtasyna her bir topardan 1 okuwçy çykýar. Mugallym ilki bilen oglanlaryň toparyndan çykan okuwçynyň gulagyna, haýsydyr bir filmiň gahrymanynyň hereketlerini ýerine ýetirmegi tabşyrýar. Ol okuwçy pantomimo arkaly rola girýär. Gyzlar toparyndan çykan okuwçy bolsa, ol okuwçynyň hereketleri haýsy filmden we gahrymanyň kimligini tapmaly bolýar. Eger jogabyny tapsa, rol oýnamak mümkinçiligi gyzlara berilýär.

## 2-NJI DERS

**2.1-nji ýumuş.** Istambul uniwersitetiniň doktoranty, kinoşynas Atabek Tyllaýewiň makalasyndan bölekleri üns bilen okaň.

### AK KAGYZDAKY MENEK...

Daş-töweregiňize has içgin serediň, günbatar dünýä garaýşymyzy we medeniýetimizi sintezlemäge synanyşmak biziň gymmatlyklarymyzy hem ýok edýär. Indi diňe çagalar we ýetginjekler däl, hat-da ulularam ekranda görýän zatlaryny durmuşa girizmäge synanyşýarlar. Emma çagalara gezek gelende, meseläniň nähili agyrlygy we derwaýysdygy has hem aýdyň bolýar. Bu hemmämizi hüşgärlige ündeýär. Sebäbi çagalar misli ak kagyz. Emma, gynansak-da, hiç kim bu ak kagyzyň häzirki wagtda daşary ýurt seriallarynyň tegmilleri we kemçilikleri bilen urulmaýandygyny aýdyp bilmez. Bu seriallaryň ýaşlaryň aňyna we psihikasyna, olaryň ruhy dünýäsine çynlakaý täsir edýändigi köp ylmy mysallar bilen subut edildi. Nottingem uniwersitetiniň çaga psihologi, professor Ýelizewet Nýuzonyň aýtmagyna görä, çaga ýetginjeklik bosagasyna gadam basanda özi üçin görelde gözleýär. Bu model öz maşgalasynyň agzasy ýa-da islendik bir kärdäki ynsanlar, hatda tomaşa edýän filmle-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

rindäki zorlugyň nyşany hem bolup biler. Çaga islegsiz bu modelinden görelde almaga synanyşýar.

Indi ýakyn geçmişimize gaýdyp geleliň. Ýadyňyzda bolsa, «Romaýana» serialy efire berilende, çagalaryň köpüsi Ram we Lakşmana öwrülip, ýaý we oklar bilen biri-biriniň gözlerini çykaran ýagdaýlara hem duş gelinipdi. «Jumoň» serialyny görende özleriçe gylyç ýasap, baş gahrymanyň söweş tilsimlerini ýerine –ýetirmäge hereket edipdiler. Bu ýaş nesliň baý taryhyna garamazdan, başga bir ýurduň geçmişine we medeniýetine aşyk bolup ulalandygy barada netijä gelmeli.

Onda şu günümiz nähili?! Ulalýan çagalarymyz nämelere tomaşa edýärler? Sosial ulgamlaryň ýa-da telewizoryň öňünde günde näçe sagadyny sarp edýärler? Mekdep okuw kitaplaryndan daşary haýsy kitaplary okadyka?!

**2.2-nji ýumuş.** Teksti diňlemek arkaly nädogry berlen maglumatlary tapyň.

## ÖMRÜMIZIŇ NÄÇESI ÝELE SOWRULÝARKA?

Aslynda, seriallaryň hemmesiniň umumy bir zady bar: serialyň her bölümi adatça iň ýokary nokada gutarýar we «Indiki bölümde näme bolýar?» Bu ýagdaýda indiki bölüme azyndan bir gün, käte birnäçe hepde garaşmaly bolýar. Hemmeleriň çydap bilmejekdigi we indi öýde, köçede we hat-da ofisde-de serialyň ara alnyp maslahatlaşyljak mowzuga öwrüljekdigi äşgärdir.

Ýagny bilesigelijilik tolgunma, tolgunma bolsa däli ýesirlige öwrülýär. Günler şeýle geçýär we altyna deň ömür uçýar.

Häzirki wagtda telewideniýede, internetde we sosial mediada sarp edýän wagtymyzy hasaplasak, maňa ynanyň, dodaklarymyzy gysjak elhenç sanlar bolar.

Gözleglere görä, günde 5 sagat telewizora tomaşa edýän adam ýylda 50 gün sarp edýär, eger ol 85 ýyl ömür görse, şondan 11 ýyl ömrüni telewizoryň garşysynda geçirýärmiş.

Häzirki wagtda täze multimediýa platformalarynyň umumylaşdyrylmagy adaty telewizion sarp edişimiziň ornuny tutýar: indi käbir adamlar serialyň täze böleginiň her hepdede çykmagyna garaşman yzly-yzyna tomaşa edip, tutuş möwsümi tamamlap bilýärler. Netflix hyzmaty munuň üçin täze hyzmaty hem oýlap tapdy: «binge-raker».

Onda ýaryşçy kim? Şeýle adam bir programmanyň ýa-da serialyň epizodlaryna tomaşa etmek üçin hatda ukusyz gijelerini hem geçirýär, ýagny neşekeşden tapawudy bolmaýar.

Netflix-iň habaryna görä, 2009-njy ýylda şeýle ulanyjylaryň sany takmynan 9, 9 millondy. Bu sanyň günsaýyn artýandygyny göz öňünde tutsak, gynansak-da, häzirki wagtda «zombi» nesilleriniň bardygyny aýdyp bileris.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.3-nji ýumuş.** Aşakdaky berlen ýumuşlaryň jogaplaryny depderiňize ýazyň.

1. Şu teks kimler üçin niýetlenenligini anyklaň hem-de pikirleriňizi delillendiriň.
**Jogap:** ______________________________________________
______________________________________________

2. Awtoryň seriallar baradaky şahsy garaýyşlaryndan käbirleriniň anyk we ynamlydygyny subut ediň.
**Jogap:** ______________________________________________
______________________________________________

3. Awtor özüniň maksady hem-de pikirlerini nähili usulda düşündirýändigini beýan ediň.
**Jogap:** ______________________________________________
______________________________________________

**2.4-nji ýumuş.** Tekstden alnan aşakdaky sözlemlerden garaşsyzlykdan soňra dilimize giren sözleri tapyň we aňladýan manysyny gürrüň ediň.

***Bu seriallaryň ýaşlaryň aňyna we psihikasyna, olaryň ruhy dünýäsine çynlakaý täsir edýändigi köp ylmy mysallar bilen subut edildi.***

***Bu model öz maşgalasynyň agzasy ýa-da islendik bir kärdäki ynsanlar, hatda tomaşa edýän filmlerindäki zorlugyň nyşany hem bolup biler. Sosial ulgamlaryň ýa-da telewizoryň öňünde günde näçe sagadyny sarp edýärler? Häzirki wagtda telewideniýede, internetde we sosial mediada sarp edýän wagtymyzy hasaplasak, maňa ynanyň, dodaklarymyzy gysjak elhenç sanlar bolar. Hemmeleriň çydap bilmejekdigi we indi öýde, köçede we hat-da ofisde-de serialyň ara alnyp maslahatlaşyljak mowzuga öwrüljekdigi äşgärdir. Bu sanyň günsaýyn artýandygyny göz öňünde tutsak, gynansak-da, häzirki wagtda «zombi» nesilleriniň bardygyny aýdyp bileris.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.5-nji ýumuş.** Garaşsyzlykdan soňra türkmen diline giren täze sözleri ünsli okaň, olardan düzmeli goşma sözlem ýasap depderiňize ýazyň.

| | |
|---|---|
| *Klassyk – nusgawy* | *Konferensiýa – ylmy maslahat* |
| *Asfalt ýollar – gara ýollar* | *Firma – mülkdar* |
| *Kolhoz – şirket hojalygy* | *Epos – şadessan* |
| *Ekzamen – synag* | *Sowet – geňeş* |
| *Peduçilişe – liseý* | *Fontan - çöwdürim* |

# 3-NJI DERS

## SERIALYŇ IDEOLOGIKI TÄSIRI

**3.1-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti okaň we mazmunyny gürrüň ediň.

Häkimiýet başyndaky syýasy elita we onuň garaýyşlary teleseriallara-da täsir edýär. Muny tomaşa edýän türk seriallarymyzyň mysalynda hem görmek bolýar. Häzirki wagtda dolandyryjy partiýanyň, AKP (Adalat we Ösüş partiýasy) wekilleri Türkiýe Respublikasynyň Osman imperiýasy bilen aýrylmazdygyna ynanýarlar. Olaryň pikiriçe, Türkiýe Osman imperiasynyň dowamydyr. Şol sebäpli Osman imperiýasynyň şöhratyny, üstünligini we umumy mirasyny ýada salýarlar hem-de häzirki wagtda Osmanlynyň ruhuny dikeltmäge synanyşýarlar. Bu täze Osmanly düşünjesi bilen bir hatarda soňky on ýylda köp film we seriallar surata düşürildi. «Diriliş: Ertugrul», «Ajaýyp ýüz ýyl», «Fatih» ýaly teleseriallar şolara mysal bolup biler. Daşary ýurt seriallarynyň adamyň dünýägaraýşyna we ideologiýasyna täsiriniň möhümdigini bellemelidiris. Sebäbi olar adama neşe ýaly täsir edýärler we ony hakyky durmuşdan daşlaşdyrýarlar. Açyk hakykat, häzirki wagtda kino pudagynyň arkasynda duranlar diňe baha bermek ýa-da pul gazanmak uçin film döretmeýärler. Elbetde olaryň başga bir maksady bar. Şonuň üçin seriallaryň köpüsi sosial gymmatlyklaryň umumy esaslaryna düýbünden ters gelýän temalary öňe sürýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

BBC-iň syýasy redaktory Hardiman Skottyň belleýşi ýaly, syýasatçylar telewideniýäniň güýjüni gowy bilýärler we ony öz peýdasyna ulanmaga çalyşýarlar. Hususan-da, serialda syýasy garaýyşlar we ideologiki gegemoniýa düşünjesi dürli gizlin propaganda, manipulýasiýa arkaly «eksport edilýär». Bir söz bilen aýdylanda, zäher siňdiriji şeker kagyzyna örtülendir. Netijede jemgyýetiň jemgyýetçilik gurluşy kem-kemden pese gaýçyýar. Dili, dini we medeniýeti talanan millet aňsatlyk bilen ýeňilip biliner.

**3.2-nji ýumuş.** Aşakdaky sözler dilimizde haçan peýda boldy? Bu sözleriň aňladýan manylaryny depderiňize ýazyň.







Bazar, bazar işjeňligi, kärhana tarapyndan haryt öndermek we satmak üçin gurama we dolandyryş görnüşi.

## DILIŇ IÇKI KANUNALAÝYKLYKLARY ESASYNDA DÖRÄN SÖZLER

Diliň sözlük düzümini baýlaşdyrmakda türki dilleriniň roly örän uludyr.

Özbegistan Respublikasynyň Döwlet dili hakyndaky kanunyndan ruhlanan dilçiler diliň medeniýetini ýokarlandyrmaga çalysýarlar. Jemgyýetiň bir gurluşdan başga bir gurluşa geçmegi netijesinde ýüze çykýan möhüm wakalary beýan eder ýaly sözler gerek bolýar. Şolar ýaly sözler türki dilde gepleýän özbek, garagalpak dillerinden girip gelýär, käte öz dilimizin içki kanunalaýyklygy göz öňünde tutulyp, täzeden döredilýär. Bu sözleriň dürli-dürli ýazylyşy ýagny özbeklerde, türkmenlerde: sekretar-kätip, kätibe; garagalpaklarda: hatker; kapitalist-özbeklerde we türkmenlerde-mülkdar, peýdakeş-türkmenlerde «telekeçi», «mülkdar»; garagalpaklarda «isbilermen»; özbeklerde «tadbirkor», türkmenlerde prosent «göterim», programma-maksatnama, klas-synp…ýaly sözler häzir ymykly ulanylyşa girdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**3.3-nji ýumuş.** Teksti diňläp, aşakdaky galdyrylan sözleri ýerine goýuň.

## SERIALLARYŇ PSIHOLOGIKI TÄSIRI

Seriallaryň täze bölümini synlamak bilen ___________ sylag ulgamynyň arasynda baglanyşyk barlygy aýdyňdyr. Kataloniýa _______________ newrolog lukmany Diego Redonyň pikiriçe öňde aňsatlyk bilen görüp boljak seriallaryň bolmagy nerw ulgamyna kömek edýär, sebäbi garaşmaga, _______________ baglylyga çydap bilmeýär. Indiki bölüme tomaşa edip bilmezlik oňaýsyzlygy döredýär we gündelik durmuşdaky beýleki meseleler hakynda pikirlenmegi kynlaşdyrýar. Bir oturlyşykda serialyň epizodlaryny gaty köp görmek akyl we psihologiki zeperlere sebäp bolup biler, hatda gündelik şahsy durmuşyň peselmegine getirer. ___________ göreniňizden soň fiziki ýadowluk we emosinal _____________ ýaly köp ýagdaýlar ýüze çykýar. Şonuň üçin alymlar haýsydyr bir seriali görmezden ozal bu barada ünsli pikirlenmegi maslahat berýärler. Ozal belläp geçişimiz ýaly seriallar, esasanam ýaşlaryň ________________ dünýäsine täsir edip biler. Çagalaryň ata-eneleri bilen aragatnaşyk saklamagyny, okamagyny we pikirlenmegini çäklendirýär. Diliň peselmegine, ýitmegine sebäp boýar.

Mysal üçin _____________ internat mekdebinde 13–16 ýaş aralygyndaky çagalaryň iki toparynda gözleg geçirildi. Birinji topar 15 gün komediýa we _________________ tomaşa etdi. Ikinji topar zorlugy görkezýän programalara we seriallara tomaşa etdiler, gyzykly tarapy, bu gözlegiň netijeleri birinji toparlardaky çagalarda ____________________________ ýokarlanandygyny görkezdi, ikinji toparda bolsa tersine fiziki zorluk, ahlak taýdan pese gaçmak meýliniň artandygyny görkezdi. Netije bolsa özüňizden: geljegi saýlaýarsyňyzmy ýa-da seriallarymy?

**3.4-nji ýumuş.** Ýokardaky tekstlerden peýdalanyp, aşakdaky ýumuşy ýerine ýetiriň.

| Berilen pikirleriň tekst esasynda dogry ýada nädogrydygyny anyklaň. | | | |
|---|---|---|---|
| **T/s** | **Düşünjeler** | **Dogry (A)** | **Nädogry (B)** |
| 1 | BBC-iň syýasy redaktory Hardiman Skottyň belleýşi ýaly, syýasatçylar telewideniýäniň güýjüni gowy bilmeýärler we ony öz peýdasyna ulanmaga çalyşmaýarlar. | | |
| 2 | Dili, dini we medeniýeti talanan millet aňsatlyk bilen ýeňilip biliner. | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

daýomi

| | | | |
|---|---|---|---|
| 3 | Indiki bölüme tomaşa edip bilmezlik oňaýsyzlygy döredýär we gündelik durmuşdaky beýleki meseleler hakynda pikirlenmegi kynlaşdyrýar. | | |
| 4 | Angiliýadaky internat mekdebinde 15–20 ýaş aralygyndaky çagalaryň iki toparynda gözleg geçirildi. | | |
| 5 | Daşary ýurt seriallarynyň adamyň dünýägaraýşyna we ideologiýasyna täsiriniň möhümdigini bellemelidiris. | | |

**3.5-nji ýumuş.** Sapakdaky alan bilimleriňiz esasynda aşakdaky soraglara jogap ýazyň.

**Seriallaryň durmuşymyza zyýanly täsirini ýok etmek üçin näme etmeli diýip oýlaýarsyňyz? «Seriallar we biz» tekstiniň mazmunyna esaslanyp, gelen netijäňizi depderiňize ýazyň.**

## 4-NJI DERS

## EDEBIÝAT WE KINO MILLETIMIZIŇ MEDENIÝETINI ÖSDÜRÝÄR

**4.1-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti okap, mazmuny bilen tanyş boluň.

**Tanymal ýazyjy, dramaturg Şoýim Botaýew bilen «Yangi O‘zbekiston» habarçysy Muhtasar Tojimamatowanyň söhbetinden**

Özbegistan ýazyjylar birleşigi, «Özbekkino» milli agentligi sungat geňeşiniň agzasy, tanymal ýazyjy we kinodramaturg Şoýim Botaýewiň «Güýçli Aý», «Şah», we «Ýedinji säher» we birnäçe gysga hekaýalar arkaly tanaýarsyňyz. Onuň «Şukur Burhan», «Odil Ýakubowyň hadysasy», «Şukur maňa aýdyň, bu durmuş näme?», «Bag», «Garlawaçlar gaýdyp geler» ýaly çeper filmleriň we onlarça dokumental filmleriň edebi senarilaryň ýazyjysy hökmünde kinoteartlaryň ösmegine mynasyp goşant goşdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– Şoýim Botaýew, Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň kinorežissiorlar ýakynda geçirilen duşuşygynda kino sungatynyň adamlaryň derejesini ýokarlandyrmakda möhüm rol oýnaýandygyny, şonuň üçin sanyna däl-de, hiline ünsi jemlemelidigini we çeper filmleri, seriallary döretmelidigini aýtdy. Şeýle hem, jemgyýetde halkymyzyň aňyna, ilkinji nobatda milli ähli umumy gymmatlyklara hormat goýmagy, watana bolan söýgüni ösdürmekde jemgyýetimizde kinonyň rolyny ýokarlandyrmak hakynda aýtdy.

**– Milli film we serial diýmek näme? Näme üçin özbek seriallary daşary ýurtlylar ýaly meşhur däl?**

– Halkymyzyň gadymy gymmatlyklarynyň, ruhy we terbiýeçilik durmuşynyň, ahlaklylygymyzyň ýaşlarymyzyň terbiýesiniň Prezidentimiziň hemişe üns merkezinde durýandygyny aýtmalydyrys. Bu bolsa, şübhesiz, iň oňat usuldyr. Ilkinji nobatda diňleýjilerimiz üçin milli kinonyň döredilmelidigi we bilimiň esasy maksat bolmalydygy baradaky Prezidentimiziň pikiri köpler tarapyndan goldanyldy. «Milli filmleriň we seriallaryň döredilmegi şeýle beýik maksatlara esaslanmalydyr» diýip pikir edýärin. Özbek seriallarynyň daşary ýurtlar ýaly meşhur bolmazlygynyň köp obýektiw we subýektiw sebäpleri bar. Kinorežissiýorlar muňa düşünmek bilen tomaşaçylaryň, ýazyjylaryň, taryhçylaryň, sosiologlaryň we beýleki jemgyýetçilik işgärleriniň pikirlerine bil baglasalar üstünliklere ýetişerler. Kino pudagynyň diňe bir sungat bolman eýsem, bir pudakdygyny-da boýun alýan Özbekkino milli agentligi, häzirki wagtda ýüze çykýan meseleleri çözmek üçin köp işler alyp barýarlar. Olaryň biri teleýaýlymlar bilen hyzmatdaşlykda birnäçe taslamadyr. Şeýle meseleler sungat geňeşiniň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylýar.

– Kino edebiýata seredende ýaş ugur. Režissioryň edebiýata has ýakynlygy we edebiýata bolan söýgüsi onuň döreden filmlerinde öz beýanyny tapýar.

**– Prezidentimiziň «Özbegistan Ýazyjylar birleşiginiň işini has-da gowylandyrmak barada karary boldy. Karar kabul edileni bäri haýsy üýtgeşmeler bolup geçdi?**

– Karar 2018-nji ýylyň 5-nji aprelinde kabul edildi. Şondan soň ýazyjylar seýilgähi, ýazyjylarymyzyň adyny göterýän mekdepleri guruldy, doganlyk halklaryň edebiýatyna bolan garaýyşlar üýtgedi we ýaş okyjylar beýik ýazyjylary bilen tanyşyp başladylar. Gysgaça aýdanda, edebiýat umumy geljegi we umumy taryhy bolan Merkezi Aziýanyň halklarynyň arasynda köne ruhy köpri bolup hyzmat edip başlady....

**4.2-nji ýumuş.** Aşakdaky soraglara dilden jogap beriň.

1. Seriallaryň täsirine düşüp galan tanyşlaryňyz barmy? Munuň sebäbini tekst esasynda düşündiriň.
2. Seriallary görmäge kimler gaty köp gyzyklanýarlar? Pikiriňizi argumentler (deliller ýa-da mysallar) bilen esaslandyryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3. Seriallay tomaşa etmek ynsanlaryň durmuşyna ters täsir edýärmi ýa-da onuň gowy taraplary hem barmy? Pikiriňizi beýan edeniňizde tekstdäki delillerden peýdalanyň.

**4.3-nji ýumuş.** Aşakdaky suratlar esasasynda kino we edebiýat arasyndaky baglanşyk barada ýazyň.













*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 5-NJI DERS








## ÖZBEK KINOMATOGRAFIÝASY

**5.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we mazmunyny gürrüň ediň.

Kinematograf sözi fransuz «Cinematographie» sözünden gelip çykýar. Bu söz hem iki sany Grek sözleriň birikmesinden, ýagny «Cinema (Kinema – hereket) + graphe (Graphein – ýazmak)» sözlerden emele gelipdir. Kino taryhynyň başy elbetde kino tehnikanyň taryhyna girmek bilen kino kameranyň oýlap tapylmagyndan başlanýar. XIX asyryň ahyrlarynda alymlar birnäçe açyşlar edipdirler. Şol döwrüň meşhur fizik alymy Tomas Edison 1894-nji ýylda kinetoskop enjamyny oýlap tapýar. Bu enjamyň üsti bilen diňe ýekeje tomaşaçy ýörite görülýän aýnanyň üsti bilen kiçijik figuralaryň üznüksiz aýlanýanyny synlap bilýän eken. Emma bu enjam diňe bir tomaşaça niýetlenipdir. Kinetoskop kino taryhyndan öňki döwre degişli bolup, ol kino tehnikanyň taryhyna girýär we kino kameranyň oýlanyp tapylmagyna esas bolýar.

Kinematografiýanyň düýbüni tutujylar hökmünde doganlar Lui we Ogýust Lyumiýerler hasaplanýar. Olar 1895-nji ýylyň 28-nji dekabrynda Pariždäky «Grand cafe» kafesinde sessiz, reňksiz ýagny ak-gara görnüşli, dowamlylygy 48 sekunt bolan «L’Arrivée d’un train en gare de La Ciotat» (Otlynyň Lýa Siota stansiýasyna gelmegi) atly dokumental filmi köpçülige görkezýärler. Filmde otlynyň demir ýol menziline gelmegi ekranda janlandyrylýar. Ekranda görkezilen täsinlige – «hereket edýän



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

suratlara» heniz öwrenişmedik tomaşaçylar özlerine tarap gelýän otlyny görüp howsala düşüpdirler.

Ilkinji görkeziliş kafe 33 frank möçberinde girdeji getiripdir we şol günüň ertesi «janly suraty» – kinony görmek isleýän adamlar şol kafeniň agzynda nobata durupdyrlar. Şeýdip kino sungaty öz tomaşaçylaryny ýygnap, ýörgünli bolup başlapdyr. Kinonyň ilkinji görkezilen güni, ýagny, 28-nji dekabr – Halkara kino güni diýip bellenilýär.

Ilkinji düşürilen kinolarda belli bir wakanyň ssenariýasy bolman, onda diňe durmuşda adamlaryň töwereginde bolup geçýän zatlary görkezilipdir. Şol döwrüň teatr wekili – režissýor, aktýor hem prodýusser Georges Jean Melýes teatr sahnasyndaky ýaly dürli wakalary kinoda ulanmaga başlapdyr. Elbetde, kinoda dürli wakalary janlandyrmak üçin diňe bir kamera ýeterlikli däl. Onuň üçin ýörite kino tehnikalar we keşpleri surata düşürmek üçin bina gerek. Melýes öz kinolarynyň aglabasyny 1898-nji ýylda Montreda açylan kino studiýasynda düşüripdir. Ilkinji režissorlaryň aglabasy asyl käri fotosuratçy ýa-da foto enjamlaryň fabrikalarynyň eýeleri bolupdyrlar. Kinogoýujylar – kinorežissorlar köptaraplaýyn bolupdyrlar. Melýes hem öz kinolarynda dekorator, režissor, ssenarist, operator, aktýor ýaly işleri özi ýerine ýetiripdir. Ol 500-e golaý gysga metražly kinolary düşüripdir. Olaryň içinde «Aýa syýahat», «Bolmajak zatlaryň içinden syýahat», «Polýusyň eýelenmegi» ýaly kinolary meşhurlyga eýe bolupdyr. Gyzykly wakaly gysga metražly kinolar tomaşaçylaryň güýmenjesine öwrülipdir.

Kinonyň dörän gününden tä geçen asyryň 20-nji ýyllaryna çenli kino sessiz bolupdyr. Şol sebäpli hem bu döwri «sessiz kino» eýýamy diýip atlandyrylýar. Ol wagta çenli kinolaryň dowamlylygy 15-20 minuda çenli ýetirilipdir. Ekranda görkezilýän kinonyň özünde ses bolmasa-da onuň ýany bilen zaldaky kiçiräk orkestriň ýa-da pianistyň ýekelikde ýerine ýetirmeginde saz goşulypdyr.

Şol eýýamyň iň meşhur we gaýtalanmajak aktýorlarynyň biri, doly ady Çarles Spenser Çarli Çaplin, kinoaktýor, kinorežissýor, ssenarist, prodýusser we kompozitor, «Oskar» baýragynyň eýesi, gysgaça Çarli Çaplin diýlip tanalýar. Ol kino sungatynda, kino taryhynda ajaýyp we ýatdan çykmajak keşpleriň birini – sergezdan Çapliniň keşbini döretdi. Onuň oýnan kinolarynda tomaşaçylara kinoda sesiň, sözüň zerurlygy hem bolmandyr.

1927-nji ýylda düşürilen «Jazyň aýdymçysy» ilkinji sesli kinolaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolan filmleriň biri. Bu film kino taryhyndaky ilkinji sesli we doly metražly, sazly kinofilm bolup durýar.

Ençeme kynçylyklary başdan geçiren kino sungatynda ak-gara reňkli kinolaryň ýerine doly reňkli kinolar gelýär. Ýagny reňkli kinolentalar oýlanyp tapylýar. Elbetde bu oýlap tapma çenli hem kinolarda reňkler görünipdir, ýöne olar ýa elde reňk berlen ýa-da doly reňkli däl, has takygy 2-3 sany reňkler bilen reňklenen kinolar bolupdyr. Reňkli film düşürmek gymmat bolýanlygy hem-de hiliniň pesräk bolýanlygy sebäpli olara kän



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

bir isleg bildirilmändir. Şol wagtlaryň nusgalyk kinolary ak-gara reňkde bolupdyr. «Tehnikolor», «Gasparkolor», «Agfa» ýaly birnäçe tehnologiýanyň döredilmegi we olaryň kämilleşdirilmegi bilen geçen asyryň ortalarynda kinolara reňkler doly we dogry görnüşde gaýdyp gelipdir.

Kino tehnikalary oýlap tapyjylaryň, kinorežissýorlaryň, umuman aýdaňda kino sungatynyň ähli wekilleriniň kömegi bilen XIX asyrda döredilip, XX asyrda tomaşaçylaryň – kino söýüjileriň arasynda uly meşhurlyga eýe bolan kino sungaty ösdi, özgerdi we bu ösüş ýoly dowam edýär. Häzirki wagtda kinonyň reňki, hili, ses bilen şekiliň hiç hili kynçylyksyz sinhron ýagdaýda gitmegi, ýörite effektleriň goşulmagy, sanly tehnologiýalaryň kämilleşmegi kino sungatyna uly isleg döredýär we tomaşaçylarynyň sanyny has-da artdyrýar.

**5.2-nji ýumuş.** Aşakdaky suratlara seredip, soraglara jogap beriň we ony depderiňize ýazyň.












1. Ýokardaky filmleriň atlaryny bilýärsiňizmi?
2. Olarda nähili meseler gozgalýar?
3. Filmleri tomaşa edeniňizde sizde nähili duýgular peýda bolýar?
4. Haýsy film şu günki günimiz üçin örän ähmiýetli diýip pikir edýärsiňiz?
5. Ýokardaky filmleriň girdejisi barada gyzyklanyp gördüňizmi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**5.3-nji ýumuş.** Aşakdaky teksti üns bilen diňläň. Gürrüň haýsy film hakynda barýandygyny anyklaň. Soňra galdyrylan sözleri ýerine goýuň.

*Soňky ýyllarda Özbegistanda ________________ halkymyzyň gahrymançylygyny we çydamlylygyny görkezýän uly göwrümli taslamalar durmuşa geçirildi. Özbegistan ____________ Prezidenti 2020-nji ýylyň 23-nji oktýabryndaky «Ikinji ____________ gazanylan ýeňşiň _________________ bellemek barada» karary munuň aýdyň subutnamasydyr. Karara laýyklykda özbekkino __________ garşy gahrymançylykly söweşen watandaşlarymyz hakda çeper we _________________ düşürmek tabşyryldy.*

*9-nji maýda ____________ goldawy bilen «Özbekkino» we döredijilik topary «_________» çeper taryhy filminiň (režissýor J. Ahmedow) surata almak işleri soňlandy.*

*Möwsümiň iň ajaýyp premýeralaryndan biri ____________. Film ikinji Jahan Urşunyň söweş meýdanynda _______________ ýitiren enäniň hekaýasy esasynda surata alynýar. «_________» «__________» Milli agentliginiň esasy taslamasy. Filmde şekillendirilen wakalar diňe bir Özbegistan halkynyň durmuşyna däl, eýsem beýleki ýurtlaryň adamlarynyň ___________ ýakyn. Bu waka Hanabad obasynyň Daşkent sebitiniň Zangiota etrabyndan bolan _________________________ ykbaly barada gürriň berýär. Film Alinazar Egamnazarowyň «_________________» eserine esaslanýar.*

*Filmiň režissiýor J. Ahmedow: «Belarusda ______________ bilen hyzmatdaşlykda harby sahnalaryň surata düşürilmegi filmi köp derejede baýlaşdyrdy» diýdi.*

*Jahongir Ahmedow filmiň başga dillere terjimesi barada şeýle diýdi: Film ilkinji gezek __________________ we 19–22-nji maýda Täjigistan Respublikasyndaky Özbek kinosynyň günleriniň çäginde ______________ dilinde görkezildi.*

**5.4-nji ýumuş.** Diliň içki kanunalaýyklary esasynda dörän sözlerden peýdalanyp, özüňizden sözlem düzüň we depderiňize ýazyň.

## Geçilen temalar boýunça bilimiňizi synaň

| 1. Dilimiziň sözlük sostabyndaky haýsy sözlerde inçe we ýogyn çekimliler garyşyp ulanylýar? | |
|---|---|
| A. Umumyhalk sözlerinde | S. Dialektsözlerinde |
| B. Rus, arap-pars sözlerinde | D. Türkmensözlerinde |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| 2. Garaşsyzlykdan soňra dilimize giren sözleri tapyň? | |
|---|---|
| A. Zawod, kružok | S. Birža, barter |
| B. Stol, sintaksis | D. Etimologiýa, semasiologiýa |

| 3. Dil bilimi näçe bölüm esasynda öwrenilýär? | |
|---|---|
| A. 3 | S. 2 |
| B. 5 | D. 4 |

| 4. Sözleýiş diliniň aýratynlyklary dil biliminiň haýsy bölüminde öwrenilýär? | |
|---|---|
| A. Grammatika | S. Orfografiýa |
| B. Orfoepiýa | D. Leksika |

| 5. Şu sözleriň haýsynyň ýazylyşy dogry? | |
|---|---|
| A. Durşumyz | S. Durşymyz |
| B. Duruşymyz | D. Duryşymyz |

| 6. Türkmen dili türki diller maşgalasynyň haýsy toparyna girýär? | |
|---|---|
| A. Gypjak dilleri | S. Ogyz dillerine |
| B. Bulgar dillerinde | D. Garlyk dillerine |

| 7. Garaşsyzlykdan soň türkmen diliniň haýsy ugrunda üýtgeşmeler köp duýulýar? | |
|---|---|
| A. Fonetikada | S. Leksikada |
| B. Sintaksisde | D. Morfologiýada |

| 8. Sözleýişde säginme nämedir? | |
|---|---|
| A. Intonasiýa | S. Basym |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | |
|---|---|
| B. Äheň | D. Pauza |

| 9. Ýalňyş ýazylan sözi anyklaň? | |
|---|---|
| A. Ekerne | S. Bedre |
| B. Ýaşaýşy | D. Agyrak |

| 10. Düşümde we ýöňkemede üýtgemeýän çalyşmalary belläň? | |
|---|---|
| A. Bary, ýary | S. Neneň, niçik |
| B. Bu, şu | D. Öz, şol |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# X BAP

# TEBIGAT WE YNSAN



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-NJI DERS



**1.1-nji ýumuş.** «Älem we ekologiýa» tekstini okaň we aşakdaky soraglara agzeki jogap beriň.

## ÄLEM WE EKOLOGIÝA

Tebigat giň manyda-barlyk, älem we onuň dürli görnüşleri; dar manyda-adamlaryň maddy we ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmagyň çeşmesi bolan tebigy gurşaw. Jemgyýetiň we tebigatyň ulgamyna seredeniňde ikinji dar düşünje ulanylýar. Sebäbi adam ömründe barlygy däl-de, daş-töweregini gurşap alýan we täsirinde bolan tebigy gurşawy ulanyp biler.

Şeýlelik bilen, adamzat taryhynda jemgyýet bilen tebigatyň arasynda üznüksiz we dürli-dürli täsirler bolup geçdi. Emma tebigat bu maddy dünýäde adamsyz höküm sürdi, ýöne adamlar tebigatyň bir bölegi we tebigatsyz ýaşap bilmezler. Ynsanlar durmuşy üçin zerur zatlary tebigatdan alýarlar. Mysal üçin, iýmit, geýim üçin çig mal, gurluşyk materiallary, dem almak üçin atmosfera howasy, ýaşaýyş üçin suw, dynç almak üçin ajaýyp ýerler we ş. m. Şeýlelik bilen, adam ömründe ulanylýan zatlaryň hemmesi tebigy bir madda we adam işjeňliginiň önümidir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ynsan, janly organizmler toparyna degişli çylşyrymly jemgyýetçilik we zähmet çärelerini amala aşyrýan şahsyýetdir. Ynsan taryhy we jemgyýetçilik prosesleriniň mowzugy, maddy, ruhy we medeni ösüşiň düýbüni tutujydyr. Ynsanlar genetiki taýdan beýleki janly-jandarlar bilen baglanyşyklydyr, ýöne aňyň ýokary derejesi, gurlan öndürmek ukyby, sözleýşiň ösüşi, döredijilik işjeňligi, şeýle hem ahlak, ruhy taýdan öz-özüňi tanamak bilen tapawutlanýar.

Jemgyýetiň, giň manyda, taryhy taýdan kesgitlenen bilelikdäki işleriň toplumy ýa-da dar manyda jemgyýetçilik gatnaşyklaryň belli bir görnüşidir. Jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşyklara adam durmuşynyň taryhy nuktaýnazaryndan seretseň, olary gatnaşyklaryň aşakdaky görnüşlerine bölüp bileris: ýönekeý, adaty, ykdysady, ykdysady-ekologiki.

Şeýlelik bilen, tebigat adam gaty güýçli täsir edýär. Oňa akyl agyrysyny ýeňip geçmäge kömek edýär. Dünýä bilen aragatnaşygyny ýitirmezlige mümkinçilik berýär. Tebigat bilen adam bir-biri bilen aýrylmaz baglanşykly, bir-birine mätäç...

1. Siziň pikiriňizçe, ynsan näme üçin tebigatyň bir bölegi hasaplanýar?
2. Tebigatyň heläkçilikleri barada nämeleri bilýärsiňiz?
3. Jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşyklaryň täsiri hakynda pikirleriňizi beýan ediň?

**1.2-nji ýumuş.** Aşakda berlen ýumuşlary yzygiderli ýerine ýetiriň.

Daşky gurşaw hakynda gürrüň etmek

***I. Aşakdaky sözlere esaslanyp, suratlaryň atlaryny dogry belgiläň***

| | | |
|---|---|---|
| ***peselmegi*** | ***Global ýyladyş*** | ***gutardy*** |
| ***Ekalogiýa taýdan arassa gurşaw*** | ***Organiki köpeltmek*** | |
| ***Gazylyp alynýan ýangyç*** | ***Parnik gazy*** | ***Ösmek*** |
| ***Önümleri*** | ***hapalanmak*** | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE


1


2


3


4


5



6


7


8



9


10


11


12

***II. Sözleri suratlara we kesgitlemelere dogry getiriň.***

1. Gaz
2. Ot
3. Zawod
4. Çeşme









A. Köp zatlaryň öndürilýän ýeri.

B. Bir zadyň gelip çykýan ýeri şahs ýa-da zat.

S. Sygyr we goýun we ş. m meňzeşler iýýän ýaşyl ösümlik.

D. Awtoulaglar, awtobuslar we ş. m meňzeşler üçin ýangyjyň bir görnüşi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÝER – ÝURT ATLARYNYŇ ÝAZYLYŞY

Ýer – ýurtlara dakylan atlar hem obýektleriň häsiýetli alamatlaryny bildirýän, nähili hem bolsa belli bir many aňladýan sözlerden hasyl bolýarlar. Manysyz at ýokdur. Häzirki wagtda manysy unudylan ençeme ýer – ýurt atlary hem olary ilki döreden halk üçin düşnükli sözlerden emele gelipdirler. Geografik atlaryň şol manylarynyň ýüze çykyş taryhyny, olaryň dürli döwürlerdäki üýtgeşmelerini, ýazuw düzgünlerini **toponimika** öwrenýär. Ol grekçe **topos – «ýer», onoma – «at»** ýagny ýer-ýurt atlary baradaky ylym diýmekdir. Birnäçe alymlar bolsa toponimikany dil, taryh, geografiýa ylymlarynyň gatnaşmagynda döreýän özbaşdak ylym hasaplaýarlar. Meselem, **görnükli toponimist E. Murzaýew: «Toponimika üç ylmyň: dil biliminiň, taryhyň we geografiýanyň çatrygynda döreýan we ösüp gelýän, şu ylymlaryň usullaryndan giňişleýin peýdalanýan hem-de geografik atlary hemme taraplaýyn derňemegi maksat edinýän ylymdyr» diýip kesgitleýär.**

**1.3-nji ýumuş.** Köp nokatlaryň ýerine degişli harplary goýup göçüriň.

***Bilesigeliji adam tebig…tyñ ençeme s…rlaryna göz ýetirer, özi üç…n köp açyşlar eder. Adam daga, düze, çöle syýahat etmäge näçe ir başlasa, tebigat oña öz syrlaryny şonça-da köp açar. Munuñ üçin uzak ý…rtlara gitmek h…kman däl. Äpişgäñizden daşary seredip gör…ñ – siz syrly dünýäni görersiñiz. Elbetde, garynjalaryñ özara «gepleşýändiklerinden» siziñ habaryñyz ýokd…r. Olaryñ sesi örän ýuwaş, ýöne ony …wazly ýazga geçirmek bolar. Diýmek, siziñ hem garynjalaryñ nähili «gürleşýändiklerini» eşitmegiñiz mümk…n. Garynja öz agramyndan ep-esli agyr ýüki nädip g…terýär? Adam şeýle edip bilmeýär. Bu hem täsin syr. Tebigata tarap bir ädim ätl…ñ… Ünsli serediñ. Syrly t…bigat siziñ bilen bile ýaşaýar.***

o ö ä ü u y i a e



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**1.4-nji ýumuş.** Daşky gurşaw meseleleri bilen baglanyşykly sözleri tapyň.

**Degişli suratlaryň aşagyna sözleri goýuň.**

**I.** *Howanyň hapalanmagy, himiki galyndylar, global ýylylyk, tokaýdaky agaçlaryň kesilmegi, buzlaryň eremegi, deňizdäki çykyndylar, derýalaryň hapalanmagy, taşlanan çykyndylar.*

| | | | |
|---|---|---|---|
|  |  |  |  |
| | hapalamak | | |
|  |  |   |  |
| | | | |

*Sözleri tapawutlandyryň we olary jümleler bilen deňeşdiriň.*

**II.** *Howanyň hapalanmagy, himiki galyndylar, global ýylylyk, tokaýdaky agaçlaryň kesilmegi, buzlaryň eremegi, deňizdäki çykyndylar, derýalaryň hapalanmagy, taşlanan çykyndylar.*

1. ____________ sebäpli planetalaryň temperaturasy ýokarlanýar.
2. ______________ köpüsi çykyndy taşlanan ýerden gelýär.
3. Awtoulaglar we ýük maşynlary _____________ alyp gelýär.
4. ___________ deňiz derejesiň ýokarlanmagyna sebäp bolýar.
5. _____________ tokaýlaryň ýok bolup gitmegine alyp gelýär.
6. Köp ____________ zawodlardan çykýar.
7. Ýaşaýan haýwanlar we ösümlikler ___________ sebäpli ýok bolup gitmegine getirýär.

**1.5-nji ýumuş.** Içinde iki çekimli sesiň ýanaşyk gelýän ýer-ýurt atlaryny tapyň we olaryň ýazuw düzgünini düşündiriň, soňra sözlem içinde getirip, depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 2-NJI DERS




**2.1-nji ýumuş.** Aşakdaky tekst bilen tanyş boluň.

## GYZYL KITAP

Gyzyl kitap-ösümlikleriň hem-de haýwanlaryň seýrek we ýitip barýan görnüşlerini ýazga alýan döwlet resminamasydyr. Gyzyl kitapda ösümlik we haýwan görnüşleriniň sanynyň kemelmeginiň we ýaşaýan ýerleriniň azalmagynyň sebäpleri beýan edilýär; halas etmek üçin maslahat berilýär.

1948-nji ýylda döredilen «Tebigaty we tebigy baýlyklary goramak» boýunça halkara bileleşik seýrek we ýitip barýan ösümlikleriň, haýwanlaryň görnüşleriniň sanawyny düzmek ideýany durmuşa geçirip başlady. Ösümlikleriň we haýwanlaryň görnüşlerini gorap saklamak boýunça ýörite halkara komissiýasy döredildi. 1966-njy ýylda beýleki tebigaty goraýyş guramalary bilen hyzmatdaşlykda Halkara Gyzyl kitap dünýä we aýry-aýry sebitleriň ösümlik dünýäsinde neşirler çap edip başlady.

Özbegistanda seýrek we kemelýän ösümlikler, baradaky ilkinji maglumatlar 1974-nji ýylda esaslandyrylan we «Gyzyl kitap» da öz beýanyny tapdy. Birinji gezek Özbegistanyň «Gyzyl kitaby» nyň fauna bagyşlanan bölegi 1983-nji ýyl neşirden çykdy. Oňa oňurgaly haýwanlaryň (balyklar, sürenijiler, guşlar, süýtemdirijiler) 63 sany görnüşi girizilipdi. 1984-nji ýylda ösümlikler älemine bagyşlanan neşirine 163 sany görnüşli ösümlik girizilen. «Gyzyl kitap» – döwürleýin neşir hasaplanýar.

«Gyzyl kitaba» girizilýän haýwan we ösümlik görnüşleri boýunça teklibi ylmy barlag edaralary döwlet we jemgyýetçilik guramalary käbir



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

alymlar maglumat bermegi mümkin. Goralmagy netijesinde öz arealyny gaýtadan dikelden we ýitip gitmek howpy döremeýän ösümlik we haýwan görnüşleri «Gyzyl kitap» dan çykarylýar.

1. «Gyzyl kitap» barada nähili maglumatlar bilýärsiňiz?
2. Ol nähili maksatda döredilýär?
3. Ösümlikleriň we haýwanlaryň ýitip gitmegine nämeler sebäp bolýar?
4. Tebigatymyzy goramakda goraghanalaryň we milli baglaryň nahili ähmiýeti bar diýip düşünýärsiňiz?

**2.2-nji ýumuş.** Aşakdaky ýumuşy topar bolup ýerine ýetiriň.




*1. Gyzyl kitaba giren haýwanlaryň, guşlaryň, ösümlikleriň ýitip gitmegine kimler we nämeler sebäp bolýar? Bu meseläniň çözgüdini tapyň we onuň öňüni almak üçin nähili çäreleriň alyp barylýandygy barada gürrüň ediň.*





*2. Guşlaryň ösümlikler dünýäsine täsirini nähili bahalamak mümkin?*

*3. Suratdaky guşlar ýurdumyzyň haýsy künjegindäki goraghanalarda saklanýar?*



**2.3-nji ýumuş.** 2-nji ýumuşda berlen soraglaryň jogaplarynda getirilen ýer-ýurt atlarynyň nähili hasyl bolandygyny düşündiriň we sözlem içinde getirip, depderiňize ýazyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.4-nji ýumuş.** Okuwçylar teksti diňläp, ondan ýer-ýurt atlaryny tapýarlar we olaryň ýazuw düzgünini düşündirýärler.

## «TEBIGATYŇ GORAGÇYLARY» AZALÝAR: MESELÄNI ÇÖZMEK MÜMKINMI?

Elbetde, ene tebigaty gorap saklamak her birimiziň borjumyzdyr diýýäris, ýöne gözümiziň öňünde bolup geçýän zatlara biperwaý garaýarys. Hususan-da, käbir obalarda we sebitlerde ýok bolmak howpy abanýan we ony halas etmäge synanyşýan adamlaryň ony dürli maksat bilen ulanýandyklary hakykat. Mysal üçin, häzirki wagtda ekologiýa taýdan kyn ýagdaýa düşen Garagalpagystanyň Gyzyl kitabynda sanalan ösümlikleriň käbiri, pul gazanmagyň we odun hökmünde ulanmagyň iň amatly we täsirli usulydyr. Üns bersek, beýle ýagdaýlar Dörtgül, Beruny we Ellikgala etraplarynda has ýygy duş gelýär. Munuň sebäbini, ýerli ýaşaýjylar başgaça düşündirýärler. Olar sazaklaryň çalt we uzak ýanýandygyny aýdýarlar. Gynansak-da sazaklar arkaly telekeçilik bilen meşgullanýan adamlaryň bardygyny eşidip, geň galarsyňyz. Dogry, köne we guradylan sazak odun hökmünde ulanyp bolýar, ýöne bizi goraýan Tebigat Enesinden peýdalanmaga synanyşmak bagyşlanmaz günädir.

Sazaklaryň diňe çölde ösýän we tohum ýa-da nahal ekmek arkaly köpelip bilýän uly gyrymsydygy mälimdir. Onuň esasy peýdalary çäge hereketiniň öňüni almak, şeýle hem gumy güýçlendirmek, beýleki ösümlikleri gorap saklamak we topragy eroziýadan goramakda möhüm rol oýnamakdyr. Alymlar her bir sazagnyň 3 tonna duz gumynyň hereketiniň öňüni alýandygyny anykladylar. Netijede, Aral deňziniň we onuň sebitiniň ekologiýasyny gowulandyrmak üçin müňlerçe gektar meýdanda sazak we çerkez ekmek boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle-de bolsa, zyýanly duzlaryň howada çykmagyna päsgel berýän sazaklary goramak üçin sebitlerde çäreler görülmedi. Sebitimiziň esasy böleginiň çöllerden ybaratdygy sebäpli tebigatyň howasynyň köp ösümlikler üçin amatly däldigini bilýäris. Gynansagam, ähli tebigy baýlyklarymyzy öz elimiz bilen ýok edýäris. Bu meseläniň öňüni almak üçin sebitlerdäki ekologiýa we tebigaty goramak guramalarynyň ýerli ilat bilen has düşündirişli işleri alyp barmagy we zerur çäreleri görmek maksada laýyk bolar.

1. «Tebigatyň goragçylary» diýilende nämeler göz öňüňize gelýär?
2. Olar kimler tarapyndan ýok edilýärkä? Adamlarmy ýa-da haýwanlar?
3. Näme diýip pikir edýärsiňiz, sazaklar diňe odun häkmünde gerekmi?
4. Ekologiýamyzyň hapalanmazlygynda sazaklaryň nähili ähmiýetiniň bardygyny bilýärsiňizmi?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.5-nji ýumuş.** Dersde alan bilimleriňizden peýdalanyp, jedweli dolduryň.

| «Gyzyl kitaba» girizilen haýwanlar | «Gyzyl kitaba» girizilen ösümlikler |
|---|---|
| | |

## 3-NJI DERS



**3.1-nji ýumuş.** Teksti okaň we mazmunyny aýdyp beriň.

### EKOLOGIK MESELELER

«Ekologiýa» sözi daşky gurşawyň zaýalanmazlygyny we oňa sebäp bolýan faktorlary, ekologiýa betbagtçylygyň öňüni almak üçin çäreleri işläp düzýän «eko»-öý, ýaşaýyş jaýy, «logotip» – sözlerinden emele gelýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Artykmaç suwuň akmagyna ýol bermezlik, suw howdanlaryny hapalamazlyk, ýaşaýyş jaýlaryny arassa saklamak, nahallary we gülleri döwmezlik, guşlara ideg edişiňiz ýaly haýwanlara-da ideg etmeklik, jaýlary we seýilgähleri gül baglaryna öwürmek ekologiki siwilizasiýanyň iň ýönekeý görnüşidir.

Häzirki wagtda adam bilen tebigatyň, ylmy we tehnologiki ösüşiň we daşky gurşawyň, jemgyýetiň we ekologiýanyň arasynda gabat gelmezlik bar. Bularyň hemmesi daşky gurşawyň habardarlygyny ýokarlandyrmak meselesini gozgaýar.

Tebigatda hemme zadyň bir-biri bilen sazlaşyklydygy mälimdir. Ylmyň we tehnologiýanyň gazananlaryndan netijeli peýdalanmaýan adam bu sazlaşygy bozýar we oňa rehimsiz çemeleşýär. Tebigy baýlyklardan nädogry peýdalanmak: suw, ýer ekologiýasyny üýtgedýär. Oba hojalygy ekinlerini nädogry meýilleşdirmek, himiki dökünleri aşa köp ulanmak topragyň hasyllylygyna we adamyň saglygyna ýaramaz täsir edýär. Suw howdanlarynyň kärhanalardan zäherli akymlar bilen hapalanmagy, ilkinji nobatda ýabany tebigat we ösümlik dünýäsi üçin betbagtçylykdyr. Ulaglardan çykýan tüsse howany hapalaýar. Bularyň hemmesi adamdan ekologiki medeniýeti talap edýär.

Orta asyrlarda ýaşap geçen alymlar tebigat we onuň deňagramlylygy, ösümlik we haýwanat dünýäsi, daşky gurşawa hormat goýmak barada gymmatly düşünjeler beripdirler.

Muhammet Musa al-Horezmi öz traktatlarynyň birinde adamlary derýa mähirli bolmaga çagyrýar we derýanyň gözleri ýaş dökse bu betbagtçylyk boljakdygyny aýtdy. Belki, ata-babamyz derýanyň suwuny aşa köp sarp etmezligi göz öňde tutandyr.

Abu Reýhan Beruny, beýleki tarapdan tebigatyň dowamlylygy barada: «Dünýä ekinlerden we nesillerden doly bolar» – diýdi.

Zahiriddin Muhammet Babur «Baburnama» eserinde tebigaty, baýlygy, haýwanlary, ösümlikleri we baryp gören ýerleriniň adamlarynyň, halklaryň däp-dessurlaryny suratlandyrypdyr. Ýer, suw, howa dürli tebigy hadysalar hakda köp pikirler bar. Babur ýurdy tanaýanlara hormat goýýardy, olar bilen hemişe maslahatlaşýardy. Hususan-da, ol güller, bezegli we miweli agaçlary ösdürip ýetişdirmäge uly üns beren.

Ekologik medeniýet tebigaty goramak, tebigy baýlyklary ulanmak, ekologiýa ulgamyny üýtgetmek medeniýetini öz içine alýar. Bular bir adamyň ýa-da sebitiň jogapkärçiligi bolup bilmez. Umuman, adamzat şu meseleleri çözmäge bilelikde hereket etse, ekologik meseleleri çözüp bolar. Mysal üçin, diňe Aral deňzi meselesi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Aral deňziniň azalmagy baradaky ilkinji aladalar beýan edilenden bäri, ýarym asyrdan gowrak wagt geçdi. Özbegistanyň garaşsyzlygy yglan edilmeginden birnäçe ýyl ozal deňiz derejesi düýpgöter azalýardy. Bu mesele dünýädäki ýurtlaryň we suw hünärmentleriniň ünsüni çekdi.

Muny ýadyňyzdan çykarmaň: deňziň guramagy diňe, Özbegistana, Gazagystana, Gyrgyzystan, Täjigistana we Türkmenistana däl, eýsem,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dünýäniň howasyna hem ýaramaz täsir eder. Şol sebäpli deňzi gorap saklamak global ähmiýetli meseledir.

Şeýle hem, geljekki nesillere döreden ruhy hem-de maddy baýlygymyzy, öňümizde bar bolan tebigaty we oňa bolan garaýşymyzy, ýagny ekologik medeniýetimizi ýetireris. Ekologik medeniýet diňe bir tebigata zyýan bermek bilen çäklenmän, ony tikeltmek, has owadan etmek, gülläp-ösmegine goşant goşmak, daşky gurşawy talaýanlara garşy yzygiderli göreşmegi aňladýar.

**3.2-nji ýumuş.** Tebigatda ýüze çykýan meseleler we olaryň çözgütleri barada pikir ýörediň.

## *Tebigatga yüze çykýan meseleler*

***I. Aşakdaky suratlara serediň we adamzat dünýäsinde ýuze çykýan dürli ekologik meseleleri ýazyň.***









- **II. *Suratlara seredip, ekologik meseleler barada gürrüň ediň.***
- *Synpdaşlaryňyz bilen ýurduňyzdaky bar bolan dürli ekologik meseleleri ara alyp maslahatlaşyň.*
- *Näme üçin bu hadysalaryň bolup duranlygyny we olary çözmäge nähili kömek edip boljakdygyny düşündiriň.*
- *Adamlaryň durmuşyndaky ekologik meseleleriniň sebäpleri we netjeleri barada gürrüň ediň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE







**III.**

*Höwürtgeleriň ýogalmagy*

- *Global görnüş*
- *Nebitler*
- *Eroziýa*
- *Tokaýlaryň kesilmegi*
- *Suwlaryň joşmagy*
- *Çykyndy*
- *Howanyň zäherlenmegi*
- *Ösümlikleriň därilenmegi*

## GOŞMA ATLARDAN ÝASALAN ÝER-ÝURT ATLARYNYŇ ÝAZUW DÜZGÜNI

Goşma atlardan ýasalan ýer-ýurt atlarynyň ýazylyşy şu aşakdaky ýalydyr:

1. Goşma has atlar goşulyp ýazylýarlar.

**Meselem: Ataoba, Hojaili, Almaata, Pagtaabat...**

2. Goşulyp ulanylýan has atlaryň ortasynda ýanaşyp gelýän iki çekimliniň gepleşikde biri düşürilip geplense-de, has atlarda sözüň öňki bolşuny saklamak üçin olar düşürilmän ýazylmalydyrlar.

**Meselem: Almata däl, Almaata, Hojili däl, Hojaili, Atoba däl, Ataoba, Pagtabat däl, Pagtaabat...**

**3.3-nji ýumuş.** Aşakdaky sada sözlerden goşma ýer-ýurt atlaryny ýasaň we olaryň ýazuw düzgünine üns beriň.

***Ata, hoja, daş, oba, ili, tahýa, kelte, köne, abat, ürgenç, ak, ýap, minara, bag, başly.***

**3.4-nji ýumuş.** Aşakdaky berlen ýumuşy döredijilikli ýerine ýetiriň.

***Daşky gurşawy goramagyň näme sebäpden möhümdigini düşündirmek üçin gysga tekst ýazyň. Şeýle hem, adamlaryň daşky gurşawa kömek etmek üçin gündelik durmuşynda edip biljek üç işini suratlandyryň.***



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

***Mugallymyň pikirleri:***

**3.5-nji ýumuş.** Dünýä ýüzüni gynaýan ekologik meseleler barada maglumatlar ýazyň.

| T/s | Döwlet atlary | Ekologik meseleler | Çözgütleri |
|---|---|---|---|
| 1 | | | |
| 2 | | | |
| 3 | | | |
| 4 | | | |

## 4-NJI DERS

**4.1-nji ýumuş.** Tekst bilen tanyşyň.

### EKOLOGIKI MEDENIÝET

Tebigat ýer ýüzündäki ähli janly-jandarlar üçin mukaddes ýerdir. Tebigat olary iýmitlendirýär, geýindirýär, yssydan we sowukdan goraýar. Janly-jandarlar hem öz gezeginde tebigaty gowy görýärler. Bu hoşniýetlilik diňe tebigaty goramak we baýlygyny artdyrmak duýgusy bilen birleşdirilip bilinse dogrudyr. Ýakyn geçmişde tebigaty söýýändigimizi ýatdan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çykardyk, ýöne gorap saklamaga jogapkärdiris. Hut şu jogapkärçiliksizlik «Ekologiýa» atly täze ylym döretdi. «Ekologiýa» sözi daşky gurşawyň zaýalanmagyny we oňa sebäp bolýan faktorlary, ekologiýa betbagtçylygynyň öňüni almak üçin çäreleri işläp düzýän «eko» – öý, ýaşaýyş jaýy, «logotip» sözlerinden emele gelen ylymdyr.

Täze asyryň sazlaşykly ösen adamynyň ekologiýa medeniýetiniň elementlerini şöhlelendirip bilmegi döwrüň talabydyr. Ekologiki medeniýet daşky gurşawy çuňňur bilmek, tebigaty goramak duýgusy, ösümliklere we haýwanlara ideg etmek, tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmak, olaryň köpelmegi aladalara gönükdirilen amaly işjeňligiň ýokary görkezijisidir. Bu häsiýetleri şöhlelendirip bilýän adamy ekologiki medeniýetiň eýesi diýip atlandyryp bolar.

Artykmaç suwuň akmagyna ýol bermäň, suw howdanlaryny hapalamaň, çykyndylary islän ýeriňize taşlamaň, ýaşaýyş jaýlaryny arassa saklaň, nahallary we gülleri döwmäň we guşlara, haýwanlara ideg ediň. Jaýlary we seýilgähleri gül baglaryna öwürmek ekologiki siwilizasiýanyň iň ýönekeý görnüşidir.

Häzirki wagtda adam bilen tebigatyň, ylmy we tehnologiki ösüşiň, daşky gurşawyň, jemgyýetiň we ekologiýanyň arasynda gabat gelmezlik bar. Bularyň hemmesi daşky gurşawyň habardarlygyny ýokarlandyrmak meselesini gozgaýar.

Tebigatda hemme zadyň biri-biri bilen sazlaşyklydygy mälimdir. Ylmyň we tehnologiýanyň gazananlaryndan netijeli peýdalanýan adam bu sazlaşygy bozýar we oňa rehimsiz çemeleşýär. Tebigy baýlyklardan nädogry peýdalanmak: suw, ýer ekologiýany üýtgetdi. Oba hojalygy ekinlerini nädogry meýilleşdirmek, himiki dökünleri aşa köp ulanmak topragyň hasyllylygyna we adamyň saglygyna ýaramaz täsir edýär. Suw desgalarynyň kärhanalardan zäherli akymlar bilen hapalanmagy, ilkinji nobatda ýabany tebigat we ösümlik dünýäsi üçin betbagtçylykdyr. Ulaglardan çykýan tüsse howany hapalaýar. Bularyň hemmesi adamdan ekologiki medeniýeti talap edýär.

Ýatda saklamaly: 1992-nji ýylyň 9-njy dekabrynda Özbegistan Respublikasynyň «Tebigaty goramak barada» kanuny kabul edildi. Sagdyn nesil üçin döwlet maksatnamasy we ekologiki bilim düşünjesi işlenip düzüldi, «Ekosan» gaznasy döredildi, Özbegistan Respublikasynyň Oliý Mejlisi tebigaty goramak we ekologiýa boýunça zerur resminamalary kabul etdi we ekologiki iş üçin kanuny esas döretdi.

Agaçlary bikanun kesmek üçin jerime mukdary köpeldi. Bu, döwlet býudjetiniň girdejilerini artdyrmak üçin çäre ýa-da ýaşyl tebigaty gorap saklamak üçin başga bir ädimmi? Jenaýat kodeksiniň 198-nji maddasyna we Administratiw jenaýat kodeksiniň 78-nji we 79-njy maddalaryna girizilen üýtgetmeler sosial ulgamlarda giňden ara alnyp maslahatlaşylýar.

Daşky gurşaw meseleleriniň ajy netijeleri barada aýdanymyzda uzak gitmeli däldiris. Sebäbi Aral deňziniň guramagy bilen, ekologiki krizisiň netijelerine şaýat bolduk. Daşky gurşawa şeýle jogapkärçiliksiz garaýşyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

tebigat ene tarapyndan uly güýç we gahar bilen garşylanyp biljekdigini başdan geçirdik.

Kanunlaryň we düzgünleriň üýtgemegi bilen berilýän jerimeleriň köpelmegi, şübhesiz, jenaýatyň azalmagyna getirer. Sebäbi käbir jenaýatlar kämillik, ýeňillik we jeza görnüşiniň beýleki görnüşleri sebäpli çalt we gaýtalanýar. Munuň sebäbi günäkärleriň jenaýatlaryna däl-de, jezalaryna has köp gyzyklanýandyklary bilen baglanyşykly bolup biler.

Häzirki globallaşan dünýäde daşky gurşaw meseleleri adamzatdan gaçyp bilmedi. Ýaşyl tebigaty gorap saklamak üçin ilki bilen kanun tarapyndan berk goralmalydyr we düzgün bozulmalaryň öňüni almak üçin çäreler görülmelidir. Ýogsa, islendik abadanlaşdyryş we tokaý döretmek işleri ýeterlik girdeji getirmez.

Şeýle hem bu kanunyň bozulmagynyň öňüni almak üçin döwlet gözegçiliginden rugsat almagyň tertibine seretmeli. Munuň sebäbi, käbir ýagdaýlarda ilat bilgeşleýin zeper ýetirmän, möhüm zerurlyklar sebäpli eklenç üçin zerur ösümlikleri zaýalamaga mejbur bolup biler. Bu ýagdaýda bolup biljek düzgün bozulmalaryň öňüni almak üçin çäreler görülmeli. Ýagny, tokaýlaryň çapylmagynyň we gök öwüsýän ýerleriň zaýalanmagynyň sebäplerini düýpli öwrenmeli. Umuman aýdanyňda, her birimiziň daşky gurşaw medeniýeti we bar bolan serişdeleri paýhasly ulanmak ukyby bolmasa, daşky gurşaw töwekgelçiligi bilelikde ýaşar.

1. Ýurdumyzda tebigaty goramak boýunça nähili işler ýola goýuldy?
2. Döwletimiziň ýaşyl tebigaty goramak, yaşyl mekan döretmek boyunça alyp barýan çärelerine siz nähili goşant goşduňyz?

**4.2-nji ýumuş.** Aşakdaky soraglar esasynda öz pikiriňizi beýan ediň.

*1. Eger-de siz geljekde tebigatşynas alym bolsaňyz ekologiýamyzy gowulandyrmak maksadynda nähili çäreleri ýola goýardyňyz?*

*2. Siziň pikiriňizçe tebigata garynjalar köp zyýan ýetirýärlermi ýa-da ynsanlar?*



*1. Ýer ýüzünde iň aňly janzat hasaplanýan ynsanyň tebigata gatnaşygy hakynda düşünjäňizi beýan ediň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*2. Suratlardan peýdalanyp garynjalaryň tebigatymyza nähili peýdasy barlygy hakynda pikir ýörediň.*

**4.3-nji ýumuş.** Aşakdaky soraglara bolan pikiriňizi giňden beýan ediň. Goşma atlardan ýasalan ýer-ýurt atlardan peýdalanyň, olaryň ýazuw düzgünini düşündiriň.

*1. Tebigatdaky ösümlikler dünýäsi ynsanyýeti düşünýärmi, olar bilen gürleşmek mümkinmi?!*

*2. Nirede?, haçan?, nähili ýagdaýda? gyzykly, syrly, täsin zatlary görendigiňizi ýada salyň. Şonda siz nämä üns berdiňiz? Nähili netijä geldiňiz? Pikiriňizi aýdyň.*

**4.4-nji ýumuş.** Aşakdaky suratlara ilki at goýuň, soňra şol sözlerden peýdalanyp, tebigat gözelligini wasp edýän tekst glörediň.















*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4.5-nji ýumuş.** «Tebigaty goramaga wyždan bilen çemeleşeliň!» temasynda tekst orediň. Tekstiňizde ýer-ýurt atlaryndan peýdalanyň.

## GOŞMAÇA OKAMAK ÜÇIN TEKSTLER



**Dünýäniň iň ýaş ýazyjysy**

Beýik Britaniýaly bäş ýaşly gyzjagaz Bella Jeý Dark kitap ýazyp, ony öz çeken suratlary bilen hem bezäp, dünýäniň iň ýaş ýazyjysy boldy. Bu kitap «Azaşan pişik» diýlip atlandyrylýar. Kitap müňden gowrak nusgada satyldy. Eseriň nusgalarynyň ýaýramagynda ejesi çynlakaý ýardam berdi. Ejesi öz gyzyna buýsanýandygyny aýtdy. «Azaşan pişik» atly çaklaňja eserde köçede azaşyp, ýeke özüň nätanyş ýerlerde oýnamaly däldigine düşünen pişijek hakda gürrüň berilýär.

Çeňňek. Alymlar nämäniň haçan oýlanyp tapylandygyny anyklamak üçin ýa şol zadyň gadymy nusgasynyň haçan ýasalandygyny himiki usul arkaly öwrenýärler, ýa-da şol barada ýazylan maglumatlara salgylanýarlar. Emma ýazuwyň, ýagny hat ýazyp, bellik etmegiň oýlanyp tapylmagyndan ozal döredilen zatlar hem az däl. Bu bolsa, hat peýda bolmazdan ozal ulanylan guralyň näme maksat bilen döredilendigini öwrenmegi kynlaşdyrýar. Şeýle bolansoň, arheologlar saklanyp galan gurallary birleşdirip ýa-da başga ýerlerden tapylan meňzeş nusgalaryny deňeşdirip, olaryň näme maksat bilen ulanylandygyny çaklamaga synanyşýarlar. Şeýle gurallaryň biri bolan çeňňek alymlaryň pikiriçe adamzadyň ösüşine uly goşant goşupdyr.


**Kim, haçan oýlap tapdy?**

Maglumatlara görä, ilkinji çeňňekler miladydan 35 müň ýyl ozal peýda bolupdyr. Bu bolsa metallardan gural ýasalyp başlanan döwürden hem ir. Şeýle bolansoň ilkinji çeňňekler süňk, jandarlaryň şahy, agaç ýaly berk we tebigy materiallardan ýasalypdyr. Adamlar çeňňege ötürilen dürli iýmler arkaly düzüminde protein we ýag mukdary köp bolan balyklary tutupdyrlar. Ilki başdaky çeňňekler has ýöntem bolup, çalt zaýalanýan eken. Agaç çeňňekler suwda çümmeýändigi üçin az ulanylsa-da, suwuň ýüzüne golaý ýaşaýan bal-





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

yklary tutmakda has amatly hasaplanypdyr. Şonuň üçin agaçdan ýasalan çeňňekler geçen asyryň 60-njy ýyllaryna çenli ulanylypdyr.

Çeňňek adamzat taryhynda ýeterlik mukdarda täze iýmit çeşmesini tapmakda esasy oýlap tapyşlaryň biri bolupdyr. Deňizden ýa-da derýanyň, kölüň süýji suwundan balyk tutmak köp zähmet we wagt talap etmeýär. Bu bolsa, balykçylygyň irki döwürlerde ösmegine sebäp bolupdyr.



Adaty lukmançylyk garpyz we garpyz önümlerine ýokary baha berýär. Sebäbi garpyz önümleri peşew kislotasyny we şonuň bilen birlikde zäherli birleşmeleri bedenden çalt çykarmaga ýardam berýär. Bu dermanlyk häsiýet peşew ýollarynda döreýän keselleriň öňüni almaga ýardam berýär. Garpyzyň çigidi, esasan, erkek adamlar üçin has peýdalydyr. Bu önüm bedendäki mäzleriň işleýşini sazlaýar, düzüminde seleniň we sinkiň mukdarynyň köp bolmagy adenomanyň (epitelide döreýän çişler) ösmeginiň öňüni alýar we jyns işini kadalaşdyrýar.

Belok düzümi (35%) myşsa massasyny saklamak we bedeniň sarp edýän energiýasyny doldurmak üçin aminokislotanyň ýeterlik saklanýan gory hasaplanýar. Garpyz çigidinde adam üçin has peýdaly dört sany aminokislota saklanýar: triptafon, glýutam turşusy, lizin, arginin. Arginin gan basyşy kadalaşdyrýar, töwekgelçiligi peseldýär.

Garpyz çigidi görüşi gowulaşdyrýar, dyrnagyň we saçyň saglygyny goramaga ýokary derejede kömek edýär.

Garpyz çigidini çigligine iýmek maslahat berilmeýär. Gowrulan garpyz çigidiniň has peýdalydygy aýdylýar.


Garpyz çihidiniň paýdaly häsiýetleri

Garpyzyň çigidini nädip gowurmaly?

Arassalanan garpyzyň çigidini ykjam ýapylan gazanda bir ders çemesi gaýnatmaly. Soňra bolsa, ýuwup, duzlamaly we süzgüçden geçirmeli. Soňra bolsa, naharyň düýbini tutdurmaýan gazanda suwuny çekýänçä orta derejeli otda gowurmaly. Ýaýbaň gabyň içine mata ýazyp, şonuň üstüne gowrulan çigidi ýazmaly. Soňra bolsa, Gün düşýän ýerde goýmaly. Bir günden durandan soňra, çigitläbermeli. Saklamak üçin bolsa, aýna gaba salyp, agzyny ýapyp goýmaly.

Tomus möwsüminde howanyň aşa gyzmagy raýatlaryň özüni alyp barmagynda käbir kadalary berjaý etmekligi talap edýär. Gartaşan we dowamly keselleri bolan adamlara, kiçi ýaşly çagalara howanyň aşa gy-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE


Tomus pasly üçin maslahatlar

zan mahalynda daşaryk gezelenje çykmak maslahat berilmeýär. Irden ders 9:00-a çenli we öýlän howanyň salkynlaşan mahalynda – 18:00-dan soň möwsüme görä geýinmek (nah matadan tikilen açyk reňkli eşikleri), Günüň ýiti şöhlesinden goranmak üçin başgap geýmek, ýaglyk daňynmak, saýawan götermek, gözleri goraýan gara äýnek dakynmak, ýanyňyz bilen arassa suw almak maslahat berilýär.

Daşardan gyzyp, derläp gelip, salkyn öýe girilende çyg eşigiňi çalyşmagy ýatdan çykarmaly däl, howa serginledijiniň öňünde ýüzüňi, döşüňi tutup durmakdan, daşardan gyzyp gelip, sowadyjyda duran sowuk suwy içmekden, sowuk suwuň aşagyna girmekden saklanmaly.

Günüň dowamynda kadaly iýmitlenmeli, diňe bir gezek iýmek üçin taýýnlanan däneli, kösükli iýmit önümlerinden gaýnadylyp, buglanyp bişirilen gyzgyn naharlary iýmeli. Iýmitde gök önümler we miweler agdyklyk etmeli, gerekli mukdarda 2-2,5 litre çenli arassa agyz suwuny günüň dowamynda içmeli.

Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berjaý etmeli, öýüň içinde we iş ýerlerinde arassalaýyş işlerini geçirip durmaly. Otagyň penjiresini wagtal-wagtal açyp, ýelejiredip, howasyny çalşyp durmaly.

Iýmit galyndylaryny, plastiki gaplary ýörite niýetlenen ýerlere taşlamaly. Bu düzgünleri çagalarymyza-da öwredip, endik etdirmeli.

Dünýäniň täsin künjekleriniň biri-de Boliwiýanyň Eduardo-Awaroa milli goraghanasynda ýerleşýän Kolorado köl aýlagydyr. Arassa mawy asmanyň astynda gözüňi gamaşdyrýan gözelliklere baý bolan bu köl edil ertekilerdäki ýaly jadyly täsinliklerden ybaratdyr. Kolorado köli daglyk sebitde deňiz derejesinden 4278 metr beýiklikde ýerleşip, onuň tutýan meýdany 60 kilometr töweregidir. Bu kölüň iň çuň ýeri 1,5 metrden geçmeýär.

Kolorado kölüniň suwy gyzyl, melewşe, gülgüne, mämişi we gyrmyzy reňklerde üýtgäp durýar. Suwuň şunuň ýaly dürli reňkli bolmagy onuň düzümindäki çökündi mineral jynslaryň, suwotularyň pasyllara görä üýtgemeginiň netijesinde bolup geçýär. Kolorado köl aýlagy 1971-nji ýylda ýazgy edilen suw we batgalyk ýerler baradaky konwensiýanyň düzümine girizilen halkara ähmiýetli tebigy ýer hasaplanýar. Kolorado kölüniň töwereginde duş gelýän Jeýmsiň gyzylgazynyň uly topary kölüň owadanlygyna owadanlyk goşýar. Bu guşy köp ýyllaryň dowamynda alymlar


Tebigatyň owadan künjegi – Kolorado köl aýlagy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýitip giden görnüş hasaplapdyrlar, emma häzirki wagtda bu kölüň töwereginde Jeýmsiň gyzylgazynyň 30 müňe çenlisiniň ýygnanýandygy hasaba alnypdyr. Mundan başga-da bu sebit And we Çili gyzylgazlarynyň ýaşamagy üçin amatly ýerdir.

Köl aýlagynyň içinde kiçeňräk ak reňkli «adajyklar» özboluşly aýratynlyga eýedir. Bu adajyklar tetraborat natriniň dekagidratynyň ýygnanmagy netijesinde emele gelipdir.

Bu kölüň «kolorado» adynyň gelip çykyşy barada anyk maglumatlar berilmeýär. Bu at megerem iňlisçe «color» – «reňk» sözünden gelip çykan bolsa gerek.




Ajaýyp tomus paslynyň gelmegi ýurdumyzyň orta mekdeplerinde we ýokary okuw orunlarynda bilim alýan ýaşlarymyzyň tomusky dynç alyş möwsüminiň başlanmagy bilen dabaralanýar. Dynç alyş möwsümini sagdyn, şadyýan we şol bir wagtda gyzykly geçirmekde ýaşlarymyz üçin diýarymyzyň dürli künjeginde sagaldyş we dynç alyş merkezleri, sport toplumlary, medeniýet merkezleri we kitaphanalar hereket edýär. Diňe bir ýaşlaryň däl, eýsem, uly ýaşdaky adamlaryň hem dynç alyş wagtyny gyzykly we peýdaly geçirmekleri üçin kitap okamagyň täsiri hakynda käbir maglumatlary belläp geçeliň.

Kitap okamak adamyň gözýetimini giňeldýär, içki dünýäsini baýlaşdyrýar, aklynyň we ýatkeşliginiň güýçlenmegine uly täsir edýär. Mundan başga-da kitap okamak söz baýlygyňy kämilleşdirýär, bolup geçýän hadysalara dürs we aýdyň garamagyň netijesinde pikirleriňizi kämil görnüşde beýan etmeklige mümkinçilik döredýär. Munuň şeýledigine her birimiz öz mysalymyzda göz ýetirip bileris. Çeper eserleri okanymyzdan soň pikirlerimizi aýdyň beýan etmegiň, düşündirmegiň we gerekli sözleri saýlamagyň aňsat düşýändigine üns berip bileris.

Kitap okamagyň ýene bir peýdaly tarapy – ol logiki pikirlenmek ukybyny ösdürýär. Şübhelenseňiz, detektiw äheňinde ýazylan kitaplary mysal üçin Artur Konan Doýlyň «Şerlok Holmsyň başdan geçirmeleri» atly eserini okap görüň. Okanyňyzdan soň ähli ýagdaýlarda pikirlenmek ukybyňyz çaltlaşar, aklyňyz ýitileşer, synçylygyňyz gowulanar we siz okamagyň amatly we örän peýdalydygyna düşünersiňiz. Eger sizi bir zat bimaza etse ýa-da ruhuňyz çökgün bolsa kitap göwnüňizi götermäge we şähdiňizi açmaga hem kömek eder. Döredijiliginde oýlap tapyjylyk we degişme äheňini ulanýan ýazyjylary okanyňyzda, bu size






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



az salymlyk hem bolsa göwniçökgünlikden saplanmaga mümkinçilik berer. Mundan başga-da kitap biziň adamkärçilik sypatlarymyzyň we ruhy ösüşimiziň kemala gelmegine uly täsirini ýetirýär. Haýsy hem bolsa bir döredijilik eseri okalandan soň, adamlar köplenç gowy tarapa üýtgemek bilen bolýarlar.

Okamagyň peýdasy barada alymlaryň delillerini hem getirmek bolar. Olar okamagyň adam organizmini ýaş ýagadaýda saklamakda kömek edýändigini belläp geçýärler. Gartaşan adamlar bilen işleýän guramalaryň, Federal birleşikleriniň wekili Ursula Lenziň aýtmagyna görä: «Gartaşan adamlar üçin okamagyň birnäçe peýdaly taraplary bar. Birinjiden, sözleri pikir we şekil görnüşine geçirmek ukyby adamyň aň-düşünje ýöretmek wezipesine oňyn täsirini ýetirýär. Ikinjiden, okamak pikiri bir ýere jemlemäge kömek edýär. Şol sebäpli kitap okamagy uly ýaşda hem sagdyn aňa we ýatkeşlige eýe bolmagyň ähliumumy usuly hasaplamak bolar».

Okamagyň peýdasy baradaky delilleriň size kitaplar bilen gyzyklanmaga itergi berer diýip umyt edýäris.



**Köpelerň oýun oýnamagynyň peýdasy**

Angliýanyň Kembrij uniwersitetiniň alymlarynyň geçiren barlaglary çaganyň mekdebe barmanka deňduşlary bilen oýun oýnamagynyň geljekde zehin taýdan has sagdyn boljakdygyny ýüze çykarypdyr. Ýokary okuw mekdebiniň Bilim fakultetiniň bilermenleri çagalaryň deň-duşlary bilen oýnamak endiginiň zehiniň kadaly bolmagyna oňyn täsir edýändigini görkezýän delilleri tapandyklaryny belleýärler. Barlagyň çäklerinde 2003-nji hem-de 2004-nji ýyllarda Awstraliýada dünýä inen 1 müň 676 çaga baradaky maglumatlar seljerilipdir. Netijede, üç ýaşynda deň-duşlary bilen gowy aragatnaşyk saklaýan çagalaryň 7 ýaşyna baranlarynda zehin taýdan has kämil bolýandyklary anyklanypdyr. Şeýle çagalaryň deň-duşlary bilen sözüniň aňsat alyşýandygy, gödek hereketlerden saklanýandygy we duýgy taýdan kadalydygy ýüze çykaryldy.

Şeýle hem geçirilen barlagyň netijesinde oýnalýan oýnuň wagtynyň däl-de, hiliniň hem ähmiýetlidigi bellenildi. Geçirilen barlagda döredijilik talap edýän oýunlaryň, belli maksady bolan oýunlary (bölejiklerden jaý gurmak ýaly) ýa-da gizlen peçek ýaly «hyzmatdaşlyk» talap edilýän oýunlaryň has peýdalydygy bellenildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Geçilen temalar boýunça bilimiňizi synaň

| 1. Sözleriň gurluşyny, olaryň üýtgeýşini we söz toparlaryny haýsy bölüm öwredýär? | |
|---|---|
| A. Sintaksis | S. Etimologiýa |
| B. Leksikologiýa | D. Morfologiýa |

| 2. Türkmen diline has ýakyn bolan diller toparyny görkeziň? |
|---|
| A. Özbek, gazak, türk |
| B. Garagalpak, türk, özbek |
| S. Türk, özbek, garagalpak |
| D. Azerbaýjan, türk, gagauz |

| 3. Ses ýa-da harplardan düzülep, many aňladýan dil birligine näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Söz | S. Sözlem |
| B. Ses | D. Söz düzümi |

| 4. Ýer-ýurt baradaky ylma näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Leksikografiýa | S. Toponimika |
| B. Onomastika | D. Dialektologiýa |

| 5. Leksikologiýanyň dildäki has atlary öwrenýan bölüme näme diýilýär? | |
|---|---|
| A. Onomastika | S. Omonim |
| B. Sinonim | D. Antonim |

| 6. Dogry ýazylan sözi tapyň | |
|---|---|
| A. Könürgenç | S. Hojili |
| B. Ataba | D. Pagtaabat |

| 7. Edebi dile berlen dogry kesgitlemäni anyklaň? |
|---|
| A. Könelişen sözler edebi dildir<br>B. Söz ussatlary tarapyndan işlenen, halk dili |
| S. Ýerli gepleşikler we şiweler edebi dildir<br>D. Tire-taýpalaryň dili edebi dildir |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| 8. Morfologiýa nämäni öwrenýär? |
|---|
| A. Sesleri |
| B. Sözleri |
| S. Söz toparlaryny, sözleriň ýasalyşyny, üýtgeýşini |
| D. Sözlemiň gurluşyny |

| 9. Dürs ýazuw sözlügi nämäni öwredýär? |
|---|
| A. Sözleriň many-mazmunyny |
| B. Sözleriň dogry ýazylyşyny |
| S. Bir dilden başga dile terjime etmegi |
| D. Sözleriň taryhy gelip çykyşyny |

| 10. Ýönekeý sözlemler gurluşy taýynda näçe topara bölünýär? | |
|---|---|
| A. 5 | S. 6 |
| B. 8 | D. 7 |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

N 24 **Türkmen dili 10** [Tekst]: 10-njy synp üçin derslik / G.N. Nazarowa (we başg.) – Daşkent: Respublikan tälim merkezi, 2022. – 224 b.

ISBN 978-9943-8455-6-5

**UO'K 811.512.164(075.3)**
**KBK 81.2(5Tur)ya72**

*O'quv nashri*

# TURKMAN TILI

Umumiy o'rta ta'lim maktablarining
10-sinflari uchun darslik

*(Turkman tilida)*

Suratçy S. Jalyaýeva

Redaktor Ş. Ahmedowa
Suratçy-dizaýner Ş. Hodjaýew
Tehniki redaktor L. Hijowa
Korrektor A. Alymjanowa
Sahypalaýjy S. Aziztaýewa

Çap etmäge 2022-nji ýylyň 24-nji awgustynda rugsat edildi.
Möçberi $60\times84^{1}/_{8}$. Ofset kagyzy. Arial garniturasy.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 26,04.
Neşir listi 23,44. 0000 nusgada çap edildi.
Buýurma № 22-43.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kärendä berlen dersligiň ýagadaýyny görkezýän jedwel**

| T/s | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly | Dersligiň tabşyrylandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

**Derslik kärendä berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak ölçegine görä doldurulýar**

| | |
|---|---|
| Täze | Dersligiň kärendä birinji gerek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| Gowy | Sahaby bitin, dersligiň esasy böleginden aýrylmadyk. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgy we çyzgylar ýok. |
| Kanagatlanarly | Sahaby eplenen, çyzyklar çyzylyp gyralary ýyrtylan, dersligiň esasy böleginden aýrylmak halaty bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly timarlanan. Gopan kagyzlary gaýtadan bejerlen, käbir sahypalaryna çyzylan. |
| Kanagatlanarsyz | Sahaby çyzylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý kanagatlanarsyz timarlanan. Sahypalary ýyrtylan, käbirleri ýok, çyzylan, böýalan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE